**M. Babaýewa, A. Nyýazgylyjow, I. Bakyýew**

# YKDYSADY PSIHOLOGIÝA

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 378 + 159.9 : 33
B 20

**Babaýewa M. we başg.**
**B 20** **Ykdysady psihologiýa.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.:Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

Ykdysady psihologiýa dersi boýunça okuw kitaby ykdysady ulgamyň dürli ugurlary boýunça taýýarlanylýan hünärmenler üçin niýetlenendir. Bu okuw kitabynda ykdysadyýetde özüňi alyp barmagyň işewür görnüşleri, ykdysady subýektiň özüni alyp barşynda ähmiýet berýän delilleri, durmuş gymmatlyklary, durmuş kadalary barada giň düşünje berilýär. Psihologiýa ylmynyň täze pudagy bolan ykdysady psihologiýa boýunça alnan bilimler dünýä ülňülerine laýyk gelýän ykdysatçy hünärmenleri taýýarlamakda, şeýle-de talyplaryň giň dünýägaraýyşly, işlerine ussat hünärmenler bolup ýetişmekleri üçin uly mümkinçilikleri döredýär.

TDKP № 324, 2017 KBK 88.65 ýa 73

© M. Babaýewa we başg., 2017.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Ykdysady psihologiýa dersi boýunça okuw kitaby taýýarlanylanda talyplaryň bu ylym boýunça kesgitli biliminiň barlygyndan ugur alyndy. Sebäbi ýaşyna garamazdan, her bir adam ömrüniň dowamynda psihologik hadysalary we prosesleri başdan geçirýär. Kesgitli jemgyýetiň agzasy bolmak bilen, adam dürli häsiýetli gatnaşyklaryň subýekti bolup çykyş edýär. Psihologiýa ylmynyň iň gyzykly tarapy onuň adam durmuşyna häsiýetli bolan ýagdaýlary öwrenýändigi, ýagny durmuş hakykatynyň obýekti bolup çykyş edýändigi bilen tapawutlanýar. Bu ylmyň esasy wezipesi adamyň özüni alyp barşyndaky aýratynlyklary, toparda ýa-da jemgyýetde bolup geçýän ýagdaýlary, hadysalary, ahwallary düşündirmekden, olaryň sebäplerini we netijelerini ylmy usullar arkaly aýdyňlaşdyrmakdan ybaratdyr.

Dünýä ykdysadyýetiniň globallaşýan şertlerinde milli ykdysady ulgamy sazlaşykly ösdürmek, ony hil taýdan täze derejelere ýetirmek üçin giň gözýetimli, ylmyň dürli ugurlaryndan ýeterlik bilimi bolan ykdysatçy hünärmenleri taýýarlamakda ykdysady psihologiýa dersiniň çäklerinde berilýän düşünjeler çylşyrymly gatnaşyklaryň sebäplerini beýan etmekde, ýüze çykýan bökdençlikleri aradan aýyrmakda ýardam beriji güýç bolup hyzmat edýär.

«Döwürden yza galman, wagt bilen deň gadam basmak» ýörelgesine eýerip, dünýä tejribesinde uly intellektual güýji emele getirýän döwrebap ylymlary öwrenmek, şol bir wagtda olaryň berýän ägirt uly mümkinçiliklerinden peýdalanmak Türkmenistanyň ylmy kuwwatynyň artmagyna getirýär. Bu ýagdaý ylmyň, hakykatdan-da, uly gymmatlykdygyna, onuň täze gymmaty emele getiriji güýçdügine ýene-de bir gezek güwä geçýär. Hormatly Prezidentimiziň: «Türkmenistan ýagdaýlaryň we üstünliklere tarap ädimleriň toplumyny utgaşdyrýan iň öňdebaryjy dünýä tejribesini özüne siňdirip, häzirki zaman jemgyýetiniň hakyky gymmatlygynyň baýlyklarda däl-de, eýsem adamlardadygyny, olaryň bilimindedigini, hünär derejesindedigini we zähmetleriniň netijesindedigini ilkibaşda özüne, soňra bolsa beýlekilere subut etdi» diýen sözleri milli baýlygy döretmekde adam zähmetiniň uly

orun tutýandygyny görkezýär. Ýurdumyzda innowasion ykdysadyýetiň ösdürilmegi adam işjeňligi, psihologiýasy, onuň ykdysadyýetde özüni alyp barşy bilen bagly meseleleriň düýpli öwrenilmegini şertlendirýär[1].

Şu okuw kitabynyň çäklerinde seredilip geçilen meseleler ykdysadyýetiň esasy öndüriji güýçleriniň biri bolan subýektleriň arasynda ýüze çykýan gatnaşyklara, olaryň häsiýetlerine baha bermäge mümkinçilik berer. Olaryň tejribede giňden ulanylmagy ykdysady netijeliligiň ýokary derejesini gazanmaga ýardam berer.

Bu okuw kitaby diňe bir ykdysadyýeti dolandyrmaga gatnaşýan hünärmenler üçin niýetlenmän, eýsem, ykdysady gatnaşyklaryň subýektleri bolup çykyş edýän her bir hünärmeniň, işgäriň beýleki taraplar bilen öz gatnaşyklaryny dogry guramaklary üçin zerur bolan psihologik düşünjeleri, hadysalary, prosesleri özleşdirmekde uly mümkinçilikleri döredýär.

Ykdysady psihologiýa dersi boýunça taýýarlanan okuw kitaby geljekde ykdysadyýetiň dürli ugurlary boýunça hünärleri ele aljak hünärmenlere niýetlenendir. Milli ykdysadyýetiň durnukly we sazlaşykly ösmegini üpjün etmek üçin, ilkinji nobatda, durmuş hakykatynyň dürli ugurlary boýunça düýpli bilimi bolan ykdysatçy hünärmenleri taýýarlamak zerurdyr. Hususan-da, adam mümkinçilikleriniň ähmiýetiniň artýan döwründe hünärmenlere ykdysady çygyrda ýüze çykýan adam gatnaşyklarynyň aýratynlyklary barada zerur bilimleri bermekde ykdysady psihologiýa ylmy özünde uly mümkinçilikleri jemleýär.

Türkmen ykdysadyýetiniň bazar gatnaşyklaryna geçmegi şol gatnaşyklaryň subýektleri bolup çykyş edýän adamlarda özüni alyp barmagyň dürli nusgalarynyň kemala gelmegine täsir edýär. Ykdysady gatnaşyklaryň häsiýeti, köp babatda, şol gatnaşyklary emele getirýän adamlaryň şahsyýetine, olaryň durmuş gymmatlyklaryna, ykrar edýän durmuş kadalaryna bagly bolup durýar. Bu meseleleri öwrenmek bilen bir hatarda ykdysady psihologiýa dersiniň esasy wezipeleri aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Ykdysady taýdan özüňi alyp barmagyň görnüşleriniň dürli-dürlüdigine göz ýetirmek;

---

[1] *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I tom. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. – 8 sah.

2. Hojalyk işjeňligini kesgitleýän psihologik ýagdaýlaryň mazmunyny açyp görkezmek we olary seljermegi başarmak;

3. Zähmet işjeňliginiň psihologik esaslary barada düşünje bermek;

4. Özüňi alyp barmagyň işewür görnüşleriniň aýratynlyklaryna baha bermek;

5. Telekeçilik işi bilen meşgullanýanlaryň psihologik aýratynlyklarynyň emele gelmegine täsir edýän şertleri öwrenmek;

6. Türkmen mentalitetiniň aň bilen baglanyşykly elementleriniň ykdysadyýetde ýüze çykyşy baradaky düşünjeleri özleşdirmek.

Ykdysady psihologiýa dersi boýunça okuw kitaby ykdysady taýdan özüňi alyp barmagyň psihologik aýratynlyklary barada düýpli bilimleri berýär.

Özüňi alyp barmagyň adaty görnüşinden başlap, onuň çylşyrymly görnüşi bolan ykdysady syýasatyň mazmunyna giňden garalyp geçilýär. Bu dersiň çäklerinde talyplar ykdysady taýdan özüňi alyp barmagyň psihologik esaslary, onuň işewür görnüşleri, sarp edijiniň özüni alyp baryş aýratynlyklary barada bilimleri alarlar. Şeýle-de adam gatnaşyklarynda uly ähmiýet berilýän «adamlar bilen hyzmatdaşlyk etmäge bolan psihologik taýýarlygyň» esaslary öwrenilende, berlen görkeziji boýunça talyplaryň öz aň derejesini kesgitlemek üçin psihologik testler hödürlenýär. Ykdysady psihologiýa ylmynyň çäklerinde berilýän esasy düşünjeleri özleşdirmekde psihologik testleriň ähmiýetiniň uludygy ylymda subut edilen hakykatdyr. Şundan ugur alyp, okuw kitabynyň mümkin boldugyça ähli bölümlerinde öwrenilýän psihologik meselä degişli testler ulanylmaga çalşyldy. Şol bir wagtda talyplarda emele gelen psihologik düşünjeleri berkitmek maksady bilen, her bölümiň soňunda gaýtalamak üçin soraglar berildi.

Umuman, jemgyýetçilik ösüşiniň täze şertlerinde dünýä ülňülerine laýyk gelýän ykdysatçy hünärmenleri taýýarlamak meselesi häzirki döwrüň möhüm meselesine öwrülýär. Ykdysady taýdan ösen ýurtlar bilen dürli ugurlardaky hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagy şol gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge borçly bolan ykdysatçy hünärmenleriň taýýarlyk derejesine bolan talaby has-da güýçlendirýär. Ykdysady psihologiýa dersi boýunça taýýarlanylan şu okuw kitaby dünýä derejesine gabat gelýän milli ykdysatçylary taýýarlamakda ähmiýetlidir.

# I BAP

# PSIHOLOGIÝA YLYM HÖKMÜNDE

## 1.1. YLMY TAÝDAN AKYL ÝETIRMEGIŇ USULYÝETI

«Psihologiýa» adalgasy birnäçe manyny aňladyp, ol adaty aň tarapyndan ylmy we adaty durmuşy psihologik bilimleri öz içine alýar. Çünki psihologiýa ylmynyň ýüze çykyş taryhyndan belli bolşy ýaly, ol ilkibaşda «jan baradaky ylym», soňra «aň hakyndaky ylym», has soňrak bolsa «özüňi alyp baryş hakyndaky ylym» hökmünde häsiýetlendirilmegi onuň öwrenýän predmetiniň has giňdigini görkezýär.

Her bir ylmy dersiň öz öwrenýän predmeti we barlaglarynyň usullary, olaryň düşünjeleri we usulyýet apparatlary bolup, sebäpleri beýan etmegiň kesgitli ýörelgelerine daýanýar. Psihologiýa adamyň özüni alyp barşyny, şeýle-de anyk adamlaryň hem-de adam toparlarynyň psihologik aýratynlyklaryny düşündirmek üçin zerur bolan bilimleri özünde jemlemek bilen, bu ylym daşyndan syn etmek usuly arkaly düşünip bolmaýan içki, gizlin düzümleri we prosesleri öwrenýär. Köp pudakly ylym hökmünde psihologiýa 2 sany bölekden ybaratdyr, ýagny:

– birinjiden, düýpli psihologiýa ýa-da ol başgaça fundamental psihologiýa diýlip hem atlandyrylýar. Psihiki işiň hakyky maglumatlaryny, mehanizmlerini we kanunlaryny anyklamak düýpli psihologiýanyň maksadyny düzýär;

– ikinjiden, amaly ugrukmaly psihologiýa psihiki hadysalary we halatlary tebigy şertlerde öwrenýär we fundamental ylmyň bilimlerini takyk ýagdaýlarda hem-de şertlerde ulanmaga çalyşýar.

Amaly ugrukmaly psihologik bilimleriň çäklerinde giňden ýaýran psihologiýa düýpli we amaly ugrukmaly bilimleri okyjylaryň giň

köpçüligine hödürläp, olary ýönekeýleşdirýär we ylmy, hünär ähmiýetli adalgalary ulanmakdan daşda durýar. Bu rus alymy L.Wygotskiý tarapyndan düýpli öwrenilen «adaty durmuşy psihologiýanyň» esaslary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Psihologiýanyň giňden ýaýran bu görnüşiniň oňyn häsiýeti bolup, ol adaty bilimleriň umumy psihologik medeniýetini kemala getirmekde uly orun tutýar we ylmy ders hökmünde oňa köpçüligiň ünsüni çekmäge mümkinçilik döredýär. Adamlaryň öz gündelik durmuşlarynda ulanýan adaty psihologiýasy islendik adaty bilimlere mahsus bolşy ýaly, populýar psihologiýanyň esasynda tötänleýin emele gelip, ylmy psihologiýanyň maglumatlaryny ýoýmak bilen dini, etniki we medeni ýörelgeleri umumylaşdyrýar. Adaty psihologiýa ylmy we gündelik durmuşda ulanylýan adalgalary, dini düşünjeleri garyşdyrmak häsiýeti mahsusdyr. Adaty bilimler däp-dessurlaryň esasynda kemala gelip, olar ýönekeý dilde «adaty durmuşy pähim» diýlip häsiýetlendirilýär.

Ylmy we adaty durmuşy psihologiýanyň arasyndaky bar bolan tapawutlary görkezmek maksady bilen ýokarda geçirilen deňeşdirme adaty bilimleriň ylmy bilimleri kemala getirmegiň talaplaryna, ýörelgelerine we kadalaryna gabat gelmeýändigine şaýatlyk edýär. Netijede, ol ylmy ders hökmünde psihologiýanyň düzümine gelip çykyşy, kemala gelşi, obýektiwligi boýunça hem gabat gelmeýär. Ýöne bu netije adaty bilimleriň aýrylmaz bölegi bolan adaty psihologiýanyň ýokary bahasyny peseltmeýär.

Ylmy taýdan akyl ýetirmegiň aýratynlyklary bilen bagly bolan meseleleri we akyl ýetirmegiň beýleki tejribelerinden onuň tapawutlaryny öwrenmek ylmyň iň ýaş pudagy bolan psihologiýa ylmy üçin has-da möhümdir.

Şu okuw kitabynyň esasy maksadynyň ykdysady psihologiýa degişli bolan meseleleri öwrenýändiginden ugur alyp, psihologiýa ylmynyň bu pudagynyň amaly ugrukmaly psihologiýada garalýan meseleleriniň häsiýetlerine gabat gelmegi, şeýle-de düýpli psihologiýanyň bilimleriniň kesgitli şertlerde ulanylmagy onuň amaly ýa-da tejribe ähmiýetli psihologiýa degişli edilmegine esas döredýär. Sebäbi şahsyýetiň ykdysady özüni alyp barşynyň kesgitli modeli subýektiw we obýektiw sebäpleriň esasynda kemala gelmegi, ýagny birnäçe daşky we içki güýçleriň täsir etmegi netijesinde ýüze çykmagy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

## 1.2. PSIHOLOGIÝANYŇ PREDMETI WE USULLARY

Psihologiki barlagyň predmeti bolup subýektiň düzümi we onuň dünýä bilen aragatnaşygy netijesinde ýüze çykýan prosesler çykyş edýär. Subýekt bitewi düzümden ybarat bolup, ol amala aşyrylan özara hereketleriň modelini özünde jemleýär.

Häzirki döwürde umumy ylmy gymmatlyklara we kadalara laýyk gelýän eksperimental-rekonstruktiw usuly umumy psihologik usul hökmünde görkezmek bolar. Onuň eksperimental häsiýeti çaklamalary diňe tejribe arkaly barlap bolýandygy bilen şertlendirilse, onda rekonstruktiw tarapy bitewi ulgamyň aýratyn düzüm böleginiň häsiýetiniň galan beýleki böleklere baglylykda ýüze çykýandygy bilen delillendirilýär.

Usulyýet – bu akyl ýetirişiň umumy usuly bolup, sözüň belli bir manysynda ol «filosofiki çemeleşme bilen ugurdaş» düşünje hasaplanylýar.

Usul – bu barlanylýan predmetiň dürli taraplaryny häsiýetlendirmäge mümkinçilik berýän amallaryň (operasiýalaryň) we gurallaryň anyk toplumy bolup, ol ylmyň predmeti barada takyk maglumatlary almagyň täridir. Psihologik barlagyň obýektiniň öwrenilýän kesgitli taraplaryna, ýagny subýektiň ösüşini we onuň daşky dünýä bilen baglanyşygyny üpjün edýän düzümlere we proseslere laýyk getirmek usulyýeti tertipleşdirmegiň esasy bolup çykyş edýär.

**Psihologiýa** – **bitewi ylmy ders**. Pudaklarynyň köpdügine garamazdan, psihologiýanyň bitewüligi onuň predmetiniň we usullarynyň bitewüliginden gelip çykýar. Dürli pudaklar we dürli paradigmalar psihologiýa ylmynyň bitewi predmetiniň dürli taraplaryny bitewi usullara laýyklykda dürli usulyýeti ulanmak bilen işläp düzýärler. Psihologiýa ylmy derejäniň berilmegi onuň akyl ýetiriş ýörelgeleriniň we usullarynyň umumy ylmy esaslara laýyk gelýändigi bilen baglanyşyklydyr.

**Paradigma** – bu haýsydyr bir hadysany, ony öwrenmegiň durnukly usulyny beýan etmegi aňlatmak bilen, onuň kognitiw, bihewioral we psihodinamiki görnüşleri tapawutlandyrylýar.

Özbaşdak ylmy ders hökmünde psihologiýanyň predmetiniň öz aýratynlygy bolup, ol beýleki dersleriň öwrenýän predmetlerinden tapawutlanýar. Psihologiýanyň möhüm meselelerini beýleki derslerden üzňe öwrenip hem, çözüp hem bolmaýar. Şol sebäpli şu okuw kitabynyň ykdysady psihologiýanyň düýpli meseleleri bilen baglanyşyklydygyny nazara alyp, bu ýaş ylmy pudagyň meseleleri öwrenilende häzirki döwürde meşhur bolan psihologik ylmyň birnäçe pudaklarynda jemlenen bilimleri ulanmak maksadalaýyk hasap edildi.

Ykdysady psihologiýanyň düzüm bölekleri aşakdakylardan ybaratdyr:




*1-nji şekil.* ***Ykdysady psihologiýa ylmynyň düzüm bölekleri***

Bu nukdaýnazar aşakdaky deliller bilen şertlendirilýär:

Birinjiden, adam ilkinji nobatda durmuş ýagdaýlarynyň esasynda kemala gelýän subýektdir. Onuň durmuş taýdan ösüş derejesine maşgala, jemgyýet, mekdep, daşyny gurşap alýan adamlar täsir edýär.

Ýagny kesgitli toparyň wekili hökmünde şahsyýetiň ykdysady özüni alyp barşynyň kesgitli modeli işlenilip düzülýär, ýöne ykdysady bäh-

bitler topar bilen gatnaşyklarda kesgitleýji däldir. Şol sebäpli şahsyýetiň bu häsiýetiniň mazmunyna düşünmek üçin umumy psihologiýanyň möhüm pudaklarynyň biri bolan sosial psihologiýanyň esaslary baradaky düşünjeleri talyplara bermek makul bilindi.

Ikinjiden, zähmet işjeňliginiň psihologiýasynyň esaslarynyň bu okuw kitabynyň düzümine girizilmegi, ilkinji nobatda, türkmen jemgyýetinde giň möçberde alnyp barylýan durmuş-ykdysady we ylmy-tehniki özgertmeler bilen baglanyşyklydyr. Ykdysady ulgamda subýektiň özüni alyp barşyna zähmet bilen baglanyşykly prosesler, ýagny şahsyýetiň ýaş we jyns aýratynlyklary, zähmete bolan ukyby, hünär we ussatlyk derejesi we ş.m. täsir edýär. Netijede, ylmyň bu pudagynyň esasy düşünjeleri ykdysady psihologiýa degişli meseleleriň esaslaryny geljekki ykdysadçy hünärmenlere düýpli düşündirmäge ýardam berýär.

# II BAP

# YKDYSADY PSIHOLOGIÝA PSIHOLOGIÝA YLMYNYŇ PUDAGY HÖKMÜNDE

## 2.1. YKDYSADY PSIHOLOGIÝANYŇ ÝÜZE ÇYKYŞ TARYHY

Sarp edijiler, salgyt töleýjiler, telekeçiler we beýleki ykdysady gatnaşyjylar bolup geçýän ykdysady wakalary kabul etmek we olara baha bermek, şeýle-de geljekki ösüşleriň öz garaşýan netijelerine laýyk gelmegi bilen öz çözgütlerini esaslandyrýarlar.

Ykdysady gatnaşyklarda adamyň özüni alyp barşyna düşünmekde we üstünlikli ykdysady syýasaty işläp düzmekde ykdysady psihologiýanyň orny örän uludyr. Ykdysady ylymda ykdysady nazaryýeti we psihologiýany baglanyşdyrmak ugrunda alnyp barlan işler XVIII-XIX asyrlara degişlidir. Gymmatyň zähmet nazaryýetini döretmek bilen A.Smit «Sarp edijilik gymmaty» diýen düşünjäni girizýär. Ol subýektiw nukdaýnazaryndan harydyň peýdalylygyndan ugur alýar.

Köplenç ýagdaýda psihologik ýa-da marginal mekdep diýlip atlandyrylýan syýasy ykdysadyýetiň awstriýa mekdebiniň wekilleri, ýagny K.Menger we onuň yzyny dowam etdirijiler ösüp barýan psihologiýa ylmynyň gazananlaryna daýanman, ykdysady nazaryýeti kämilleşdirmäge çalyşýarlar. Olar fundamental ykdysadyýete «çäklendirilen peýdalylyk» we «mümkinçilikleriň bahasy» diýen adalgalary girizýärler. Mekdebiň wekilleriniň pikirleri boýunça her bir adam ykdysady çözgütleri kabul edende çykdajylar we girdejiler babatyn-

da öz subýektiw düşünjelerine salgylanýar. Şonda olar «özleri üçin peýdalylygy» artdyryp, çykdajylary mümkin boldugyça azaltmaga çalyşýarlar. Bu akymyň wekilleri «ykdysady adam» diýen düşünjäni esaslandyryjylar diýlip hasaplanylýar we häzirki döwürde hem olaryň öňe süren pikirleri öwrenilýär. Şol bir wagtda U.S.Jewons (Jevons W.S.,1871) K.Mengerden aýratynlykda D.Bernulliniň matematiki nazaryýetine salgylanyp, peýdalylygyň ykdysady nazaryýetini işläp düzýär. Ol ykdysadyýeti kanagatlanmalaryň we adam durmuşynda başdan geçirilýän dürli häsiýetli agyr ýagdaýlaryň netijesi diýip häsiýetlendirýär. Garaşylýan peýdalylygyň nazaryýeti soňra J.Neýman we O.Morgenştern tarapyndan kämilleşdirilýär we ösdürilýär. Olaryň «Oýunlaryň nazaryýeti we ykdysady özüňi alyp baryş» diýen eserleri şu güne çenli neoklassyk ykdysatçylaryň gündelik kitabyna öwrüldi (Neýman J., Morgenştern O., 1970).

Wagtyň geçmegi bilen köp ykdysady ugurlaryň wekilleri psihologik sebäpleriň möçberini hasaba almagyň zerurlygyny belleýärler. Sebäbi başgaça hojalyk gatnaşyklarynda adamyň özüni alyp barşyny düşündirmegiň we ony öňünden görmegiň kyn düşýändigini nygtaýarlar. Ýöne psihologik adalgalaryň ulanylyş ýagdaýy adaty durmuşy pähiminiň derejesinde galýar.

Psihologiýa ylmy uzak wagtyň dowamynda ykdysady ugurda adamyň özüni alyp barşyny öwrenmeklige ýörite girişip bilmedi, ýöne psihologik nukdaýnazardan adam durmuşynyň bu tarapyna göz ýetirmäge çalyşmak psihologiýanyň ylym hökmünde ýüze çykan günlerinden başlapdy.

Fransuz sosiology G.Tard (Tarde G.,1902) özüniň «Ykdysady psihologiýa» atly 2 tomluk işinde bu adalgany ilkinji bolup 1881-nji ýylda ulanandygyny tassyklaýar.

Tardyň pikiri boýunça, ykdysady psihologiýa ykdysadyýetiň psihologik esaslary bilen iş salyşýar. Ol adamyň jemgyýetde kemala gelýändigini belläp, onuň adamlaryň arasynda ýüze çykýan gatnaşyklaryň ykdysady özüňi alyp barşyň nazaryýeti üçin zerur binýady emele getirýändigini nygtaýar. Durmuş hadysalaryny syn etmek

arkaly öwrenip, olardan many çykarmagyň we olara düşünmegiň esasynda ol öz «ykdysady nazaryýetiň esaslaryna laýyk gelýär» diýen pikirini öňe sürýär. G.Tardyň «Öýkünmegiň kanunlary» atly meşhur kitaby (1890 ý.) sosiologik ugurda ýazylan eser hökmünde tanalýar. Köp wagtyň dowamynda ykdysady psihologiýa ylmy boýunça döredilen bu iş ünssüz galýar we diňe amerikan sosiologik žurnalda E.K.Hýugyň makalasynyň çap edilmegi bilen oňa bolan hyrydarlyk artýar. E.Hýugyň bellemegine görä, Tardyň şol döwürde aýdan pikirleriniň häzir hem döwrebap ýaňlanýandygyny we ol öz empiriki tassyknama eýe bolandygyny nygtaýar. Ol Tardyň «dynç alyş» we «sarp etmek sungaty» ýaly görkezijileriniň «zähmet» diýen ykdysady ululykdan wajyplygy boýunça pes däldigini nygtap geçendigini belleýär.

Sosioykdysadyýet-ykdysady özüňi alyp barşyň kanunalaýyklyklary düşündirilende psihologik, sosiologik, medeni we antropologik häsiýetli bilimlere daýanylýar. Ol özbaşdak bolmak we durmuşy özüňi alyp baryş, çözgüt kabul etmek we deňeşdirmek proseslerinde, şeýle-de özüňi alyp barmagyň kadalaryny we gymmatlyklaryny öwrenmekde ulanylýar.

Ykdysady psihologiýanyň fransuz akymynyň has meşhur wekilleri – P.L.Reýno we P.Albu köp işleri bitiren alymlardyr. Reýno bilimi boýunça ykdysatçy bolup, ol «mental energiýa» diýen düşünjäni ykdysady ösüşiň dinamikasyny düşündirmekde ulanýar.

Ykdysady ösüş kesgitlenilende esasy sebäp hökmünde diňe zähmeti we kapitaly ulanmagyň ýeterlik däldigini, şunuň bilen baglylykda «adam faktorynyň» uly ähmiýete eýedigini belläp geçýär. Ol delillendirme bilen baglanyşykly şertleriň orta derejesini ölçemäge (mezo-dereje) we olaryň görkezijilerini işläp düzmäge çalyşýar. P.Albu, P.Reýno ýaly alymlar guramaçylyk we industrial psihologiýany ykdysady psihologiýanyň düzümine girizipdirler. Olaryň pikiri boýunça, ykdysady özüňi alyp baryş zähmetden we sarp etmekden ybarat bolup durýar. Bu ylmy işde «sarp etmek» adalgasynyň ösüşine aýratyn üns berilýär.

2. Sargyt № 2670

ABŞ-da «ykdysady psihologiýa» adalgasy 1940-njy ýyllaryň başlarynda J.Katon tarapyndan ylmy dolanyşyga girizildi. Ol ykdysatçylar we sosiologlar bilen bilelikde psihologik nazaryýeti we usullary ykdysady meseleleri öwrenmek üçin peýdalanyp başlaýar. Onuň ykdysady psihologiýa goşan goşandy sarp edijiler bilen yzygider sorag-jogap geçirip, şol barlaglaryň netijesinde zerur maglumatlary almaklygy başarandygy bilen baglanyşyklydyr. Hususan-da, makroykdysady görkezijileri statistiki maglumatlar bilen utgaşdyryp, psihologik usullaryň esasynda sarp edijileriň ykdysady höweslendirmelere bolan garaýyşlaryny düşündirýär we şol garaýyşlaryň takmynan nähili boljakdygyny öňünden kesgitlemegiň mümkinçiliklerini açyp görkezýär.

Katon ykdysady psihologiýanyň esasy pikirleriniň birini öňe süren alym hasap edilýär, ýagny satyn almak hakyky satyn alyp bilijilik ukybyndan, şeýle-de satyn almaklyga bolan islegden ybaratdygyny belleýär. Onuň pikirine görä, ykdysady barlaglary geçirmekde, şeýle-de ykdysady hereketlerde, çözgütlerde we saýlap almakda psihologiýanyň wezipesi ykdysady prosesleriň aňyrsynda ýatan güýçleri ýüze çykarmakdan we olary seljermekden ybaratdyr.

Möhüm ykdysady prosesleri ykdysady psihologiýanyň özbaşdak, ýeterlik derejede düşündirip bilmeýşi ýaly, psihologiýa hem ykdysady düşünjeleri ulanman, adamyň özüni alyp barşyna degişli birnäçe umumy häsiýetleri düşündirip bilmeýär. Şunuň bilen baglylykda öz işlerinde Katon «ykdysady psihologiýa» we «psihologiki ykdysadyýet» diýen adalgalary bir-biri bilen çalşyp bolýan adalgalar hökmünde seredip geçýär. Ýöne 1975-nji ýylda özüniň döreden esasy eserinde ony «psihologiki ykdysadyýet» diýip atlandyrypdyr we ondan soňky barlaglaryň häsiýetine has gabat gelýän düşünje hökmünde «özüňi alyp barşyň ykdysadyýeti» diýen düşünje bilen çalşypdyr (Katona G., 1951, 1975, 1979, 1980).

Häzirki döwürde psihologiýa ylmynyň gazananlaryny ykdysady barlaglara girizmekde iki sany ugry bellemek bolar. Birinjisi sosioykdysadyýet diýlip atlandyrylýar we bu ugruň ösmegi üçin köp iş bitiren alym hökmünde A.Etrionini (Etrioni A.,1988) görkezmek bolar.

Sosioykdysadyýet ykdysadyýetiň bir görnüşi hökmünde häsiýetlendirilse ýalňyş bolmaz.

Ikinji ugur bolan ykdysady psihologiýa ykdysady ylmyň düýpli özgermegine getirmän, eýsem, ykdysady taýdan çemeleşmeler işlenilip düzülende adamyň psihologiýasyny göz öňünde tutmagy, ýagny ykdysady özüňi alyp barmak bilen baglanyşykly barlaglarda psihologik bilimlerden we adalgalardan peýdalanmagy teklip edýär. Bu ugruň wekilleri ykdysatçylardan we psihologlardan ybaratdyr. Olar tejribeden gelip çykýan wezipelere dogry düşünip, adamlaryň hakyky bolşuny düşündirmäge we olaryň durmuş hakykatyny beýan etmäge çalyşýarlar.

## 2.2. YKDYSADY PSIHOLOGIÝANYŇ PREDMETI WE BARLAGLARYŇ UGURLARY

Mazmuny boýunça ykdysady psihologiýa ykdysady ylym bilen, şeýle-de psihologiýa bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Olaryň esasy tapawudy ykdysady meseleler we adamyň özüni alyp barşy öwrenilende, bu ylymlarda dürli çemeleşmeleriň bardygyndan ybaratdyr.

Ykdysatçylar öz eksperimental barlaglaryny geçirenlerinde olaryň nazaryýetine we garaşylýan peýdalylyk nazaryýetine esaslanýarlar. Ykdysady nazaryýetiň esasy üýtgedilmesiz hakykat diýip ykrar edýän düşünjesi – bu «ykdysady düşünjeli adam» pikiri bolup durýar. Şonda ykdysady özüňi alyp barşyň esasy motiwasiýasy öz girdejilerini ýokarlandyrmakdan we çykdajylary azaltmakdan, şeýle-de çykdajylaryň we girdejileriň has sazlaşykly baglanyşygyny gazanmakdan ybaratdyr. Ykdysady sebäpler ykdysady özüňi alyp barşyň binýatlyk we ýeke-täk amaly esasy hökmünde kabul edilýär.

- **Ykdysady psihologiýa** – ykdysady özüňi alyp barşyň esasyny düzýän mehanizmleri we prosesleri öwrenýän dersdir.
- **Ykdysady özüňi alyp baryş** adamyň özüni alyp barşyna degişli bolup, ol ykdysady çözgütleri kabul etmekden, şeýle-de ykdysady çözgütleriň esaslaryny we onuň netijelerini kesgitlemekden ugur alýar.

Ozal ýüze çykarylan umumy kanunalaýyklyklardan çala gyşarmak ýol berilmesiz meseleleriň biri diýlip hasap edilýärdi. Soňky döwürde ykdysatçylar hakyky durmuşda şahsyýetiň özüni alyp barşynyň köp görnüşleriniň bardygyny boýun alýarlar. Psihologik ylymda hemmeler tarapyndan kabul edilen ýeke-täk nazaryýetiň ýokdugy aýratyn bellärliklidir. Psihologik nazaryýetiň esasy wezipesi takyk empiriki maglumatlardan gelip çykýan mazmuny düşündirmekden ybaratdyr. Dürli barlag çeşmelerini we usullaryny ulanýan birnäçe ylmy mekdepler bardyr. Şol sebäpli psihologik häsiýetli barlaglar emele gelen ýagdaýlaryň, adamlaryň we olaryň bolşuna täsir edýän ululyklaryň arasyndaky tapawutlary ýüze çykarmaga we olaryň üstünde aýratyn durup geçmäge mümkinçilik berýär.

Ykdysady özüňi alyp baryşda ykdysady sebäpleriň tutýan ornuny kemeltmän, olaryň adam psihologiýasyna edýän täsirini belleýärler. Netijede, psihologik sebäpleriň edýän täsirini bilmän, hakyky ykdysady ýagdaýlarda adamlaryň özlerini alyp baryşlaryny düşündirmek we onuň nähili boljakdygyny öňünden görmek mümkin däldir.

Şeýlelikde, ykdysady psihologiýanyň ykdysady ylma garanyňda psihologiýa bilen birnäçe meňzeşliginiň bardygy ýüze çykýar. Bu ylmyň çäklerinde geçirilýän barlaglar empiriki taýdan syn etmeklige we maglumatlaryň seljermesine daýanýar. Hut şu esasda ol öz nazaryýetini gurýar.

«Ykdysady psihologiýa» adalgasynyň «ykdysady» sözi onuň çäkli serişdeler bilen iş salyşýandygyny (wagtyň, puluň, güýçleriň sarp edilmegini we olaryň tygşytlanylmagyny) aňladýar. Şeýle hem ýerine ýetirilýän iş we bu işiň netijeleri pul arkaly aňladylýar.

Seredilip geçilýän adalganyň ikinji ýarymyny emele getirýän «psihologiýa» sözi bolsa adama mahsus bolan akyl-paýhas, erk-ygtyýar, duýgular bilen birlikde toplan tejribesi bilen onuň özüni alyp barşynyň arasyndaky bar bolan baglanyşygy görkezýär.

Ykdysady psihologiýa boýunça Halkara assosiasiýasynyň wekilleriniň kabul eden kesgitlemesine görä, **ykdysady psihologiýa** – bu ykdysadyýetde özüňi alyp barmagyň esasyny düzýän psihologik mehanizmleri we prosesleri öwrenýän ylymdyr.

**Ykdysady özüňi alyp barmak** – bu adamyň özüni alyp barşyna degişli bolup, ol ykdysady çözgütleri kabul etmekden, şeýle-

-de ykdysady çözgütleriň esaslaryny we onuň netijelerini kesgitlemekden ugur alýar.

Ykdysady psihologiýa çözgütleri we olara täsir edýän sebäpleri, şeýle-de şol çözgütleriň ony kabul edýän adamlaryň isleglerini nähili derejede kanagatlandyrýandygyny we olaryň getirýän netijelerini öwrenýär. Mundan başga-da ol daşky ykdysady hadysalaryň adamyň özüni alyp barşyna we onuň durmuş derejesine edýän täsirine aýratyn üns berýär. Bu barlaglar dürli derejelerde: öý hojalygynyň we özbaşdak sarp edişiň derejesinden makroderejä çenli geçirilýär.

1981-nji ýylda F.Wan Raaý ykdysady psihologiýanyň barlag üçin niýetlenen meseleleriniň işläp düzülişiniň çyzgysyny teklip edipdir (2-*nji şekil*). Bu şekilde mümkin bolan barlaglaryň sanawy getirilýär.




*2-nji şekil.* ***F.Wan Raaýyň ykdysady psihologiýasynyň çyzgysy***

E→P/E – adamlaryň ykdysady hakykatyň dürli taraplaryny we sebäplerini kabul edişlerini öwrenýän barlaglara gabat gelýän gatnaşyk (mysal üçin, puluň psihologiýasy);

P/E→B – bu gatnaşyk özüňi alyp barmak bilen baglanyşykly bolan kabul edişiň, görkezmäniň aýratynlyklaryny öwrenýär;

B→SW – sarp edijiniň kanagatlylyk derejesi we olaryň nägilelikleri, şeýle-de ykdysady durmuş hal-ýagdaýy bilen baglanyşykly barlaglar;

E→B – muňa harytlara we hyzmatlara bolan hyrydarlygy, islegleri öwrenýän ykdysady barlaglar degişlidir;

SW→E – harytlary, hyzmatlary we maksatnamalary işläp düzmek, kämilleşdirmek bilen baglanyşykly barlaglar. Ol barlaglar sarp edijiniň tejribesine we onuň kanagatlylyk derejesine esaslanýar, şeýle-de şol maksatnamalara baha bermekligi öz içine alýar;

P/E→SW – garaşýan netijeleriniň tejribede tassyklanýandygyna ýa-da tassyklanmaýandygyna laýyklykda, sarp edijiniň bazara we önümlere bolan garaýşynyň üýtgemegi bilen baglanyşykly barlaglar;

GE→E – umumy ykdysady şertler bilen maşgalanyň maliýe mümkinçilikleriniň arasyndaky baglanyşyk baradaky barlaglar;

P→P/E – şahsyýetiň görnüşiniň, onuň stiliniň ykdysady hakykaty kabul edişine we ony toparlara bölüşine edýän täsiri baradaky barlaglar;

S→B – bu gatnaşykda ykdysady taýdan özüňi alyp barmaklyga ýagdaýlaryň edýän täsiri öwrenilýär;

SD→SW – bir tarapdan, maşgala durmuşyndan, işden we umumy durmuşdan kanagatlylygy, beýleki tarapdan, sarp etmek we ykdysady taýdan kanagatlylygyň arasyndaky gatnaşyklary öwrenýän barlaglar.

Teklip edilýän çyzgy barlaglaryň mümkinçilikleriniň gerimini giňeltmäge ýardam berýär.

Ykdysady psihologiýa ykdysady hakykatyň dürli taraplaryny öwrenýär. Olaryň arasyndan 3 sany möhüm ugurlary görkezmek bolar:

– sarp ediş bazary, sarp edijiniň özüni alyp barşy we öý hojalygyny ýöretmek;

– işewürlik bilen baglanyşykly ugur, ýagny telekeçilikde özüňi alyp barmak we işewürlik;

– «raýat – jemgyýet» gatnaşyklary. Raýatlaryň ykdysadyýete, syýasata, durmuş ýeňilliklerine, durmuş üpjünçiligine we salgyt syýasatyna bolan garaýyşlary.

# 2.3. YKDYSADY ÖZÜŇI ALYP BARŞYŇ ESASLARY

Ykdysady özüňi alyp barşyň meseleleri bilen baglanyşykly bolan barlaglara ylmy taýdan çemeleşen wekilleriň biri hökmünde J.Katon ykrar edilýär. Onuň teklip eden ykdysady-psihologik nusgasynda ykdysady özüňi alyp barşa täsir edýän sebäplere umumy düşünje berilýär (*3-nji şekil*).




*3-nji şekil.* ***J.Katonyň ykdysady özüňi alyp barmagyň binýatlyk nusgasy (1964)***

Şekildäki ugur görkezýän çyzyklar düzüm bölekleriň arasyndaky sebäp – netije gatnaşyklaryny görkezýär. Adamlaryň aňyna bagly bolmadyk gurşaw, ýagny obýektiw gurşaw (girdeji, emläk, işiň aýratynlyklary we mümkinçilikleri, sosioykdysady status) psihologik prosesler arkaly jemgyýetiň agzalarynyň subýektiw ykdysady üpjünçiligine täsir edýär. Şahsy ýagdaý, ykdysadyýet babatyndaky durmuş görkezmeleri we oňyn netije gazanmak bilen baglanyşykly garaşmalar ykdysady taýdan özüňi alyp barmak prosesine, ýagny toplamak bilen baglanyşykly hadysalara we alyjylaryň hyrydarlygyna täsir edýär.

Bu nusga psihologiýanyň ugurlarynyň biri bolan bihewioristik (özüňi alyp baryş bilen baglanyşykly) çemeleşmelere gabat gelýär. Oňa laýyklykda özüňi alyp barmak psihologik prosesleriň kömegi arkaly bolup geçýän käbir höweslendirmelere bolan jogap hökmünde çykyş edýär. Hususan-da, Katonyň teklip eden nusgasy adamlaryň girdejileri we ykdysady görkezmeleri babatynda geçirilýän sorag--jogabyň netijesinde alyjylaryň hyrydarlygyny öňünden kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

J.Katonyň döreden çyzgysyna esaslanyp, H.Antonides (Antonides G., 1991) düzümleýin nusgany işläp düzýär. Onda ykdysady özüňi alyp barmaklyga täsir edýän obýektiw we subýektiw sebäpler we prosesler aýratyn görkezilýär (*4-nji şekil*). Bu şekilde uly orun

eýeleýän obýektiw sebäpler we prosesler ykdysady ylmyň adatça iş salyşýan ululyklaryna meňzeşdir. Olary gönüden-göni synlap, ölçäp we statistik usul arkaly seljerip bolýar.

Subýektiw sebäpleri we prosesleri göni sorag-jogap, psihologik testler, interwýu, adamyň öz durmuş tejribesi baradaky hasabatlarynyň netijesinde ýüze çykaryp we olary ölçäp bolýar. Şol bir wagtda, adamlaryň özlerini alyp barşyndan netije çykarmak bilen, gytaklaýyn usul, ýagny eksperiment arkaly hem öwrenip bolýandygyny bellemek zerurdyr. 4-nji şekilde görkezilen nusganyň düzüm bölekleri we olaryň arasyndaky gatnaşyklar şeýle teswirlenýär: her bir ýagdaý bilen baglanyşykly bolan çäklendirme, ýagny umumy ykdysady çäklendirmeler (býujet, ýerleşişi boýunça, wagtyň ýetmezçiligi we ş.m.) ykdysady özüňi alyp barşa täsir edýär. Harytlara we hyzmatlara bolan hyrydarlygyň bahalaryň we girdejileriň derejesine baglylygy baradaky barlaglar muňa mysal bolup biler.

***Ykdysady özüňi alyp baryş*** adamyň şahsy ykdysady ýagdaýyna hem täsir edýär. Mysal üçin, tölegli ýerine ýetirilen iş kesgitli möçberde girdeji berýär, emma satyn alynýan harytlar şahsy üpjünçiligiň derejesiniň ýokarlanmagyna getirýär. Bu ýagdaý, bir tarapdan, köp adamyň şahsy ykdysady ýagdaýynyň umumy ykdysady gurşawyň emele gelmegine getirýän bolsa, beýleki tarapdan, umumy ykdysady gurşaw şahsy ykdysady ýagdaýa öz täsirini ýetirýär. Salgyt ulgamynyň her bir adama dürli derejede täsir etmegi munuň şeýlediginiň aýdyň subutnamasydyr.

***Umumy ykdysady gurşaw*** ýagdaýlar bilen baglanyşykly çäklendirmelere hem öz täsirini ýetirýär. Mysal üçin, bank tarapyndan bellenilýän göterimleriň möçberi şahsyýet tarapyndan girewine goýulýan serişdeleriň çägine öz täsirini ýetirip biler. Şahsy serişdeler adamyň bütin durmuşyny, bilimini, maşgala ýagdaýyny, ýaşyny, jynsyny we ş.m. öz içine alýar. Bazary öwrenmek maksady bilen we sarp edijileriň özlerini alyp barşlary bilen baglanyşykly barlaglar geçirilende sosio-demografik sebäpler möhüm orun eýeleýär. Bu sebäp şahsy ykdysady ýagdaýa gös-göni täsir edýän sebäpleriň biridir.




*4-nji şekil.* ***Obýektiw we subýektiw esaslarda ykdysady özüňi alyp barşyň düzümi***

Subýektiw häsiýetli sebäpler ykdysady çözgütleri kabul etmeklige täsir edýän psihologik sebäplerden ybaratdyr. Bu nusgada çözgüt kabul etmek bilen baglanyşykly düzüm bölegi merkezi bölümleriň birini emele getirip, ol ykdysady özüňi alyp barşy kesgitleýär. Ol çözgütleri kabul etmegiň dürli düzgünlerini, kadalaryny öz içine alýar. Bu tapgyrda elýeterli maglumat jemlenilýär, özüňi alyp barmagyň dürli ugurlary, görnüşleri, onuň netijeleri deňeşdirilýär.

Şahsyýet we oňa häsiýetli bolan motiwler adamyň çaga wagtyndan başlap kemala gelýär we ösýär. Bu motiwleriň nesilden-nesle geçmek häsiýetiniň şahsyýetiň kemala gelmegi bilen baglanyşygy örän uludyr. Şol sebäpli bu düzüm bölegine biologik we durmuş motiwleriniň jemi hökmünde garamak bolar. Şahsyýet we motiwler bilen baglanyşykly sebäpleriň psihiki proseslere edýän täsiri güýçlüdir.

***Jemgyýetçilik pikiri*** şol jemgyýetde kemala gelýän ýaşaýşyň durmuş-ykdysady we medeni taraplaryna bolan garaýyşlardan ybaratdyr. Olaryň hatarynda adatlary, däp-dessurlary, etiki kadalary, özüňi alyp barmagyň köpçülik tarapyndan kabul edilen düzgünlerini, aýry-aýry adamlaryň, kärhanalaryň imijini (keşbini) görkezmek bolar.

Jemgyýetçilik pikirini emele getirmegiň serişdesi hökmünde köpçülikleýin maglumat serişdelerini, aragatnaşyk saklamak prosesini we barlag geçirýän guramalary görkezip bolar. Bu düzüm bölegi jemgyýetiň diňe bir umumy derejesini öz içine alman, eýsem, öz toparlaýyn garaýyşlary, gymmatlyklar ulgamy we kadalary bolan toparlaryň hem derejesinden ybaratdyr.

Jemgyýetçilik garaýyşlary we talaplar psihologik prosesleriň derejesinde şahsy görkezmeler, motiwler we maksatlar bilen deňeşdirilýär. 4-nji şekilde teklip edilýän nusganyň iki sany düzüm bölekleriniň, ýagny jemgyýetçilik pikiri bilen şahsy motiwleriň arasyndaky gatnaşyk ikitaraplaýyn bolup, bu gatnaşyklara durmuş taýdan deňeşdirme, beýleki adamlar we toparlar bilen gatnaşyklar, şahsyýetara we toparara aragatnaşyklar, şeýle-de olaryň özara täsiri bilen baglanyşykly prosesler girýärler.

Ykdysady psihologiýada uly üns berilýän psihologik prosesler aşakdakylardan ybaratdyr:

– daşyndan alynýan maglumaty kabul etmek we olary täzeden işlemek, şeýle-de olary hususy garaýyşlar we toplanan tejribe bilen deňeşdirmek;

– dürli obýektlere, adamlara we pikirlere baglylykda baha beriji pikirleriň, görkezmeleriň kemala gelmegi we olaryň üýtgemegi;

– garaşylýan netijeler baha bermegiň usuly hökmünde çykyş edýär we ol geljekde boljak wakalaryň, olaryň ösüş mümkinçilikleri baradaky bilimleriň kesgitsizligini görkezýär;

– duýgular maglumatlary kabul etmek we olara baha bermek prosesine, şeýle-de şahsyýetiň umumy özüni alyp barşyna täsir edýär;

– öwretmek prosesi.

***Kabul edilen çäklendirmeler*** – bu subýektiw derejede çözgüt kabul edýän adamy çäklendirýän, ony saklanmaga mejbur edýän, onuň elini baglaýan zatlardyr. Bu çäklendirmeler jemgyýetçilik pikiriň täsir etmeginiň netijesi bolup çykyş edýär. Psihologik prosesler we kabul

edilýän çäklendirmeler çözgüdiň kabul edilmegine gönüden-göni täsir edýär.

Daşymyzy gurşap alan dünýäni kabul etmegiň, ony düşündirmegiň, şeýle-de kabul edilen çözgütleri durmuşa geçirmegiň netijesinde, obýektiw we subýektiw sebäpleriň özara baglanyşygy ýüze çykýar. Netijede, şahsy ykdysady ýagdaýlar psihologik proseslere öz täsirini ýetirýär. Şol bir wagtda kabul edilen çözgütler ykdysady özüňi alyp barmaklygy kesgitleýän ululykdyr. Bir tarapdan, sosioykdysady gurşaw (şahsy serişdeler) şahsyýete we onuň motiwlerine öz täsirini ýetirýän bolsa, beýleki tarapdan, motiwler we şahsyýet okuw we iş ýerini saýlamagyň ugruny kesgitleýär (sosioykdysady gurşaw).

# III BAP

# PULUŇ PSIHOLOGIÝASY

## 3.1. PUL BILEN BAGLANYŞYKLY ÖZÜŇI ALYP BARYŞ

Ykdysady gatnaşyklarda pul alyş-çalyş etmegiň esasy serişdesi, gymmatyň ölçegi, şeýle-de tölemegiň we toplamagyň serişdesi hökmünde çykyş edýär. Şu nukdaýnazardan, hakykat ýüzünde puluň kabul edilişini we onuň adamlar tarapyndan peýdalanylyşyny öwrenmek uly ähmiýete eýedir. Pula bolan gatnaşygyň subýektiw häsiýeti bolup, ol birnäçe sebäpleriň täsir etmegi netijesinde emele gelýär.

Psihologiýada psihiki seljermäniň däplerine eýerip, pul bilen iş salşylanda adamlaryň özüni alyp baryşlaryny, köplenç halatda, kesgitleýän aňasty motiwleri öwrenmeklige uly üns berilýär. Goldberg we Lewis (1978 ý.) puluň hökümdarlyk, söýgi, howpsuzlyk, erkinlik we özüňi ykrar etdirmek ýaly ululyklar bilen deňeşdirmesi esasynda emele gelýän şahsyýetleriň tipologiýasyny teklip etdiler. Olar «pul bilen baglanyşykly akyldan azaşmalaryň» 4 görnüşini aýratyn belleýärler:

1. «Howpsuzlygyň kolleksionerleri» – olar başgalara ynanmaýarlar, şeýle-de beýleki adamlara garaşly, tabyn bolmak howpy bilen baglanyşykly ýüze çykýan ynjalyksyzlygy azaltmak maksady bilen pula bil baglaýarlar;

2. «Husytlar» – olar üçin pul güýji, gözegçiligi we hökümdarlygy üpjün edýän serişde hökmünde çykyş edýär. Maliýe serişdeleriniň islendik möçberdäki ýitgisi onuň eýesi üçin kemsidilmegi aňladyp, bu ýagdaý ony başgalaryň öňünde kömege mätäç edip görkezýär;

3. «Söýginiň söwdagärleri» – söýgi bilen puluň arasynda utgaşykly çyzyk geçirilýär. Olaryň pikiri boýunça, pul söýgini aňladýar

ýa-da puluň hut özi söýgi bolup çykyş edýär. Başgaça aýdylanda, söýgi sarp etmegiň predmetine öwrülýär, ýagny ony satyn alyp hem, satyp hem bolýar;

4. «Garaşsyzlygyň muşdaklary» – erkinligi we garaşsyzlygy gazanmak üçin puly ulanýarlar.

Ýöne adaty durmuşda adamyň pula we ony ulanmaklyga bolan gatnaşygy dürli ýagdaýlara görä üýtgäp biler. Dürli durmuş toparlarynyň wekilleri üçin pul aýratyn mana eýe bolýar. Umuman alnanda, adam tarapyndan puluň many taýdan aňladylyşyna baglylykda onuň durmuş häsiýeti ýüze çykýar. Bu ugurda psihologlar tarapyndan geçirilen birnäçe barlaglaryň netijesinde pula bolan hyrydarlyk, köplenç ýagdaýda, adamlaryň ony kabul edişlerine baglydygy ýüze çykaryldy. Hususan-da, J.Bruner tarapyndan puluň kabul ediliş aýratynlyklaryny öwrenmek maksady bilen geçirilen psihologik barlaglar hem uly gyzyklanma döredýär. Onuň baý we garyp çagalar bilen altyn teňňeleriň we şol ululykdaky metal diskleriň kabul ediliş aýratynlyklaryny ýüze çykarmak bilen bagly geçiren eksperimentleri ondan soňky alnyp barlan barlaglaryň esasyny düzendigi aýratyn nygtalmaga mynasypdyr. Bu psihologik hadysany düýpli öwrenmek maksady bilen maliýe üpjünçiligi dürli derejeli maşgalalardan bolan çagalara şaý puly we şol möçberde gaty kagyzdan ýasalan tegelek şekil hödürlenýär. Durmuş taýdan ähmiýetli obýekt bolup durýandygy sebäpli, şaý puluň göwrüminiň beýleki kagyz pula görä uly bolmagy onuň gymmatynyň ýokary diýlip kabul edilmegine esas döredýär. Ýokary üpjünçilikli maşgalalaryň kiçi agzalaryna garanyňda maliýe ýagdaýy pes bolan maşgalalaryň çagalaryna şaý puluň möçberi has-da uly bolup görünýär. Şeýle häsiýetli barlaglar gyzykly maglumatlaryň ýene-de biriniň üstüni açmaga mümkinçilik berýär, ýagny pul hümmetsizlenenden soňra onuň möçberi kiçelýär, ýagny pul adam üçin öz durmuş gymmatyny ýitirýär.

Häzirki döwürde jemgyýetde puluň nagt görnüşleri, kredit kartlary, gymmatly kagyzlar ulanylýar. Puluň käbir görnüşleri adamlarda, hakykatdan-da, emele gelen «pul» düşünjesiniň manysyna doly gabat gelýär. Mysal üçin, iňlis we golland respondentleri (soralýanlar) plastiki kartlara, çeklere garanyňda nagt puly hakyky puluň nusgasy diýip hasap edýärler. Şol bir wagtda puluň goýum maksady bilen toplanýan

görnüşi bolan obligasiýalary adaty durmuşy pähimiň derejesinde hakyky puluň hataryna goşup bolmaz. Nagt pullara görä plastiki kartlarda jemlenen pul möçberiniň hakyky gymmatyna köpçülik tarapyndan baha berlip bilinmeýär. Kredit kartlaryny ulanýanlaryň köpüsiniň bergä batýandygyny şu deliller arkaly düşündirip bolar.

Adam üçin puluň aňladýan manylary örän köpdür. Munuň şeýledigine pul babatynda adamlaryň düşünjeleriniň we olaryň durmuş görkezmelerini öwrenmek maksady bilen geçirilen barlaglaryň netijeleri şaýatlyk edýär. Şol barlaglarda dürli toparlaryň wekillerine birnäçe häsiýetler boýunça «pul» diýen düşünjä baha bermekleri (mysal üçin «gowy» – «erbet», «adam mertebesini beýgeldýän» – «adam mertebesini peseldýän ululyk» ýaly düşünjeler) teklip edilýär.

Netijede, adamlaryň jynsyna, olaryň durmuş-ykdysady derejesine we işleýän ýerine baglylykda puluň aňladýan 7 sany manysy ýüze çykaryldy. Görnükli psihologlar Ýamauçi we Templer tarapyndan (1982 ý.) puluň aňladýan 5 sany aňlatmasy hödürlenýär: hökümdarlyk, ynanmazlyk, gorap saklamak, hil we ynjalyksyzlyk. Olar şeýle-de puluň beýleki şahsy ölçegler bilen baglanyşygyny-da öwrenmäge çalşan alymlar bolup, puluň käwagt içki «menligi» giňeldiji serişde hökmünde çykyş edýändigini belleýärler. Içki «menlik» bilen baglanyşykly käbir ölçegleriň maddy gymmatlyklar bilen baglanyşygynyň barlygy äşgärdir. Mysal üçin, islendik şahsyýet üçin möhüm bolan üstünlik düşünjesi pul bilen deňeşdirilýär.

Adamlaryň pul babatynda emele gelýän sosial gönükdirilmeleri durmuş ynamlary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Angliýada geçirilen barlaglar muňa aýdyň mysal bolup biler: pula köp mätäçlik çekýänler we olaryň toplanmagy, köplenç halatda, adamlaryň öz zähmetine we ukybyna bagly diýip pikir edýänleriň arasynda aýal maşgalalaryň, şeýle-de pes girdejili adamlaryň agdyklyk edýändigi ýüze çykaryldy. Şol bir wagtda demografik häsiýetnamalar bilen şertlendirilen pul babatyndaky sosial gönükdirilmeleriniň we durmuş ugrukdyrmalarynyň arasynda baglanyşygyň bardygy subut edildi. Erkek adamlar öz jyns aýratynlyklaryna mahsus bolan höküm ýöredijilik häsiýetini pul bilen iş salşanda, şeýle-de maliýe töwekgelçiligini öz üstüne alanda-da dowam etdirmäge çalyşýarlar. Aýal adamlar bolsa diňe öz göwün isleýän harytlaryny satyn almak ýa-da başga

dürli häsiýetli isleglerini kanagatlandyrmak üçin, köplenç halatda, pula mätäçlik çekýärler. Medeniýetleriň deňeşdirme usuly esasynda geçirilýän barlaglar maddy hal-ýagdaýy pes bolan ýurtlara garanyňda maddy üpjünçiligi ýokary bolan döwletleriň ýaşaýjylary üçin puluň ähmiýetiniň gaty uly däldigini görkezdi.

Sowgat hökmünde puly ulanmak özüňi alyp barmagyň köpçülik tarapyndan makullanmaýan görnüşi hasaplanýar. Çünki bu ýagdaýda pul diňe simwoliki mana eýe bolýar, emma ol sowgat bermegiň esasy motiwleriniň biri bolan sowgady alyjynyň isleg-arzuwlaryny öňünden aňyp, onda şatlyk duýgusyny döredip bilmeýändigi üçin köpçülik tarapyndan makullanmaýar. Ýöne obýektiw nukdaýnazardan, sowgat pul görnüşinde berlende alýan üçin onuň şol pula düşýän zatdan peýdaly bolmagy mümkindir. Netijede, sowgadyň psihologik gymmaty ony almak üçin ýitirilen wagt, näme almalydygy baradaky oýlanmalar we olara sarp edilen güýç bilen ähmiýetlidir. Köp adamlaryň pikirine görä, käbir zatlaryň deregine pul almak oňlanylmaýar. Mysal üçin, çykgynsyz, ýagny ekstremal ýagdaýlarda ölüm howpy abanan adam üçin gan tabşyrylanda deregine pul talap etmek köpçülik tarapyndan makullanmaýan häsiýetdir. Şol bir wagtda adamlaryň aglaba köpüsi üçin puluň nähili ýol bilen gazanylandygy baradaky meseleler möhüm meseleleriň biridir. Mysal üçin, özüne agram salman, şowlulygyň ýardam bermegi esasynda gazanylan pul (lotereýa utmak) gazanylyşy ýaly ýeňil sowulýar. Şeýle-de baýrak ýa-da miras görnüşinde alnan pul möçberi adaty alynýan iş hakynyň harçlanýan ugurlaryndan tapawutlylykda, köplenç halatda, möhüm bolan başga maksatlar üçin ýeňillik bilen ulanylýar.

Adamlaryň pula bolan garaýyşlary, olar üçin puluň aňladýan manylary adaty durmuşda uly orun tutýar, şeýle-de çylşyrymly ykdysady hadysalarda, proseslerde puluň psihologiýasy bilen olaryň arasyndaky baglanyşyk has-da äşgär duýulýar. Bazar ykdysadyýeti üçin ähmiýetli bolan maliýe bazarynyň netijeliligi şol bazarda hereket edýän agentleriň psihologiýasyna köp derejede baglydyr. Mysal üçin, gymmatly kagyzlaryň gymmatynyň artmagyna (kursuna) şol kärhana bolan ynam, satyn alyjynyň we satyjynyň maksatlary we motiwleri, gymmatly kagyzlar bazarynyň geljekki ösüşi babatynda dürli toparlaryň wekilleriniň garaýyşlary, metbugatdan we bazaryň beýleki gatnaşyjylaryndan alnan maglumatlar hem täsir edýär.

## 3.2. PULY HARÇLAMAK, BERGI ETMEK WE KARZ PULY ULANMAK BILEN BAGLANYŞYKLY ÖZÜŇI ALYP BARYŞ

Häzirki döwürde puly karzyna almak, saklamak, goýum maksatlary üçin ulanmak we ony tygşytlamak işi giň gerime eýe bolýar. Plastiki kartlaryň, sarp ediş kreditleriniň, tygşytlanan pullary saklamagyň birnäçe görnüşleri we pul görnüşindäki goýumlaryň jemgyýetiň her bir agzasy üçin elýeterli bolmagy munuň şeýledigine şaýatlyk edýär.

Adaty durmuşy pähimiň derejesinde puly tygşytlamak we ony karz almak bir-birine gapma-garşylykly bolan düşünje hökmünde garalýar. Ýöne olaryň arasyndaky gatnaşyklar ilkibada şeýle ýönekeý görünýän hem bolsa, çuňňur seljerilende olaryň çylşyrymly özara baglanyşygynyň bardygy ýüze çykaryldy. Şunuň bilen baglylykda adamlar puly kesgitli bir maksat üçin karzyna alýan bolsa, ony başga maksatlar üçin hem toplap biljekdikleri gümansyzdyr.

Adamlar tarapyndan puly toplamak häsiýetiniň emele gelmeginde girdejileriň derejesiniň kesgitleýji orun tutýandygyny nygtaýan irki döwrüň ykdysady nazaryýetiniň bu nukdaýnazary tejribede öz subutnamasyny tapmady. Häzirki döwürde ***toplaýyş*** geljekki tapgyrlarda sarp etmek üçin galdyrylan serişde hökmünde häsiýetlendirilýär, ýagny adam puly sarp etmegiň wagtyny (häzirmi ýa-da soňra) özi kesgitleýär.

Puly tygşytlamak meselesine psihologiýa özüçe çemeleşýär. Psihologik nukdaýnazardan pul serişdelerini ulanmakda hususy stiliň, şeýle-de dürli motiwleriň, şahsy häsiýetleriň, ukyplaryň bardygy nygtalýar. K.E.Wernerid puly tygşytlamagyň esasynda ýatan motiwleriň görnüşlerine baglylykda adamlaryň birnäçe tiplerini ýüze çykardy:

1) «Nagt puly ulanyjylar» – gündelik harçlaýan pul serişdelerini göz öňünde tutup, olary hasaplap, galan bölegini toplamak üçin ulanýanlar;

2) «Bolmagy ähtimal bolan sarsgynlary gowşatmak niýeti bilen pul toplaýjylar» – göz öňünde tutulmadyk çykdajylaryň mümkin bolan derejesini azaltmak maksady bilen pul toplaýanlar;

3) «Kesgitli maksatlar üçin pul toplaýjylar» – uzakmöhletleýin ulanylýan harytlary, öýi, ulagy satyn almak maksady bilen toplanylýan pul serişdeleri;

4) «Baýlygy dolandyryjylar» – pul serişdelerini maýa goýumlaryna gönükdirýänler.

Soňky birnäçe ýylyň dowamynda görnükli psihologlar tygşytlanan pullary adamyň haýal etmän, tiz sarp etmekden saklanyp bilmek ukybyny aňladýandygyny nygtaýarlar. Ykdysadyýetde puly tygşytlamak hadysasy «wagty dogry hasaplamak» diýen düşünje arkaly aňladylýan bolsa, psihologiýa ylmynda «kanagatlanmany soňa goýmak» ukyby hökmünde düşünilýär.

Her bir adam üçin göterim möçberiniň öz hususy, subýektiw derejesi bardyr. Bu derejäni «Eger-de size şu wagt 100 amerikan dollary hödürlense ýa-da 6 aýdan X möçberdäki puluň beriljekdigi aýdylsa, onda haýal edilmän tölenjek 100 amerikan dollarynyň deregine näçe möçberdäki pul serişdesine (X amerikan dollaryna) razy bolardyňyz?» diýen soragyň üsti bilen kesgitläp bolýar. Mysal üçin, bankyň ýyllyk göteriminiň möçberi – 7%-e deň. Onda ýene-de 1 ýyldan jemi 107 amerikan dollaryny almaga mümkinçilik döreýär. Ýöne adamlaryň aglaba köpüsiniň göterim möçberiniň subýektiw derejesi bu görkezijiden ýokary bolýar. Olar bir ýyldan 130 amerikan dollaryna çenli girdeji almak isleýärler, ýagny 30% bolan ýagdaýynda olaryň islegi kanagatlandyrylýar (ykdysatçylaryň hasaplamalary boýunça göterimiň subýektiw möçberi 30–40% aralygynda üýtgeýär).

Subýektiw göterimiň derejesi näçe ýokary boldugyça, adamlaryň puly tiz harçlamak isleginiň şonça-da ýokary bolýandygy bellenilýär. Uzak wagtyň dowamynda ulanylýan harytlary satyn almakda sarp edijileriň makullaýan göterim möçberi, mysal üçin, kondisioner satyn almak üçin – 25%-e deň bolýar. Subýektiw göterim möçberi bilen sarp etmegiň wagtyny kesgitlemegiň arasyndaky baglanyşyk adamlaryň puluň hümmetsizlenen döwründe özlerini alyp baryşlaryny düşündirmäge mümkinçilik berýär. Şonda olar satyn almaklygy soňa goýmaýarlar.

«Soňa goýlan kanagatlanma» bilen kesgitli durmuş synpa ýa-da etniki topara degişliligiň arasynda arabaglanyşyk bardyr. Sarp etmek we puly tygşytlamak babatdaky gönükdirmeler adamlaryň görkezmelerine, olaryň ynamlaryna, şeýle-de haýsy durmuş toparynyň agzasydygyna bagly bolýar. Mysal üçin, Angliýada puly toplamak ahlak nukdaýnazardan «gowy» hasap edilýän häsiýetleriň hataryna goşulyp,

ol adamyň ýerine ýetiren işiniň, amala aşyran tagallalarynyň, çeken yhlasynyň netijesi hökmünde çykyş edýär. Ýöne puly karz almak «oňlanylmaýan» häsiýetlere degişli bolup, köplenç halatda, ol puluň ýerliksiz ulanylýandygyny görkezýär.

Puly tygşytlamak, şeýle-de karz pullary ulanmak bilen baglanyşykly özüňi alyp barmagyň kesgitli görnüşi, köp babatda, adamyň agdyklyk edýän durmuş gönükdirilmelerine baglydyr. Ýöne bu baglanyşyk gös-göni amala aşyrylman, eýsem, ol goşmaça sebäpleriň täsir etmegi netijesinde üpjün edilýär. Sebäbi adamyň hakyky özlerini alyp barşynyň nähili boljakdygyny çaklamak üçin hökmany suratda olaryň durmuş görkezmelerini öwrenmek zerurdyr. Şonda bir zady amala aşyrmak meýliniň bolmagy hemişe onuň tejribede orun tapjakdygyny aňlatmaýar.

Puly toplamak ýa-da puly karzyna almak meýilleri bilen hakykat ýüzünde özüňi alyp barmagyň arasyndaky özara gatnaşyk aşakdaky ýaly bolup geçýär:

– ***göni täsir etmek*** – durmuş gönükdirilmeleri hakykat ýüzünde adamyň özüni alyp barşyny kesgitleýär;

– ***täsir etmek göni görnüşde bolmaýar*** – durmuş gönükdirilmeleri adamyň hereket etjek ähtimal bolan ugruny kesgitleýär;

– ***hakyky özüňi alyp barmaklyga durmuş gönükdirilmeleri täsir edip bilmeýär;***

– ***hakyky özüňi alyp baryş*** – pul toplamagyň ýa-da karz pullary ulanmagyň esasynda jemlän tejribesi onuň durmuş gönükdirilmelerine täsir edýär.

Puly tygşytlamagyň mejbur edilýän, ýagny hökmany görnüşleri hem bardyr. Adam ony makullamaýan hem bolsa, ony tygşytlamaga, toplamaga mejbur bolýar. Pensiýa ätiýaçlandyrmasy ýa-da şertnama boýunça adamyň öz üstüne alýan borçlary muňa mysal bolup biler. Şeýle gönükdirilmeleriň bolmagy şertnamanyň möhletiniň tamamlanmagy bilen ýa-da pensiýa çykylandan şoňra puly toplamaklygy bes etjekdigini aňladýar. Tersine, maliýe serişdeleriniň ýetmezçilik edýän şertlerinde puly toplamak meýlini amala aşyrmaklygyň kyn bolýandygy öz-özünden düşnüklidir. Ýöne maliýe ýagdaýyň gowulanmagy bilen puly toplamaklyga bolan oňaýly şert döreýär.

Puly toplamagyň demografik aýratynlyklary, köp ýagdaýlarda, adamyň ýaşyna, jynsyna baglydyr. Adamyň ýaşy ulaldygyça, onuň puly toplamaga bolan garaýşy oňyn häsiýete eýe bolýar. Aýal maşgalalaryň erkek adamlara garanyňda pul serişdelerini toplamaga bildirýän meýilleri güýçli bolýar we hakykatdan-da, erkek adamlara görä möçberi az hem bolsa, puly tygşytlamak olara başardýar.

## 3.3. SARP EDIJINIŇ ÖZÜNI ALYP BARŞYNYŇ AÝRATYNLYKLARY

Sarp edijiniň özüni alyp barşyny öwrenmek maksady bilen geçirilýän barlaglarda sarp ediji bilen baglanyşykly köp meselelere seredip geçmeli bolýar. Onda daş-töweregi kabul etmek derejesinden başlap, harytlaryň dürli häsiýetnamalaryna baha bermek, haryt satyn alnanda ony saýlamak we sarp edijiniň alyp barýan durmuş özbolușlylygynyň derejesi bilen baglanyşykly meseleler öwrenilýär.

Bu ugurda ýüze çykýan esasy meseleleriň biri hem jemgyýetde köpçülik tarapyndan sarp etmek hadysasynda jemlenen gapma-garşylyklar bilen baglanyşyklydyr. Bir tarapdan, öz durmuş özboluşlylygyny kesgitlemekde sarp ediji erkinlikden peýdalanýar, beýleki tarapdan, bu ýagdaý onuň durmuşynyň köp böleginiň sarp etmek bilen baglanyşyklydygyny aňladýar. Netijede, zadyň yzynda ylgamaklyk adamlaryň arasynda ýüze çykýan gatnaşyklaryň many-mazmunyna berilýän ähmiýetiň peselmegine getirýär.

Sarp ediş medeniýetiniň oňyn (pozitiw), şeýle-de oňyn däl (negatiw) ölçegleri bardyr. Bir tarapdan, harytlaryň we hyzmatlaryň sarp edilişini hasaba alman, köpçüligiň tutýan ornuny, şeýle-de öz-özüni kesgitleýşini ölçemek kyndyr. Beýleki tarapdan, ideallaryň orunlarynyň çalyşmagy (mysal üçin, başgalar bilen özara gatnaşyk saklananda köpçülik tarapyndan özüniň ykrar edilmegini gazanmagyň deregine) zatlary satyn almak we şonuň bilen baglylykda ýüze çykýan ýagdaýlar kanagatsyzlygy we lapykeçligi döredip biler. Adaty adamlar sarp etmekligi hukuklaryň we mümkinçilikleriň giňelmegi, şeýle-de hemişelik zor salmak hökmünde kabul edýärler (Lunt P.K., Liwingstoyn S.M., 1992).

Adaty durmuşy pähimiň derejesinde «öz peýdaňa çapmak» düşünjesiniň 3 sany häsiýeti ýüze çykyp, olar aşakdaky ýaly kesgitlenýär:

1) puluň we emlägiň yzynda ylgamak prosesi diňe şolaryň hatyrasyna bolup geçýär;

2) üstünlik gazanmak we maddy üpjünçilik babatdaky garaýyşlaryň emele gelmeginde ol kesgitleýji ölçeg bolup çykyş edýär;

3) statusy kesgitlemekde we ony beýlekilere görkezmekde pul we emläk ulanylýar.

Ykdysady psihologiýanyň çäklerinde öz bähbidine eýerýän adamyň häsiýetlerini öwrenmegiň dürli derejeleri (şkalalary) işlenilip düzüldi (Belk R.W., 1985, Riçinz M., Dawson S., 1992). Ol sarp edijiniň 3 sany şahsy häsiýetleriniň dürli derejelerini (şkalalaryny) öz içine alýar. Olar aşakdakylardan ybaratdyr, ýagny:

a) hususyýýetçilikli garaýyş;

b) başgalara bolan göriplik;

ç) alyş-çalyş we paýlamak gatnaşyklarynda geçirimliligiň bolmazlygy.

Öz bähbitlerini aramak şahsyýetiň esasy ugrukdyrmasy hökmünde çykyş edýär we degişlilikde ol zat satyn almagy durmuşyň esasy maksadyna öwürýär. Şeýlelikde, ol bagtyň, bolelinligiň açary saýylýar, üstünligiň ilkinji görkezijisi diýlip hasap edilýär. Bähbitler bilen baglanyşykly gymmatlyklar olaryn eýeleriniň pikirlerine we duýgularyna täsir edýärler. Munuň subutnamasy bolup, durmuşda bähbitler bilen baglanyşykly gymmatlyklary oňlaýan adamlar harytlaryň çak edilýän psihologik we durmuş häsiýetleri babatynda hakykat ýüzünde bolmajak zatlara garaşýarlar. Şol bir wagtda, olary satyn alanlaryndan soňra oňyn däl (negatiw) duýgyny başdan geçirýärler we öz toplan emläklerine dürli häsiýetli many-mazmun berýärler.

Bähbitlerini has aýdyň seljerýän adamlar emläge jemgyýetde eýeleýän orunlarynyň derejesi hökmünde garaýarlar. Bahbitleriň ähmiýetine pes baha berýän adamlar üçin zatlar şahsyýet gatnaşyklarynyň derejesi we kanagatlanmagyň, lezzet almagyň kömekçi serişdesi hökmünde kabul edilýär.

Angliýada uly ýaşly adamlaryň duýgularynyň derejesini öwrenmek bilen baglanyşykly geçirilen barlaglaryň netijesi boýunça bähbit araýanlar gurply adamlary hökmany suratda akylly, janypkeş we üs-

tünlikli hasap edýärler. Şeýle-de beýlekilere görä, olar özlerini bagtsyz duýýarlar we durmuşyň dürli taraplary babatda öz närazyçylyklaryny bildirýärler. Tersine, bähbitlere çapmaýanlar beýle baglanyşygy düýbünden görmeýärler. Amerikan barlagçylary adam bahbitleri barada gyzykly açyşlar etdiler. Olaryň bellemegine görä, bähbitleri ileri tutýan ýaşlaryň psihologik ýagdaýynyň (mysal üçin, özüni kabul edişi, başgalar bilen ýakyn aragatnaşyk saklamak duýgusy, topara degişlilik duýgusy) pes bolşy ýaly, olaryň durmuş taýdan uýgunlaşmak ukyby hem pes bolýar. Köptaraply barlaglaryň geçirilmegi bähbit araýan adamyň portretine ýene-de bir häsiýetiň goşulmagyna sebäp bolýar: köplenç ýagdaýda olar biynjalyk bolýarlar we ýygy-ýygydan ruhdan düşýärler.

Sarp edijiniň özüni alyp barşy öwrenilende, satyn almak prosesinde sarp edijiniň çözgüt kabul edişine, haýsy harydy nirede we haçan almalydygyna, bu çözgüdi nämäniň kesgitleýändigine uly üns berilýär.

Satyn almagyň tebigaty wagt içinde üýtgäp durýar. Adamyň fiziki isleglerini kanagatlandyrmagyň deregine satyn almak indi onuň durmuş stiliniň, özüni ykrar etdirmegiň we boş wagtyny geçirmegiň serişdesine öwrülýär. Şunda söwda nokatlaryna gitmegiň birnäçe dürli motiwleri bolup, olar takyk bir harydy satyn almak maksady bilen amala aşyrylýan işi ýa-da köpçülige çykmak, adamlar bilen gürrüňdeş bolmak maksadyny aňladýar.

Satyn alyjynyň motiwlerine laýyklykda özüňi alyp barmagyň birnäçe häsiýeti ýüze çykaryldy. Olar durmuş-psihologik häsiýetlere görä satyn alyjylary aşakdaky toparlara bölmek mümkinçiligini döredýär, ýagny:

1. «Tygşytly satyn alyjylar» – bahasy we hili baradaky maglumatlardan peýdalanyp, satyn alanda ykdysady taýdan netijeli bolan çözgütleri gazanmagy maksat edinýärler;

2. «Şahsylaşdyrylan satyn alyjylar» – olarda söwda nokatlarynda adamlar bilen duşuşmak, satyjylar bilen gürrüňdeş bolmak islegi agdyklyk edýär;

3. «Ahlaklylyk häsiýeti bolan satyn alyjylar» – ýerli we kiçi söwda nokatlaryna goldaw bermek maksady bilen, şol bir dükanlardan zat satyn almaklyga çalyşýarlar;

4. «Parhsyz satyn alyjylar» – söwda etmegi halamaýanlar, öz rahatlyklarynyň tarapdarlary, güýçlerini az sarp etmäge çalyşýarlar.

Belli bolşy ýaly, satyn almak prosesiniň amala aşyrylmagy sarp edijiniň isleginiň durmuşa ornaşdyrylandygyny aňladýar. Sunuň bilen baglylykda bu proses sarp edijide kanagatlanma duýgusyny döredýär. Bu ugurda birnäçe barlaglar geçirilip, olaryň esasynda sarp edijiniň psihologiýasy barada gyzykly netijeler alyndy. Şeýle barlaglaryň netijesinde kanagatlanma bilen baglanyşykly, şeýle-de tötänlikde amala aşyrylýan satyn almak prosesi başgalara we özüne bolan gatnaşyk esasynda kemala gelýändigi ýüze çykaryldy. Hususan--da, bu görkeziji boýunça satyn alyjynyň bäş sany görnüşi tapawutlandyrylýar, (Lunt P.K., Liwingstoun S.M., 1992) ýagny:

– «Adaty satyn alyjy» (barlanylanlaryň 31%-i ) – harytlar seýrek ýagdaýlarda tötänleýin satyn alynýar. Harydyň ýany bilen goşmaça berilýän sowgatlara seýrek üns berýärler, satyn almagy özleri üçin sylag diýip hasap etmeýärler. Zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda iri söwda merkezlerinde isleglerini kanagatlandyrmak usulyny saýlaýarlar;

– «Bikär satyn alyjylar» (24%) – munda satyn almak özi we beýlekiler üçin sylag hökmünde çykyş edýär. Şeýle etmek bilen ol öz keýpini çaglamaga, özüne berýän bahasyny ýokarlandyrmaga we özüni başgalardan tapawutlandyrmaga ymtylýar. Söwda nokatlarynda bolmakdan kanagatlanma alýarlar. Özüňi alyp barmagyň şeýle görnüşi «Men satyn alýaryn, diýmek, men ýaşaýaryn» diýen sarp etmegiň häzirki zaman düşünjelerine gabat gelýär;

– «Aýawly satyn alyjylar» (18%) – tygşytly, satyn alanlarynda özleri üçin bähbitli bolan söwdany amala aşyrýarlar, hiç wagt tötänlikde zat satyn almaýarlar;

– «Seresaply satyn alyjylar» (15%) – söwda nokatlaryna barmak olaryň göwünlerine ýaraýar, ortaça derejede tygşytly, tötänlikde satyn almazlyga çalyşýarlar.

– «Adaty däl satyn alyjylar» (12%) – häzirki döwrüň sarp edijilik häsiýetlerinden çetde durýarlar, köplenç ýagdaýlarda, olar harytlaryň arzanladylan dükanlaryndan peýdalanýarlar, boş wagtlaryny dükanlarda geçirmegi oňlamaýarlar.

Satyn alyjynyň seredilip geçilen görnüşleri ykdysady, psihologik we durmuş-demografik sebäpleriň täsiri astynda üýtgeýär. Mysal

üçin, «adaty» we «seresaply» satyn alyjylar uly ýaşlylara, girdejisi ýokary bolan adamlara degişlidir. «Bikär» satyn alyjylaryň hataryny aýallar we ýaşlar düzýän bolsa, onda «aýawly» satyn alyjylyk häsiýeti maliýe ýagdaýy çäkli bolan adamlara häsiýetlidir.

Zat satyn almak bilen baglanyşykly özüňi alyp barmak, köplenç ýagdaýlarda, psihologik kadalaryň çäginden çykýan görnüşlere eýe bolýar. ABŞ-da, Kanadada, Germaniýada we Beýik Britaniýada geçirilen barlaglaryň netijelerine salgylanylsa, onda başgalara bolan pul bergileriniň köplügine garamazdan, erkine goýmaýan satyn almak pikiriniň agdyklyk etmeginden 2%-den 10%-e çenli uly ýaşly ilatyň wekilleri ejir çekýärler. Olaryň 60%-den 90%-e çenli bölegini aýallar tutýar. Bu hadysany iki dürli düşündirip bolýar: birinjiden, onuň psihiki häsiýetli bolup, erkini elinden aldyran satyn almak pikiri şahsyýetiň bozulan ýa-da zyýan çeken erklilik prosesiniň netijesi, şeýle-de özünde duýdansyz ýagdaýda ýüze çykýan hyjuwyny çaklendirip bilmezligiň, duýgularyň we şahsyýetiň bozulmagy bilen baglanyşykly hadysalaryň netijesi hökmünde häsiýetlendirilýär. Ikinjiden, bu hadysa sarp etmek prosesinde ýüze çykýan käbir oňyn däl (negatiw) duýgularyň, içki «menlik» hadysasynyň käbir taraplaryny sazlamagyň öwezini dolujy sebäpleriň biri bolup çykyş edýär (Dittmar H., 1995).

Mundan başga-da satyn almaklygy ileri tutýanlaryň özlerine bolan garaýyşlarynyň, baha berişleriniň pes derejededigi ýüze çykaryldy. Olar, köplenç ýagdaýda, pul harçlamak arkaly öz statuslaryny (at-abraýlaryny) we emele gelen imijlerini (keşplerini) saklamak isleýärler. Satyn almak pikiri agdyklyk edýän adamlaryň häsiýetnamasy dürli-dürli bolup, şol tapawutlandyrmalaryň esasynda satyn almaklygyň haýsy wezipäni ýerine ýetirýändigine (biologik, psihologik, durmuş) baglydyr.

Satyn almak prosesinde saýlamak hadysasynyň nähili bolup geçýändigine düşünmek has-da gyzyklydyr. Ol çylşyrymly hadysalaryň biri bolup, şahsyýet tarapyndan kabul edilýän çözgüde täsir edýän ululyklaryň sanynyň köplügi bilen tapawutlanýar. Çözgüt kabul etmek prosesiniň käbir taraplary barada giňden durup geçmek maksadalaýykdyr.

Zady saýlamagyň esasynda maglumaty gaýtadan işlemek we şonuň esasynda çözgüt kabul etmek prosesiniň ýatandygy bellidir.

F.Wan Raaýyň teklip eden maglumatlary gaýtadan işlemek baradaky nusgasynda aşakdaky möhüm tapgyrlar tapawutlandyrylýar:

- Meseläni kesgitlemek;
- Alternatiwa barada içki we daşky maglumatlary gözlemek;
- Alternatiwa baha bermek;
- Başdan geçirilýän ilkinji duýgularyň häsiýeti;
- Gönükdirilme;
- Ikinji gezek başdan geçirilýän duýgular;
- Meýliň kemala gelmegi.

Alternatiwa baha bermekde tötänlik, meýliň kemala gelmegine bolsa durmuş kadalary öz goşmaça täsirini ýetirýär.

Haryt satyn alnanda alyjy tarapyndan peýdalanylýan maglumat onuň dürli häsiýetli maksatlaryna gulluk edip biler:

1. Satyn alyjy maglumaty alanyndan we ony seljereninden soňra kabul eden çözgüdiniň netijeli bolmagyna garaşýar;

2. Maglumaty saýlamak bilen baglanyşykly duş gelinýän töwekgelçiligiň derejesini peseldýär;

3. Maglumat doly öwrenilenden soňra, mümkin onuň çözgüdi gowy netije bermedik ýagdaýynda hem, satyn alyjy özüni has-da ynamly alyp barýar;

4. Häzirki çykdajylar bilen geljekde garaşylýan girdejileriň arasynda ylalaşyk tapmak üçin maglumatlar möhüm orun tutýar;

5. Maglumatlary gaýtadan işlemegiň peýdaly bolup durýandygy bellenilýär. Sebäbi ol islenilýän alternatiwany tapmaga we islenilmeýäninden bolsa ýüz öwürmäge mümkinçilik döredýär;

6. Maglumat özüňi goramak maksady bilen, ýagny çözgüt kabul edilip, ol durmuşa geçirilenden soňra, özüňi alyp barşyňy motiwirlemek üçin ulanylyp bilner.

Maglumatlar ulgamynda saýlamagyň alternatiwasyna degişlilikde durmuş gönükdirilmeleri soňra emele gelýär. Bu tapgyrda olara has çuňňur baha bermek, ikinji gezek duýgulary başdan geçirmek prosesi bolup geçýär (mysal üçin, pozitiw/negatiw, alternatiwalaryň kabul ederlik derejesi we ş.m.).

Durmuş gönükdirilmeleriniň kemala gelmegi seredilip geçilýän alternatiwalar baradaky käbir garaýyşlar we şol garaýyşlaryň esasyny düzýän pikirler (alternatiwanyň käbir häsiýetnamalaryny saýlaýanyň

meýillerine gabat gelmegi ýa-da gelmezligi, onuň oňyn ýa-da oňyn däl häsiýetli gatnaşygy we ş.m.), şeýle-de olara berilýän baha bilen baglanyşyklydyr.

Haryt babatdaky garaýyşlary we baha beriji pikirleri ölçemek soraglaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Ol soraglaryň mazmuny M.Fişbeýn we J.Eýzen tarapyndan, şeýle-de J.Şet we W.Talaržik tarapyndan teklip edilen nusgada öz aýdyň beýanyny tapandyr.

M.Fişbeýn we J. Eýzen tarapyndan işlenilip düzülen «garaşylýan peýdalylygyň» nusgasynyň çäklerinde garaýyş diýlip obýektiň kesgitli häsiýetleri babatda subýektiw ähtimallyga düşünilýär. Ony aşakdaky soragyň kömegi bilen ölçäp bolýar:

«A» markaly reňkli telewizoryň 10 ýyl möhlet bilen işlejekdiginiň mümkinçiligi:

Örän ähtimal +3 +2 +1 0 -1 -2 -3 ähtimallyk derejesi örän pes.

Onuň häsiýetine (alamatyna) baha bermek aşakdaky sorag arkaly ölçelýär:

Satyn alynjak reňkli telewizoryň garaşylýan ulanyş möhleti 10 ýyl – bu örän oňat +3 +2 +1 0 -1 -2 -3 kanagatlanarsyz.

Alamaty boýunça satyn alyjynyň kanagatlylygyny ölçeýän sorag:

«A» markaly reňkli telewizoryň garaşylýan iş möhleti 10 ýyl bolmaklygy – bu örän oňat +3 +2 +1 0 -1 -2 -3 kanagatlanarsyz.

Alamatyň sarp ediji üçin ähmiýetiniň derejesi şeýle soragyň üsti bilen ölçelýär:

Reňkli telewizoryň garaşylýan iş möhleti 10 ýyl – bu örän möhüm +3 +2 +1 0 -1 -2 -3 möhüm däl.

Adamlar harytlaryň dürli alamatlaryna üns berýärler. Üns berilýän alamatlaryň mukdary şol harydyň häsiýetine, çözgüt kabul etmek üçin sarp edilýän wagta, haryda bolan hyrydarlygyň derejesine we ş.m. bagly bolýar. Haryda görä emele gelen kesgitli görkezmä baglylykda takyk harydy satyn almak ýa-da almazlyk meýli döreýär, ondan soňra satyn almak (ýa-da satyn almazlyk) prosesi bolup geçýär.

Ýöne adam tebigatynyň gurluşynyň çylşyrymly bolandygy sebäpli, satyn almak çözgüdi kabul edilende «psihologik hasaplamalar» bilen meşgullanmaga hemişe mümkinçilik bolmaýar. Takyk önümi ýa-da harydy satyn almak prosesi örän çylşyrymly düzüm böleklerden ybaratdyr. Olary şol adam üçin ähmiýetli bolan, şeýle-de dürli

häsiýetli töwekgelçilikler bilen (maliýe, durmuş) baglanyşykly bolan ululyklar düzýär.

Sarp edijiler tarapyndan, köplenç halatlarda, çözgüt kabul etmegiň düzgünlerinden peýdalanýarlar. Şol düzgünleriň arasyndan sarp edijiniň maksadyna, häsiýetine gabat gelýän kesgitli birini saýlamaklygy ýönekeýleşdirýän birnäçe kadalar ýüze çykaryldy. Takyk çözgüdi saýlamak emele gelen ýagdaýa, sarp edijilik wezipesine, şeýle-de adamyň şahsy häsiýetlerine baglydyr. Mysal hökmünde şeýle düzgünleriň birnäçesine seredip geçmek maksadalaýykdyr.

Iň ýönekeý düzgünleriň biri ***duýgy*** arkaly aňladylýar. Adamyň göwnüne ýaraýan alternatiwa ýa-da özüniň ynam bildirýän kärhanasy saýlanylýar. Muňa wagtlaýyn hyjuwyň esasynda bolup geçen satyn almak prosesi, ilkinji duýga esaslanyp satyn almak, şeýle-de şol bir söwda nokadyndan satyn almagyň gaýtalanýan görnüşi mysal bolup biler.

Satyn alyjy alternatiw harydyň her bir häsiýetine baha bermek bilen, ony seljerýär we diňe şondan soňra ol gerekli harydy saýlaýar. Häsiýetleriň mukdarynyň, şeýle-de oňa berilýän bahanyň ýokarydygyna salgylanylyp, kabul edilýän çözgüde öwezini dolujy düzgün diýilýär. Sebäbi satyn alyjy tarapyndan amatsyz baha berilýän häsiýetler oňyn häsiýetleriň hasabyna öwezi dolunýar.

***Birleşdiriji düzgün*** (ýa-da kanagatlandyrýan ösüş), adatça, kabul edip bolmajak mümkinçiliklerden ýüz öwürmek üçin ulanylýar. Möhüm diýlip hasap edilýän häsiýetleriň ýüze çykyşynyň aýdyňlygynyň iň az çägi kesgitlenilýär we takyk harydyň häsiýetine baha berilýän halaty şol çäkden geçilmeýän bolsa, onda şol alternatiwa öz ähmiýetini ýitirýär. Şeýlelikde, alternatiwalaryň kabul edilýän we edilmeýän görnüşleri ýüze çykýar.

Hemme zerur alamatlary boýunça minimal talaplary kanagatlandyrýan haryt tapylan ýagdaýynda şol haryt satyn alynýar. Mysal üçin, tiz iýip-içmek maksadynyň öňde goýulmagy goşmaça pul möçberiniň çäkliligi bilen şertlendirilýär. Şol bir wagtda oňat iýip-içmek islegi hem uly ähmiýete eýe bolýar. Şu nukdaýnazardan, bahasy ýokary bolan hyzmat ediş edaralary öz-özünden aradan aýrylýar. Eger-de satyn alyjynyň islegini kanagatlandyrýan mümkinçilikleriň iki sanysy bar bolsa, onda saýlamagyň başga-da görnüşleri ýüze çykyp biler.

***Bölüji düzgün*** diňe bir häsiýetiň oňyn bahasyna esaslanýar. Berlen häsiýete gabat gelýän alternatiwa saýlanyp alynýar, şeýle-de «gowy» ýa-da «gowy däl» diýen alamatlar hasaba alynmaýar. Mysal üçin, çaga üçin iň uly şary satyn almak islegi bar bolsa, onda şol harydy saýlaýan satyn alyjy diňe şonuň göwrüminiň ululygyna üns berýär. Onuň görnüşi, reňki satyn alýan üçin uly ähmiýete eýe bolmaýar.

***Aradan aýyrmagyň yzygiderlilik düzgüni*** birleşdiriji düzgün bilen meňzeş bolup, olaryň meňzeşligi alamatlaryň minimal çägi bilen kesgitlenilýändiginden ybaratdyr. Ýöne yzygiderlilik düzgünine laýyklykda bir alamata görä mümkinçilikleri nobatma-nobat deňeşdirmek esasda alnyp barylýar. Mysal üçin, deňiz önümlerinden taýýarlanylan naharlary hödürleýän restorana gitmek islegi bildirilýär. Bu ýagdaýda şeýle naharlary taýýarlamaýan restoranlaryň hemmesi birinji nobatda aradan aýrylýar. Soňra mümkinçilikler başga alamatlar boýunça seredilip başlanýar, mysal üçin, bahalaryň derejesi boýunça. Şol alamata gabat gelmeýän mümkinçilikler ýene-de aradan aýrylýar. Şeýlelikde, aradan aýyrmak prosesi yzygiderli amala aşyrylýar.

***Tapawutlandyrmalaryň goşmaça düzgüni*** (ýa-da tassyklanan ululyklaryň köplügi) mümkinçilikleriň her bir alamatlar boýunça ikibir deňeşdirilmegini aňladýar. Deňeşdirilende «gowy» ýa-da «gowy däl» diýen alamatlandyryjy görkezijiler boýunça baha berilýär we netijede, iň oňat mümkinçilik saýlanyp alynýar.

Kabul etmegiň we harydy saýlamagyň aýratynlyklary, sarp edijiniň saýlamak ukybyna täsir etmegiň usullary bilen ykdysady psihologiýanyň ýöriteleşdirilen ugry – mahabat psihologiýasy meşgullanýar.

Sarp edijiniň özüni alyp barşy öwrenilende bahalaryň kabul edilişi bilen baglanyşykly mesele uly ähmiýete eýe bolýar. Ol bahalaryň sarp ediji tarapyndan kabul edilişini, bahalar barada onuň habarly bolmagy, bahalaryň üýtgemegi bilen baglanyşykly täsiri duýmak, «baha – hil» gatnaşyklarynyň kabul edilişi ýaly meseleleri öwrenýär.

Bazary öwrenmek bilen baglanyşykly barlaglarda sarp ediji tarapyndan bahalaryň kabul edilişi, olaryň iň ýokary çägi ýaly görkezijiler ulanylýar. Mysal üçin, harydyň dürli bahalar boýunça satyn alynmagynyň ähtimallygy öwrenilýän barlaglarda mümkin bolan satyn alyja «Siz X bahasy bolan harydy satyn alarmydyňyz?» diýen sorag berlende, satyn alyjy «hawa» diýip jogap beren ýagdaýynda,

ondan ýokary baha görkezilip, ýene-de şol sorag gaýtalanýar. Eger--de «ýok» diýlip jogap berlen bolsa, onda satyn alyjy üçin bu harydyň arzanlygy ýa-da gymmatlygy soralýar. Netijede, sarp edijiniň subýektiw bahalar şkalasynyň logarifmiki häsiýetli görnüşe eýe bolýandygy äşgär bolýar.

Harydyň arzan ýa-da gymmat durýandygyny anyklamak adamyň subýektiw garaýyşlaryna, şeýle-de onuň girdejileriniň derejesine baglydyr. Köplenç halatlarda baha bermegiň şeýle görnüşine «***labyr effekti***» diýlip at berilýär, ýagny ol häzirki pursatda bahanyň näme bilen deňeşdirilýändigine bagly bolup durýar. Girdejileriň häzirki we şu wagtky derejesine garamazdan, berlen harydyň öň satyn alnan bahasy bilen ýa-da iş hakynyň göterim gatnaşygynda onuň näçe bolýandygy bilen deňeşdirilýär. Şeýle häsiýetli «labyryň» biri hökmünde satyn alyjynyň harydyň hakyky bahasy baradaky garaýyşlary çykyş edýär. Wagtyň geçmegi bilen bahanyň ýokarky we aşaky çäkleri üýtgäp durýar. Mysal üçin, puluň hümmetiniň gaçýan döwründe bahanyň ýokarky çägi kemelýär, ýöne ýokary bahalaryň durnukly saklanylmagy we olara hemmeleriň uýgunlaşmagy netijesinde bahalaryň aşaky we ýokarky çäkleriniň arasyndaky tapawut ýene-de artýar.

Bahalaryň we harydyň hiliniň arasyndaky özara baglanyşygyň adamlar tarapyndan çaklanylyşyny öwrenmek maksady bilen geçirilen barlaglaryň netijesinde gyzykly hadysalaryň biri ýüze çykarylýar. Oňa laýyklykda ýokary bahaly haryt satyn alnanda onuň hili ýokary bolýar diýlip çaklanylýar. Dogrudan-da, bu baglanyşyk kesgitli çäklerde mümkin bolýar, ýöne onuň ýüze çykyş aýratynlygy gowşak häsiýete eýedir. Satyn alyjyda harydyň söwda markasy barada, önümiň barlaglardan geçenligini tassyklaýan maglumatlaryň bolmagy, onuň düzümi, harydy satýan söwda nokadynyň abraýy baradaky maglumatlaryň bolmagy durlup geçilýän baglanyşygyň barlygynyň subutnamasy bolup biler. Ýöne bu maglumatlar harydyň ýokary hilini kesgitlemek üçin ýeterlik däldir.

Harytlaryň bahalary barada habarly bolmak we olaryň üýtgemegine bolan duýgurlygy öwrenmek birnäçe kanunalaýyklyklary ýüze çykardy. Bazar ykdysadyýetiniň ösen ýurtlarynda bahalar barada habardar bolmagyň derejesi adatça pes bolýar. Köp satyn alyjylar (dürli maglumatlar boýunça olaryň 1/4-den 2/3-ä çenli) anyk harydyň

hakyky durýan bahasyny kesgitläp bilmeýärler. Bahalaryň üýtgemegine bolan duýgurlygyň derejesi arzan bahaly harytlaryň bahasy ýokarlananda artýar, gymmat bahaly harytlaryň gymmaty artanda bolsa bu duýgurlyk peselýär.

Bahalary dogry kesgitleýän satyn alyjy, kada bolşy ýaly, ýokary girdeji alýan topara ýa-da örän pes girdejili topara degişlidir. Şeýle-de bu topara ýokary bilimliler, doly iş güni bilen üpjün edilenler, bahalar baradaky maglumatlary almaga mümkinçiligi bolanlar, mahabaty köp görenler ýa-da okanlar, köp söwda nokatlarynda bolup, haryt satyn alýanlar, bahany öwrenmek üçin söwda nokatlaryna ýörite aýlanýan adamlar degişlidirler. Bahalaryň ýokarlanan döwri bilen deňeşdirilende bahalaryň ýokarlanmagyna garaşylýan döwürde satyn alyjylar özlerini asuda alyp barýarlar. Satyn almak prosesi ýakyn adamlar ýa-da dost-ýarlar bilen bilelikde amala aşyrylanda satyn alyjynyň bahalara bolan duýgurlygy peselýär, tersine, onuň ýeke özi satyn alan ýagdaýynda ýa-da harydyň bahasy babatynda öz garaýşyna bolan ynam güýçli bolanda duýgurlygyň derejesi ýokarlanýar.

## TEST

### Hünär derejesini amala aşyrmagyň ýolunda

Köp adamlaryň agalyk etmäge ymtylmaklary hemmeler üçin düşnükli ýagdaýlaryň biridir. Ýöne şeýle häsiýetli sagdyn adam isleglériniň hökmany suratda şol derejä laýyk gelýän umumy medeni, ahlak esaslar bilen berkidilmegi, şeýle-de ylmy-hünär taýdan ygtyýarlylygyň bolmagy zerurdyr. Şeýle häsiýetleri özünde jemleýän adamlar intellektual taýdan ösen şahsyýetler diýlip häsiýetlendirilmäge mynasypdyr. Ýokarda agzalan häsiýetleriň hünär işjeňliginde uly üstünlikleri gazanmaga mümkinçilik berýändigini göz öňünde tutup, şu test hödürlenýär.

**1. Haýsy usul bilen pul gazanmak ýeňil düşýär?**

a) köp işlemek, bolup geçýän ýagdaýlardan habarly bolmak, töwekgellik etmek we bar bolan serişdeleri ulanmak;

b) biriniň mirasyna meýil etmek, lotereýa oýnamak;

ç) gulluk basgançagynyň ähli derejelerini geçip, hünär derejesini amala aşyrmak.

**2. Siziň pikiriňiz boýunça, girdejiniň haýsy möçberi dünýäniň baý adamlaryny şertnama baglaşmaga iterip biler?**

a) ýarym milliondan bir million dollara çenli;

b) on million dollara çenli;

ç) on million dollardan ýokary.

**3. Siz aşakdaky jümleleriň haýsysy bilen ylalaşýarsyňyz?**
a) puluň köp boldugyça, durmuşdan kanagatlylyk derejäň hem ýokarlanýar;
b) pul häkimligi aňladýar;
ç) puluň köplügi göripleriň sanyny artdyrýar.
**4. Ýörgünli bolan «hat boýunça» amala aşyrylýan oýnuň şertlerinden belli bolşy ýaly, hat bukjasyna puluň az möçberi salnyp, şol möçberi size tölemäge taýýar birnäçe oýunçyny tapýarsyňyz. Netijede, siziň maýa goýumyňyz birnäçe esse bolup yzyna gaýdyp gelýär. Su oýunda siz haýsy roly ýerine ýetirmäge taýýar?**
a) gatnaşjak däl;
b) gatnaşardym we girdeji gazanardym;
ç) şeýle oýunlary özüm guraýan.
**5. Dürli metbugat habarlarynyň meşhur adamlar bilen söhbetdeşlik alnyp barylýan bölüminde siz barada maglumat berilmegine siz nähili garaýarsyňyz?**
a) muňa begenerdim;
b) razylyk bermezdim;
ç) men barada şonsuzam köp ýazýarlar.
**6. Aýlawlarda siz haýsy usul bilen utuş gazanyp bolar diýip hasap edýärsiňiz?**
a) köp pul goýup, töwekgelçilik ederdim;
b) puly tygşytlardym we aýlawa diňe tomaşaçy hökmünde barardym;
ç) ýeňiş gazanan aty satyn alardym.
**7. Siziň pikiriňiz boýunça, aşakdaky hünär eýeleriniň haýsysynyň çalt baýamaga mümkinçilikleri ýokary?**
a) režissýor, aktýor, ýazyjy, suratkeş, türgen;
b) aklawçy, lukman, syýasatçy;
ç) hususy kärhananyň ýolbaşçysy.
**8. Dostlaryň arasyndaky işewür gatnaşyklara siz nähili garaýarsyňyz?**
a) zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda men diňe ynamdar dostlaryma karz bermäge taýýar. Olaryň soňra maňa-da kömegi ýeter;
b) pul bilen dostlukly gatnaşyklaryň arasynda tapawut bar. Olaryň ikisini bulaşdyrmazdym;
ç) dostlarymdan diňe pul karz alýaryn.
**9. Eger-de size millioner bolmak başardan bolsa, onda bu hakykata buýsanardyňyzmy?**
a) buýsanardym;
b) maňa ynanmadyklara we göwnüýetmezçilik edenlere göz edip, ýeten derejäme buýsanýandygymy görkezerdim;
ç) ýok.
**10. Gazanan million dollaryňyzy nähili ulanjak?**
a) gozgalmaýan emlägi, sungat eserlerini satyn alardym;
b) aksiýalar we beýleki gymmatly kagyzlary satyn alardym;

ç) aýalymyň (ýoldaşymyň) maslahat berşi ýaly ulanardym.

**11. Eger-de sizde birnäçe million serişdäňiz bar bolsa, ýene-de goşmaça pul gazanmaga çalşardyňyzmy?**

a) az möçberde bolsa hökman hem däl, ýöne puluň iri möçberinden ýüz öwürmezdim;

b) hawa;

ç) ýok.

Siziň her bir jogabyňyzýn näçe bal bolýandygyny hasaplalyň:

| Soraglar/ bahalary | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| a | 6 | 0 | 6 | 3 | 0 | 0 | 0 | 3 | 0 | 3 | 3 |
| b | 0 | 3 | 3 | 0 | 6 | 3 | 3 | 6 | 3 | 6 | 6 |
| ç | 3 | 6 | 0 | 6 | 3 | 6 | 6 | 0 | 6 | 0 | 0 |

Eger-de siz aşakdaky möçberde bal gazanan bolsaňyz, onda:

**0 – 18 bal.** Siziň üçin çalt baýamagyň iň gowy usuly – şowly öýlenmek (durmuşa çykmak) ýa-da mirasdüşer bolmak.

**19 – 42 bal.** Siziň üçin baýlyk diýen düşünje zähmet bilen baglanyşykly. Maliýe spekulýasiýalaryndan daşda duruň. Karýerany amala aşyryň, bu size başardar. Ol size millionlap girdeji getirmese-de, maddy babatda hiç zada mätäç bolmarsyňyz.

**43 – 46 bal.** Haçanam bolsa bir wagt siziň millioner bolmak mümkinçiligiňiz bar.

Siziň işewür häsiýetiňiz bolup, pul bilen dostlugy tapawutlandyryp bilýärsiňiz. Öz gazanan maddy derejäňiz barada öwnüp ýörmän, sabyrlylyk bilen öz baýlygyňyzy artdyrmaga çalyşýarsyňyz.

# IV BAP

# ÖZÜŇI ALYP BARMAGYŇ IŞEWÜR GÖRNÜŞINIŇ BARLAGLARY

## 4.1. ŞERTNAMA BAGLAŞMAGYŇ ÄHMIÝETI, AÝRATYNLYKLARY

Ykdysady işjeňligiň we adamlaryň, ýagny guramalaryň arasyndaky gatnaşyklaryň hemme görnüşlerinde – telekeçilikde, adamlar bilen kärhanalaryň gatnaşygynda, alyş-çalyş edilende özüňi alyp barmagyň işewür görnüşi uly orun eýeleýär.

Ozüňi alyp barmagyň işewür görnüşini öwrenmekde ýüze çykýan birnäçe kynçylyklara duş gelinýär. Kynçylyk döredýän meseleleriň biri hem şertnama amala aşyrylanda gepleşik geçirýänleriň maliýe töwekgelçiligini göz öňünde tutup, özlerini nähili alyp barýandyklary baradaky soraglara dogry jogap bermekden saklanýandyklary bilen baglanyşyklydyr. Pul serişdelerini paýlamak bilen baglanyşykly töwekgelçiligiň ýa-da puly ýitirmek howpunyň bolmagy, şertnama baglaşylanda özüňi alyp barmagyň ugry we kesgitsizlik şertlerinde çözgüt kabul etmek ýaly meseleler esasy meseleleriň düzümini emele getirýär. Şunuň bilen baglylykda adamlaryň ykdysady taýdan özara gatnaşyklarynda ýüze çykýan kanunalaýyklyklar meňzeş ýagdaýlarda amaly taýdan modelirlemek arkaly öwrenilýär.

Barlag amala aşyrylanda çaklama häsiýetli jogap berilýän soraglar («Eger-de…, onda …») berilmeýär. Barlaga gatnaşyjylar hakyky pul bilen baglanyşykly anyk wezipeleri çözýärler we şol çözgütlere baglylykda pul görnüşindäki baýraga mynasyp bolýarlar. Şeýlelikde, barlag geçirilende seredilýän ykdysady meseleleriň ýönekeýligine garamazdan, onda syn edilmegi mümkin bolan özüňi alyp barmagyň görnüşi hakykaty aňladýar.

Ykdysady häsiýetli şertleşikler adam toparlarynyň ähli görnüşlerinde: şahsyň, toparlaryň, guramalaryň we ýurtlaryň arasynda ýüze çykýar. Haçanda iki we ondan köp taraplaryň arasynda gabat gelmeýän bähbitler ýa-da maksatlar bar bolsa, onda olaryň arasyndaky gepleşikleri alyp barmak mümkinçiliginiň döremegi şertnama baglaşmak üçin esasy şert bolup hyzmat edýär. Şertnamanyň baglaşylmagy üçin aşakdaky goşmaça şertler zerurdyr:

- Ylalaşygyň bolmagy. Eger-de haýsam bolsa diňe bir tarapyň ygtyýarlygynda gutarnykly ýeňşi ýa-da gutarnykly ýeňlişi saýlamak hukugy bar bolsa, onda şertnama baglaşylmaýar. Şertnamany baglaşmak üçin aralyk çözgüdiň bolmagy hökmanydyr;
- Wagtlaýyn häsiýetli teklibi bermek mümkinçiliginiň bolmagy;
- Hemme taraplar kabul edýänçä wagtlaýyn häsiýetli teklipler ýagdaýyň gutarnykly netijesini kesgitlemeli däldir.

Şertleşmek hadysasy özara gatnaşyklaryň jemi hökmünde häsiýetlendirilýär. Araýan bähbitleri gabat gelmeýän taraplaryň arasynda ylalaşyk gazanmak şertnama baglaşmak boýunça mümkin bolan çözgütler dogrusynda gepleşikleri alyp barmagyň we öz aralarynda bu babatda pikir alyşmagyň netijesinde mümkin bolýar.

Işewür häsiýetli kararlaryň köpüsi kesgitsizlik şertlerinde we maglumatlaryň ýetmezçilik edýän ýagdaýynda bolup geçýär. Kabul edilýän kararlaryň mümkin bolan netijelerine baha bermek we onuň ähtimallyk derejesini hasaplamak möhüm meseleleriň biridir.

## 4.2. ŞERTNAMA BAGLAŞMAGYŇ GÖRNÜŞLERI

Iki tarapyň arasynda bolup geçýän şertnama baradaky garaýyşlary giňeltmek möhüm bolup durýar. Ikitaraplaýyn şertleşikleriň iki görnüşi tapawutlandyrylyp, olar ***paýlaýjy*** we ***birleşdiriji*** häsiýetli bolýar. Paýlamak bilen baglanyşykly şertnama maksatlaryň çaknyşmagy sebäpli dawa we bäsleşik ýagdaýynda bolup geçýär. Kesgitli bir tarapyň näçe köp pul möçberini aldygyça, garşylykly tarap şonça-da pul serişdesini az alýar. Şeýlelikde, taraplaryň arasynda jemi girdejini paýlamak, adat bolşy ýaly, şeýle häsiýetli bolýar: her tarap mümkin boldugyça köp pul serişdesini almak isleýär.

Eger-de taraplar pul paýlanyşygynda aşa gysgançlyk bildirseler, onda şertnama amala aşmaýar. Eger-de taraplarda ylalaşmak niýeti bolmadyk ýagdaýynda, onda islendik tarap gepleşikleri togtadyp bilýär. Bu ýagdaý hususy girdejiniň derejesiniň 0 (nol) bolmagyna getirýär. Paýlamak bilen baglanyşykly şertleşikleri öwrenmek maksady bilen geçirilýän barlaglarda oýun nazaryýetiniň binýatlyk ululygy ulanylýar. Bu nazaryýete laýyklykda netije beýleki adamyň saýlawyna bagly bolan ýagdaýynda optimal saýlawy öňünden görmäge mümkinçilik döredýär.

Şertleşige gatnaşýanlaryň girdejileriniň jemi (ýa-da olaryň ýitgileriniň jemi) üýtgäp durýan ululykdyr. Sebäbi gatnaşyjylar üçin olaryň netijesi ters proporsionaldyr, ýagny biri utan ýagdaýynda beýlekisi ýitirýändir. Ýöne käbir ýagdaýlarda garşydaşynyň alan girdejisine göni proporsional bolmadyk girdejini iki tarap hem gazanyp bilýär.

***Integratiw häsiýetli şertnamalar*** özara işewür gatnaşyklaryň we bähbitler babatyndaky bäsleşigiň bolmazlygy bilen häsiýetlendirilýär. Bilelikde işlemek bilen iki tarap hem öz ygtyýarlygynda bolan girdejiniň umumy möçberini artdyrmaga çalyşýarlar. Şeýle häsiýetli ýagdaýlar aksioner, ýagny paýdarlar kompaniýalaryna, öndürijiler bilen sarp edijileriň aralarynda durýan önümleri ýaýradyjylaryň (distribýutorlaryň) gatnaşyklaryna mahsusdyr.

Paýlamak bilen baglanyşykly ýüze çykýan şertleşikler, köplenç halatlarda, hakyky ykdysady ýagdaýlarda (hususan-da, bölekleýin görnüşde alyş-çalyş edilende) esasy orny eýeleýär. Şol sebäpli barlaglar geçirilende şertleşigiň paýlamak görnüşi giňden ulanylýar.

Şertnama baglaşylanda adamlaryň özlerini alyp baryşlaryny ykdysady taýdan teswirlemek «düşünjeli ykdysady adam» baradaky garaýyşlara esaslanýar. Oňa laýyklykda adam çözgüt kabul edeninde girdejileri ýokarlandyrmaga, çykdajylary bolsa azaltmaga çalyşýar. Pul gatnaşyklarynda, hususan-da, ony paýlamak prosesinde adamlar diňe öz bähbitlerini araýan we girdejilerini köpeltmek isleýän subýekt hökmünde çykyş edýärler. Eger-de onuň öňünde az almak ýa-da hiç zatsyz galmak meselesi ör-boýuna galsa, onda ol möçberine garamazdan, islendik mukdardaky puly almagy makul bilýär. Şol bir wagtda onuň üçin başga bir adamyň bähbitleri ýa-da beýleki goşmaça ýagdaýlar hasaba alynmaýar.

Birnäçe goşmaça sebäpler bilen bir hatarda şahsy we durmuş häsiýetli sebäpleriň täsiri şertleşik baglaşylýan döwürde ýüze çykýan özüňi alyp barşyň psihologik tarapyny emele getirýär. Başgalar bilen aragatnaşyk saklamagyň netijesinde adamlar hökmany suratda garşydaşynyň bolşuny hasaba alyp, şoňa görä hereket etmäge mejbur bolýarlar. Olaryň bähbitleri barada habarly bolmak, gatnaşyk saklaýan şahsyýetiň psihologiki aýratynlyklaryny içgin öwrenip, şolara görä öz hereketleriňi guramak, şeýle-de hemişe özlerini beýlekiler bilen deňeşdirip ýörmek ýaly psihologik häsiýetli ahwallar bilen baglanyşyklydyr. Egoistik ýa-da diňe öz bähbidini bilmek häsiýetiniň puly paýlamak prosesine öz täsirini ýetirýändigini belläp, adamlaryň kabul edýän çözgütlerine mundan başga-da köpsanly garaýyşlaryň täsir edýändigini nygtamak zerurdyr. Hususan-da, paýlamak prosesiniň adalatlylyk ýörelgesi esasynda amala asyrylmagy jemgyýetiň aglaba köpüsiniň ykrar edýän garaýyşlaryny aňladýar.

Adalatlylyk nazaryýetine laýyklykda adamyň goşan goşandyna görä baýrak bermek adalatly hasap edilýär. Alan netijesine baha bermek bilen, ol özüni beýlekiler bilen deňeşdirýär. Bellibir ýagdaýlarda baýragy deň paýlaşmak iki tarapyň hem isleglerine gabat gelip biler.

Kabul edilýän çözgüdiň netijeleriniň beýleki adamlaryň çözgüdine baglylygy wagtyň dowamynda üýtgemeýän birmeňzeş kanundyr. Şeýle kanunlar durmuşda köp gabat gelýär. Muňa mysal bolup jemgyýetiň agzalary tarapyndan salgyt tölemek çäresi çykyş edýär. Eger-de köpçüligiň salgyt tölemeýän şertlerinde adam salgyt töleýän bolsa, onda ol ýitgini iň köp çekýän adam bolýar: ol öz serişdesiniň kesgitli mukdaryny ýitirýär, şeýle-de ol döwlet býujetinden hem degişli paýyny almaýar. Başgalaryň salgyt töleýän şertlerinde ýeke biriniň salgyt tölegini amala aşyrmadyk ýagdaýynda salgyt tölemedik başgalaryň hasabyna iň ýokary girdejini alýar, şeýlelikde, onuň hususy serişdeleri tygşytlanýar. Ýkdysady psihologiýanyň nukdaýnazaryndan özlerini şeýle häsiýetli alyp barýan adamlar «mugt hyzmatdan peýdalanýanlar» (iňlis dilinde – «free rider», rus dilinde - «проехать зайцем») diýlip atlandyrylýar. Salgydyň hemmeler tarapyndan tölenen ýagdaýynda ykdysadyýetiň sazlaşykly ösmegi üçin zerur bolan şertler ýüze çykýar, ýagny hususy serişdeleriň az mukdarda sarp edilmegi arkaly döwlet býujeti emele gelip, ondan peýdalanmagyň esasynda jemgyýetiň ähli agzalary köp bähbit gazanýarlar.

Şertnamanyň paýlamak nusgasynyň köp ýaýran görnüşi ***aýgytly talap etmek*** arkaly geçirilýän şertnamadyr. Onuň mazmuny pul serişdeleriniň kesgitli möçberini iki tarapyň arasynda paýlamak boýunça ylalaşygyň gazanylmagyny aňladýar. Şertnama gatnaşýan bir tarapa teklip etmek hukugy berilýär, ýagny haýsy bölegiň özüne galýandygyny, beýleki tarapa bolsa näçe puluň berilmelidigini onuň özi çözýär. Ikinji gatnaşyjy saýlamak hukugyndan peýdalanyp, teklip edilýän şert bilen razylaşýar (oýun gutarýar we her kim öz paýyny alýar) ýa-da teklibi kabul etmeýär (oýun gutarýar, ýöne ylalaşygyň gazanylmandygy sebäpli, gatnaşyjylaryň ikisi hem girdeji almak hukugyndan mahrum bolýar).

Ýokarda durlup geçilen ýagdaýlarda ykdysady nazaryýetiň nukdaýnazaryndan, birinji gatnaşyjy özüne puluň köp mukdaryny galdyrmaklyga çalyşýar, ikinji gatnaşyja bolsa pulsuz galmazlyk üçin teklip edilen ujypsyz pul möçberine razy bolmakdan başga çäre galmaýar.

Günbatar ýurtlarynda ýörgünli bolan aýgytly talap etmek diýlip atlandyrylýan şertnamanyň görnüşini öwrenmegiň netijesinde, köplenç halatlarda, aýgytly teklip bilen çykyş edýän tarap jemi pul serişdeleriniň 2/3 bölegini özüne, galan 1/3 bölegini bolsa ikinji gatnaşýan tarapa bölüp berýär. Bu ýagdaý ykdysatçylaryň puly paýlamaga hukukly adamyň başardygyndan özüne köp paýy almak islegi bilen baglanyşykly çaklamalarynyň dogrudygyny tassyklaýar. Ýöne onuň diňe özüni bilmek häsiýetini çaklendirýän bir hadysa ýüze çykýar. Eger-de ol beýleki gatnaşyjynyň bähbitlerini göz öňünde tutmasa, onda ikinji tarapyň bu şertnamadan boýun gaçyrmak ähtimallygy oýnuň netijesiz gutarmagyny aňladýar.

## 4.3. ŞERTNAMA BAGLAŞYLANDA TARAPLARYŇ ÖZLERINI ALYP BARYŞLARYNYŇ PSIHOLOGIÝASY

Dürli goşmaça ululyklaryň – şahsy, durmuş häsiýetli, şertnamada ulanylýan iş haky ulgamynyň aýratynlyklary we wagt bilen baglanyşykly ululyklaryň girizilmeginden başga-da şertnama baglaşmagyň has takyk meseleleriň görnüşlerini öwrenýär. Mundan başga-da şertnamalarda seredilýän meseleleriň çözülişini ykdysady

hakykata ýakynlaşdyrmak maksady bilen durmuşda köp gabat gelýän birnäçe şertler şertnama goşulýar. Mysal üçin, iki tarapyň arasynda şertnamanyň köp gaýtalanýan şerti girizilende gatnaşýan taraplar oýnuň umumy düzgün-kadalaryny işläp düzmäge mejbur bolýarlar ýa-da çözgüt kabul etmezden ozal gatnaşyjylara söwdalaşmak şerti girizilen ýagdaýynda şertnama adatkysyndan başgaça alnyp barylýar. Sebäbi ikinji tarapa ýagdaýa görä hereket etmek mümkinçiligi berilýär. Onuň hususy girdejisi, şeýle-de beýleki tarapyň girdejisi şol mümkinçilige bagly bolýar. Bäsleşik elementiniň girizilmegi bilen, ýagny aýgytly teklip edýänlere görä ony kabul edýänleriň sanynyň az bolmagy ýa-da tersine, köp bolmagy şertnamanyň ahyrky netijesine uly täsir edýär.

Şeýlelikde, şertnamanyň baglaşylýan döwründe oňa gatnaşýanlaryň özlerini alyp baryşlarynda diňe özüni bilmek, kişi göwnüni görmek, adalatly we deň paýlamak ýaly mümkinçilikleri saýlamak hadysasy ýüze çykýar.

Durmuşda ýokarda agzalan görnüşler alyş-çalyş edilende köp duş gelinýär. Satyn alyjynyň haryt üçin töläp biljek iň ýokary bahasy we satyjynyň satyp biljek iň az bahalarynyň çäginde şertnama ýüze çykýar. Girdejini paýlamak ýa-da işewür hyzmatdaşlaryň arasynda çykdajylary paýlamak çäresi şertnamanyň paýlamak görnüşine mysal bolup biler.

Umuman, şertnama baglaşylanda adamyň özüni alyp barşyna täsir edýän sebäpler aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Şertnama gatnaşýanlaryň, köplenç halatda, gylyk-häsiýetleri, durmuş gönükdirilmeleri, olaryň ýykgyn edýän ugurlary esasy orun tutýar. Mysal üçin, gatnaşyjylaryň bäsleşige ýa-da bileleşmäge gönükdirilen meýilleriniň bolmagy, şeýle hem özüniň we garşydaşynyň pula bolan hyrydarlygy hasaba alynýar. Bu ýagdaýda adam özüni iki hili alyp barmaga ukyplydyr:

a) diňe öz bähbidini öňe süren ýagdaýynda ol garşydaşynyň pula bolan mätäçligini hasaba alyp, şol ýagdaýdan peýdalanýar we özi üçin köp girdeji gazanýar;

b) altruist[2] hyzmatdaşlyk edýän adamsyna eglişik edip, onuň hem bähbitlerini göz öňünde tutup, şoňa görä özüni alyp barýar.

---

[2] Altruist – öz hereketlerinde beýlekileriň abadançylygy barada has köp alada edýän, olar üçin öz şahsy bähbitlerinden geçmäge taýýar adam.

Şertnamada haýsy tarap bähbitli orny eýeleýän bolsa, onda şol tarapyň aljak peýdasynyň ähtimallyk derejesi ýokary bolýar. Ýagny, satyn alyjynyň eýeleýän ornunyň güýçli bolmagy söwdalaşmak prosesiniň onuň üçin bähbitli boljakdygyny aňladýar. Bu tersine bolan ýagdaýynda, satyjy bähbit gazanýar.

Şertnama baglaşylanda öz gazanýan girdejisini kesekiniň girdejisi bilen deňeşdirmek, şeýle-de zyýan çekmek ýa-da girdeji gazanmak bilen baglanyşykly ýagdaýlary subýektiw taýdan kabul etmek hadysasy möhüm orny eýeleýär. Mysal üçin, kärhananyň alan umumy girdejisi onuň işgärleriniň arasynda paýlanylanda işgäriň özüne düşýän paýyndan kanagatlanarlyk derejesi hut öz alýan paýyna ýa-da başgalaryň alýan paýy bilen öz paýyny deňeşdirişine baglydyr.

Şertnama baglaşylanda özüňi alyp barmaklyga bellibir derejede wagt taýdan çäklendirmeler hem öz täsirini ýetirýär. Wagtyň ýetmezçiligi sebäpli adam özi üçin bähbitli bolmadyk teklip bilen razylaşmak ähtimallygyny ýokarlandyrýar. Köplenç halatda, wagtyň ýetmezçiligi paýlanyşygyň deňligini üpjün edýär.

Şertnama baglaşmak hadysasyna ýokarda durlup geçilen aýratynlyklar bilen bir hatarda durmuşy sebäpler hem öz täsirini ýetirýär. Jemgyýetde agdyklyk edýän gymmatlyklar, garşydaşlaryň özara gatnaşyklarynyň (status boýunça tapawutlaryň bolmagy, dostlukly gatnaşyklar) häsiýeti, ähmiýetli adamlar bilen, ýagny şertnama baglaşmaga wekilçiligi başga birine ynanylan adamlar bilen gatnaşyklar uly orun tutýar. Dostlukly gatnaşyklar paýlanyş prosesiniň deňeçer bolmagyna ýardam berýär. Has takygy, mysal üçin, bir-birine dostlukly garaýan subýektler bileleşip, agşamlyk naharyny edinseler, onda hersiniň sarp eden möçberine garamazdan, olar çykdajylary deň paýlaşýarlar.

## TEST

**Siz nähili ýolbaşçy?**

Aşakdaky soraglara «**hawa**» ýa-da «**ýok**» diýip jogap beriň.

1. Özboluşly çemeleşmegi talap edýän meseleleri çözmegi halaýarsyňyzmy?
2. Size mahsus bolan iş endiklerinden ýeňillik bilen el çekip bilýärsiňizmi?

3. Täze işe geçmek bilen öňki işläp gaýdan ýeriňizdäki adamlar bilen aragatnaşyk saklaýarsyňyzmy?

4. Ýolbaşçylyk etmegiň ähli ýagdaýlarda ulanmaklygy mümkin bolan uniwersal usulyny özleşdirmäge çalyşýarsyňyzmy?

5. Öz tabynlygyňyzda işleýänleriň arasynda gowşaklary, orta gürpdäkileri we güýçlüleri tapawutlandyryp bilýärsiňizmi?

6. Işgärleri saýlamak meselesinde halamak ýa-da halamazlyk duýgusynyň çäklerinden çykmak size ýeňil düşýärmi?

7. Ýüze çykan ýagdaýyň özboluşlylygyna baglylykda işlemek usulyny saýlamaklygy dogry hasap edýärsiňizmi?

8. Öz tabynlygyňyzda işleýänler bilen dawaly ýagdaýlardan gaça durmak size başardýarmy?

9. Işgärleriňiziň işe bolan gatnaşygy sizde ynjalyksyzlyk duýgusyny döredýärmi?

10. Öz ýolbaşçyňyz baradaky ilkinji täsirleriň dogrudygyny durmuş tassyklaýarmy?

11. Işde duş gelinýän şowsuzlyklary siz, köplenç, özüňize bagly bolmadyk ýagdaýlar bilen düşündirmäge çalyşýarsyňyzmy?

12. Iş wagtynyň size ýetmeýändigini köp halatlarda duýýarsyňyzmy?

13. Siziň pikiriňiz boýunça, köp wagtyňyzy işgärleriňiziň arasynda geçiren halatyňyzda olara netijeli ýolbaşçylyk etmäge ýardam berermi?

14. Özüni görkezmegi başaran işgärleriň käbirine wezipäňiziň bir bölegine wekilçilik etmegi ynanarsyňyzmy?

Berlen tablisanyň kömegi bilen ballaryň möçberini kesgitläň.

| Soraglar | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Jogaplar | Ballaryň möçberi | | | | | | | | | | | | | |
| Hawa | 1 | 0 | 0 | 0 | 2 | 1 | 1 | 1 | 0 | 1 | 1 | 0 | 0 | 2 |
| Ýok | 0 | 1 | 1 | 2 | 0 | 0 | 0 | 2 | 0 | 0 | 2 | 1 | 2 | 0 |

**5 bala çenli.** Siz ýolbaşça däl-de, hünärmene meňzeýärsiňiz. Eger-de mümkinçilik bolsa, siz, iň gowusy, administratiw işden gaça duruň. Siz guramaçylygy talap edýän hünärler üçin ýaradylan. Baş hünärmeniň, baş inženeriň, baş tehnologyň wezipesini şübhelenmän ýerine ýetirip bilersiňiz.

**6-10 bal.** Ýolbaşçy hökmünde siz entek kemala gelmänsiňiz. Eger-de siziň ýolbaşçylyk edýän ýeriňizde işler öz ugruna gidip duran bolsa, onda hiç hili özgertmeleri durmuşa geçirjek bolup azara galmaň. Tejribeli adamlaryň maslahatlaryna gulak asyp, ýolbaşçylaryňyzy habardar edip durmak arkaly hereket ediň. Işgärler bilen baglanyşykly meselelere köp üns bermek maksadalaýyk hasap edilýär we köpçülik bilen bilelikde çözgüt kabul etmek maslahat berilýär. Iş ýeriňizde oňat däpleri girizmäge çalşyň.

**11-15 bal.** Siz ýolbaşçynyň administratiw tipine gabat gelýärsiňiz. Siziň egsilmez guramaçylyk ukyplaryňyz bar. Ol ukyplar işgärleri saýlamakda we ýerleşdirmekde, işi dogry meýilleşdirmekde ýüze çykýar. Her bir mesele boýunça siziň öz garaýyşlaryňyz bolup, öz pikiriňizi aýtmaga çekinmeýärsiziň. Size berilýän maslahat: iş bilen baglanyşykly ýönekeý wezipeleri işgärleriňize ynanmagy başaryň.

**16-20 bal.** Siz ýetişen, taýýar ýolbaşçy. Her bir işde siz täzeçilligi halaýarsyňyz. Sizde jemlenen göreşijiniň häsiýetleri gulluk basgançagy boýunça ösmegiňizi üpjün edýär. Ýöne öz garaýyşlaryňyzy gödek görnüşde beýan etmek häsiýetiňiz käwagt erkiňiziň duýgulara berilýändigini aňladýar. Ruhy we beden taýdan kämilleşmegiňizi dowam ediň, hünär taýdan hemişe ösüşde boluň!

# V BAP

# YKDYSADY PSIHOLOGIÝANYŇ MAKRODURMUŞ MESELELERI

## 5.1. MAKRODURMUŞ MESELELERINIŇ MAZMUNY. GARYPLYK WE MADDY TAÝDAN ROWAÇLYK HADYSALARYNYŇ SEBÄPLERI

Subýektleriň we jemgyýetiň arasynda bolup geçýän ykdysady gatnaşyklaryň netijesinde ýüze çykýan hadysalar ykdysady psihologiýanyň makrodurmuş häsiýetli meselelerini emele getirýär:

- Döwletiň alyp barýan ykdysady syýasatyna jemgyýetiň agzalarynyň gatnaşmagy, hususan-da, olaryň salgyt syýasatyny kabul edişi;
- Ilatyň iş bilen meşgullyk meselesi we işsizligiň öňüniň alnyşy;
- Adamlaryň baýlyk, garyplyk, durmuş deňsizligi we şahsy abadançylyk babatyndaky garaýyşlary;
- Zähmetiň we dynç alşyň özara gatnaşygy.

Häzirki döwürde bazar ykdysadyýetiniň ösen ýurtlarynyň köpüsinde şahsy baýlygyň jemgyýetde paýlanylyşy deň däldir. Bilermenleriň berýän bahalaryna görä, dünýäniň ilatynyň 10%-den 50%-e çenli böleginde baýlygyň 90%-i jemlenendir. Dünýä derejesinde emele gelen bu ýagdaýa adamlaryň gatnaşygy olaryň ykrar edýän garaýyşlaryna we durmuş gymmatlyklaryna bagly bolup durýar. Bu ugurda geçirilen ylmy barlaglar garyplygyň sebäplerini aýdyňlaşdyrmaga uly mümkinçilik döredýär. Şeýle häsiýetli barlaglary ilkinji bolup 1972-nji ýylda amerikan psihology Fidži geçirýär. Ähmiýetliligi boýunça garyplygyň 11 sebäbini tertipleşdirmek amerikalylaryň 1000 sanysyna hödürlenýär. Görkezilen sebäpler 3 sany topara bölünýär, ýagny:

1. Şahsy häsiýetli sebäpler, ýagny garyplyk adamyň şahsy gylyk-häsiýetlerindäki ýetmezçilikleriň esasynda ýüze çykýar. Tygşytlylygyň we puly ulanmak başarnygynyň bolmazlygy, garyp galmazlyk üçin yhlasynyň ýeterlik bolmazlygy, ahlaklylygyň pes derejesi, şeýle-de adam saglygyna zyýan ýetirýän ýaramaz endikleriň bolmagy garyplyga getirýän sebäpler diýlip hasap edilýär.

2. Gurluş taýdan ýa-da düzümleýin sebäpler, ýagny daşky durmuş-ykdysady sebäpler garyplygyň çuňlaşmagyna getirýän sebäpler hökmünde häsiýetlendirilýär. Önümçilikde we telekeçiligiň käbir ýaýrawlarynda iş hakynyň pes bolmagy, hil taýdan tapawutlanýan oňat bilim almak üçin mümkinçilikleri döretmäge jemgyýetiň ukybynyň ýetmezçiligi, diskriminasiýa, hususy kärhanalaryň ýeterlik derejede iş orunlary bilen üpjün etmäge ukybynyň az bolmagy garyplyk hadysasyny güýçlendirýän sebäpleriň hataryny emele getirýär.

3. Fatal sebäpler, ýagny durmuşyň şowsuz bolmagy garyplygyň esasy sebäpleriniň biri hasap edilýär. Fatal sebäpleriň düzümi ýarawsyzlyk we fiziki ýetmezçilik, ukyplaryň ýetmezçilik etmegi we zehiniň bolmazlygy, adam ömrüne şowsuzlygyň hemra bolmagyndan ybaratdyr.

Barlaglaryň netijesinde garyplyk adamyň özüne bagly bolan gylyk-häsiýetleriň, ýagny onuň yhlasynyň, başarnygynyň we motiwasiýasynyň esasynda emele gelýändigi ylmy taýdan subut edilýär. Soralanlaryň 53%-i şahsy sebäpleri, 22%-i düzümleýin we 18%-i fatal sebäpleri delil getirýärler. Şeýle häsiýetli netijeler Angliýada we Awstraliýada gazanylypdyr.

Ýöne garyplygyň sebäpleriniň düşündirilişinde dürli garaýyşlaryň bolmagy, köp babatda, respondentleriň (soralýanlaryň) sosiodemografik aýratynlyklaryna bagly bolup durýar. Hakykatdan-da, adamlaryň ýaşy, bilim derejesi, etniki aýratynlyklary, girdejisiniň möçberi, din we syýasy garaýyşlary garyplyk hadysasyna baha bermekde uly orun eýeleýär. Mysal üçin, ýaşlar we pes girdejili respondentler şahsy sebäpler möhüm däl diýip hasaplaýarlar. Ýewropa bileleşiginiň 12 sany döwletinde geçirilen sorag-jogaplar garyplygyň sebäplerini düşündirmekde bilim derejesiniň, girdejileriň we soralanlaryň şahsy garaýyşlarynyň arasyndaky baglanyşygy ýüze çykardy. Garyplygyň sebäplerini diňe özlerinden görýänleriň

aglaba köpüsini pes bilimliler we ýokary hilli bilim alan işsizleriň düzýändigi aýdyň bolýar. Pes girdejini alýanlara görä zähmetine köp hak tölenýänler maddy hal-ýagdaýynyň pese düşmegini maşgaladaky näsazlyklar, daş-töweregini gurşap alan erbet häsiýetli adamlar, şeýle-de işsizlik bilen delillendirýärler.

Amala aşyrylýan ykdysady özgertmeler adamlaryň garyplyk baradaky garaýyşlaryna öz täsirini ýetirýär. Mysal üçin, 1977-nji ýylda geçirilen sorag-jogabyň netijeleri şowsuzlygy we ýaltalygy garyplyga getirýän esasy sebäpler diýip görkezen bolsalar, onda 1990-njy ýylda Ýewropada işsizligiň derejesiniň ýokarlanan şertlerinde soralanlaryň aglaba köpüsi garyplygyň esasy çeşmesi hökmünde işsizlik hadysasyny belläpdirler.

Jemgyýetde ykrar edilýän garaýyşlar garyplyga özüçe häsiýetnama berýär. Dünýä boýunça garyplaryň 1/4 böleginiň ýaşaýan ýurdy bolan Hindistanda gymmatlyklaryň köpçülikleýin görnuşi agdyklyk edýär. Ýagny hindi jemgyýetiniň kastalaýyn gurluşynyň aýratynlyklary garyplygyň bu ýurtda giňden ýaýramagynyň özboluşly düşündirişi bolup çykyş edýär.

Baýlygyň sebäplerini düşündirmek hadysasy hem, köp halatda, jemgyýetçilik garaýyşlara we gymmatlyklara bagly bolup durýar. Awstriýada, Angliýada we Germaniýada baýlygyň çeşmeleri şahsy sebäpler bilen delillendirilýär. Ýöne medeniýetleriň garyşan, şeýle-de immigrasiýanyň ýaýran ýurdy bolan Awstriýada baýlyk köp derejede şahsyýetiň özüne bagly diýlip hasap edilýär. Şol bir wagtda Angliýada we Germaniýada maddy ýagdaýyň ýokary bolmagynyň esasy sebäbi maşgala-durmuş hadysalary bilen baglanyşdyrylýar.

Şeýlelikde, adamlaryň durmuş deňsizligi baradaky garaýyşlary garyplygyň we baýlygyň şahsy, durmuş sebäpleri bilen delillendirilýär.

Subýektleriň durmuş-maddy ýagdaýlary baradaky şahsy garaýyşlary başgalara şahsy häsiýetnama berlende uly orun tutýar. Munuň şeýledigine geçirilen barlaglar şaýatlyk edýär. Ýagny menzilde ýüküni ýitiren ýolagçа durmuş we şahsy häsiýetnama bermek wezipesi öňde goýlanda, sorag geçirilýänleriň köpüsi ol ýüküň eýesiniň alýan girdejisi babatynda dürli pikir ýöredipdirler we şuňa laýyklykda dürli häsiýetnama beripdirler. Has baý syýahatçylar şeýle ýolagçyny ýokary bilimli, girdejisi köp, şeýle-de şahsyýetine gyzyklanma döredip

bilýän jogapkärçilikli adamlar hökmünde suratlandyrypdyrlar. Ýöne duýgularyň arasynda oňyn häsiýete eýe bolan ýürekdeşlik, ynsaplylyk ýaly gylyk-häsiýetler syýahatçylaryň pes girdejili bölegine mahsus diýlip hasap edilýär.

Adamlaryň öz şahsy abadançylygyna berýän bahasy, köp halatda, olaryň durmuşdan kanagatlylygynyň umumy derejesine bagly bolup, şol bir wagtda onuň dürli taraplaryny öz içine alýar. Aýratyn ylym hökmünde ykdysady psihologiýa subýektiň öz maddy ýagdaýyna berýän bahasy bilen onuň durmuşynyň ykdysady tarapynyň arasyndaky baglanyşygy bilen gyzyklanýar. Şahsy abadançylygy kabul etmegiň nazaryýetiniň birnäçe görnüşleri bolup, olar subýektiw baha bermegiň durmuşda gabat gelýän dürli görnüşleriniň bardygyna şaýatlyk edýär. Ösüş häsiýetli nazaryýetiň subut etmegine görä, şahsy abadançylygy kabul etmegiň derejesi adamyň oňyn we oňyn däl tejribesine bagly bolup durýar. Oňyn duýgularyň köp bolmagy we keýpleriniň sapa bolmagy durmuşa oňat baha bermeklige sebäp bolýar. Başdan geçirýän duýgularynyň häsiýetine laýyklykda ynjalyksyzlyk döredýän ýagdaýlar adamyň öz abadançylygyna ýaramaz baha bermegine getirýär. Şahsyýetiň duýgulary onuň bolup geçýän ýagdaýa bolan gatnaşygyna, temperamentine bagly bolýar.

***Ykdysady nazaryýetiň*** nukdaýnazaryndan adamlaryň abadançylygyny obýektiw ýagdaýlar kesgitleýär, ýagny olaryň ykdysady hal-ýagdaýynyň derejesi girdejä bagly bolup durýar. Gündelik wakalaryň häsiýeti, mysal üçin, işe ýerleşmek, maliýe ýagdaýyň öňki we häzirki döwürdäki derejesi, öz durmuşynyň ykdysady taraplarynda bolup geçjek üýtgeşmeler abadançylyga berilýän baha täsir edýän hadysalardyr.

***Maksada gönükdirilen nazaryýet*** adamyň abadançylygyny onuň durmuşda gazanan gymmatlyklaryna: bagt, söýgi, howpsuzlyk, erkinlik, içki sazlaşygy gazanmak, beýlekiler bilen ýakynlaşmak we ş.m. görä baha berýär.

***Uýgunlaşmak nazaryýetiniň*** tarapdarlary psihologik taýdan öwrenişmek, durmuşyň akymyna görä özüňi alyp barmaklyga çalyşmak şahsy abadançylygyň derejesiniň ýokary bolmagyna mümkinçilik döredýän sebäp hökmünde häsiýetlendirýärler.

***Baha bermegiň kriteriýalarynyň nazaryýeti*** abadançylygy absolýut manyda däl-de, eýsem, otnositel görkezijileriň üsti bilen aňladýar. Subýektiň şahsy abadançylygyna berýän bahasy öz durmuş wakalary bilen deňeşdirmegiň esasynda bolup geçýändigi bilen tapawutlanýar. Ýagny, ol öz maddy ýagdaýyny beýlekileriň ýaşaýyş derejesi bilen, şeýle-de häzirki maddy abadançylygy öňki dereje we garaşylýan dereje bilen deňeşdirýär. Mysal üçin, maddy babatda özünden pes derejeli adamlar bilen deňeşdirilende subýektiň öz şahsy abadançylygyndan kanagatlanma duýgusy ýokarlanýar.

## 5.2. SALGYT TÖLEMEK BILEN BAGLANYŞYKLY ADAMLARYŇ ÖZÜNI ALYP BARŞY

Adamlaryň we döwletiň arasynda ýüze çykýan ykdysady gatnaşyklarda uly gyzyklanma döredýän mesele kanun esasynda salgyt tölemäge borçly bolan raýatlaryň salgyt tölemekden boýun gaçyrmaga çalyşmagy bilen baglanyşyklydyr.

Ykdysady psihologiýada salgyt tölemek çäresinden boýun gaçyrmak bilen baglanyşykly özüňi alyp barmagyň sebäplerini düşündirýän nusgalar iki görnüşden ybaratdyr:

*Birinjiden,* salgyt syýasatyny kabul etmegiň şahsy aýratynlyklarynyň bolmagy. Şunuň bilen baglylykda şahsyýetiň gönükdirilmeleri we ynamlary şahsy häsiýete eýe bolýar.

*Ikinjiden,* salgyt syýasatynyň, şeýle-de ony administrirlemegiň dürli taraplaryny öz içine alýar.

Ştrýumpeliň nusgasynda bu hadysa düşündirilende salgyt bilen baglanyşykly «pikirleriň ugrukdyrylmagy» diýen düşünjeden peýdalanylýar. Ol salgyt ýygnaýjylaryň we salgyt töleýjileriň kadalaryny we ýörelgelerini öz içine alýar. Onuň nusgasynda salgyt töleýjileriň geçirimliligi, ýagny öz borçlaryny ýerine ýetirmäge öz islegi boýunça girişmek iki sany özbaşdak ululygyň esasynda emele gelýär, ýagny:

1) Salgyt salmak syýasatynyň gazaply häsiýetiniň bolmagy. Salgydyň möçberi we jerimeleriň derejesi býurokratiýa babatynda salgyt syýasatyny amala aşyrýan guramalar bilen salgyt töleýjileriň arasyndaky bar bolan gapma-garşylygy görkezýär.

2) Hyzmatdaşlyga taýýar bolmak salgyt ulgamynyň we oňa degişli görkezmäniň şahsyýet tarapyndan kabul edilişinden ybarat bolýar.

Hyzmatdaşlyga bolan taýýarlyk salgyt töleýjileriň geçirimliligini gazanmaga oňyn täsir edýär. Ýöne salgyt salmagyň gazaplylygy ikitaraplaýyn täsirden ybaratdyr:

• Bökdeýji serişde hökmünde çykyş edýär we şonuň bilen bir hatarda salgyt tölemek hadysasyna öz oňyn täsirini ýetirýär.

• Hyzmatdaşlyga bolan taýýarlyk derejesine amatsyz täsirini ýetirip biler.

Salgyt töleýjiler tarapyndan ýöredilýän görkezmäniň üýtgemek häsiýetine laýyklykda salgyt töleýjileriň 3 tipi ýüze çykaryldy, ýagny:

– baýrak almak maksady bilen, şeýle-de jezalandyrmakdan gaçmak meýli bolan ýagdaýynda adama täsir edip bolýar. Netijede, geçirimlilik ýüze çykýar we ol bökdemegiň klassyky görnüşini emele getirýär;

– özüni beýlekiler bilen deňeşdirmek hadysasy referent toparyň ykrar edýän kadalaryna laýyk gelmek maksady bilen amala aşyrylýar. Ýagny, olar beýlekileriň täsirine düşmekligi özüniň toparda ykrar edilmegini gazanmaga mümkinçilik döreden ýagdaýynda dogry hasap edilýär. Netijede, bu olara kanagatlanma duýgusynyň emele gelmegine ýardam berýär;

– şahsy gymmatlyklar ulgamyna laýyk gelýän özüňi alyp barmak olara täsir etmegi aklaýan sebäp diýlip hasap edilýär. Bu ýerde jezalandyrmak diňe öz ynsabyň öňünde özüňi ýazykly duýmak hadysasy bilen delillendirilýär. Salgyt ulgamyna şahsyýetiň uýgunlaşmagy diňe ýokarda görkezilen 3 sany prosesi öz içine alman, eýsem, ol ideologik we durmuşy referent düzümlerden hem ybaratdyr.

Bu ugurda Spaýser tarapyndan XIX asyryň 80-nji ýyllarynda geçirilen ylmy barlaglar uly ähmiýete eýedir. Ol öz nusgasyny işläp düzende bökdemek, adalatlylyk we referent toparlaryň nazaryýetlerinden ugur alypdyr.

**Referent topar** – topar tarapyndan ykrar edilýän we topara degişli bolmagyny üpjün edýän şahsyýetiň özboluşly gymmatlyklarynyň we özüňi alyp barmagyň nusgasynyň emele gelmegine düşünilýär. Başgaça aýdylanda referent toparlar normatiw wezipäni ýerine ýetirýär.

Salgyt syýasatyna şahsyýet tarapyndan garşylyk görkezilmegi şahsyýetiň özüni degişli hasap edýän referent toparynyň ykrar edýän görnükdirilmelerine, şeýle-de salgytlaryň paýlanylyşynyň adalatlylygynyň kabul ediş derejesine bagly bolup durýandygy geçirilen barlaglaryň netijesinde subut edilendir. Salgyt ýygnamagyň esasynda jemlenen pul serişdeleriniň durmuş ulgamyna gaýtadan paýlanylmagy subýekt tarapyndan salgyt syýasatynyň adalatly diýlip baha berilmegine esas döredýär.

Salgyt tölemek çäresine raýatlaryň boýun bolmak prosesi şu aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

- Kanunçylygy berjaý etmek, ýagny subýekt tarapyndan kanunlaryň berjaý edilişiniň netijeliliginden, raýatlaryň öz hukuk borçlaryna düşünmeginiň we ony kabul etmegiň derejesinden ybaratdyr;
- Adamlar tarapyndan salgyt etikasynyň ýerine ýetirilmegi, raýatlaryň salgyt töleýji hökmünde özüni alyp barşyny düzgünleşdirýän subýektiw kadalaryň toplumy;
- Salgyt tölemegiň mümkinçilikleri we anyk ýagdaýlar bilen baglanyşykly sebäpleriň bolmagy, ýagny girdejiniň derejesi, işsizligiň derejesi, salgyt derejeleri, salgyt guramalarynyň işiniň netijeliligi.

Bu üç sebäpleriň özara gatnaşygy salgytlary tölemek bilen göni baglanyşykly bolan salgyt tölemek borçlaryna berýän bahasyna täsir edýär. Salgyt tölemek çäresinden boýun gaçyrmak hadysasy durmuşda duş gelinýän gündelik wakalaryň we şahsy gylyk-häsiýetleriň arasyndaky özara gatnaşykdan ybarat bolup durýandygy barlaglaryň esasynda subut edildi. Seredilip geçilen barlaglarda şahsy häsiýetleriň arasynda özüne we başgalaryň özüni alyp barşyna bolan gözegçiligi amala aşyrýan gözegçilik lokusy saýlanylyp alynýar.

**Şahsyýetiň gözegçilik ukyby** – bu şahsy durmuşda gabat gelýän üstünlikleriň we şowsuzlyklaryň sebäpleriniň adamlar tarapyndan düşündirilende içki ýa-da daşky ýagdaýlar bilen baglanyşdyrylmagyndan ybaratdyr.

Şahsy jogapkärçiliginiň ýokary derejesi bilen tapawutlanýan adamlar, ýagny gözegçilik ukyby ýokary bolanlar salgyt ulgamyna hoşniýetli garaýarlar. Ýöne olaryň arasynda psihologiýanyň nukdaýnazaryndan gyzykly bolan bir hadysa ýüze çykarylýar, ýagny bilim derejesi pes bolanlara görä ýokary bilimlileriň salgyt tölemekden, köplenç, boýun gaçyrýandyklary aýdyň bolýar.

Geçirilen barlaglaryň netijesinde dürli kärdäki adamlaryň salgyt tölemek bilen baglanyşykly motiwasiýasynyň 6 görnüşiniň bardygy ýüze çykaryldy, ýagny:

a) ykdysady taýdan peýdalylygy;

b) salgyt departamentiniň öňündäki gorky (onuň sanksiýalarynyň öňünde däl-de, býurokratik çylşyrymlylyk bilen baglanyşykly gorky);

ç) salgyt tölemekden boýun gaçyrmaklyga degişlilikde ahlak garaýyşlaryň giň bolmagy;

d) syýasy häsiýetli gönükdirilmeler (hökümete bolan ynamsyzlyk);

e) durmuş taýdan deňeşdirmek;

ä) salgytlar babatynda şahsy gözegçiligi amala aşyrmak.

Nagt pullar bilen, şeýle-de esasy iş hakyndan däl-de, goşmaça işden alnan girdejiden tölenen salgyt onuň eýesi üçin uly ähmiýete eýe bolýar. Şol sebäpli subýektde uly gynanç duýgusyny emele getirip, ol ony gizlemäge çalyşýar. Girdejini gizlemekde her bir mümkinçiliklerden peýdalanylýar.

Ykdysady psihologiýanyň makroykdysady meseleleriniň göwrümi adam bilen döwletiň arasyndaky gatnaşyklaryň täze ugurlaryny oz içine almak bilen giňeýär. Tebigy resurslary ulanmak bilen baglanyşykly meseleler makrodurmuş meseleleriniň täze ugruny emele getirýär.

## 5.3. TÜRKMEN MENTALITETINIŇ YKDYSADYÝETDE ÝÜZE ÇYKYŞ AÝRATYNLYKLARY

Häzirki döwürde Türkmenistanda bolup geçýän durmuş-ykdysady özgertmeleriň netijeleri köpleri haýran galdyrýar. Birnäçeleri bu hadysany «türkmen gudraty» diýip atlandyrsalar, başgalar bu ösüş depgininiň sebäbini ykdysady ulgamdan gözleýärler. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe türkmen jemgyýetinde bolup geçýän durmuş-ykdysady hadysalary diňe bir ykdysady ýa-da durmuş kadalarynyň esasynda ölçemek ýeterlik däldir. Bu hadysany gaýry taryhy we etniki şertlerde emele gelen ykdysady taglymatlar bilen hem düşündirmek mümkin däldir.

Ykdysadyýeti ösdürmegiň «türkmen ýoly» türkmen milletiniň asyrlar boýy kemala gelen we häzirki döwürde-de jemgyýetçilik tarapyndan ykrar edilýän ýörelgelerinden, kada-kanunlaryndan ugur alýar.

Dünýä hojalygynyň globallaşýan şertlerinde bazar gatnaşyklarynyň giňden ýaýbaňlanmagy milli ykdysadyýetiň ileri tutulýan ugurlaryna, onuň ösüş depginlerine özboluşly üýtgetmeleri girizýär. Milli ykdysadyýetiň çäklerinde dünýä hojalygyna goşulyşmak, halkara zähmet bölünişiginde mynasyp ornuňy tapmak wezipesi ýurduň içki mümkinçiliklerini emele getirýän sebäpleri dogry peýdalanmak meselesini öňe çykarýar.

Türkmen jemgyýetini döwrebaplaşdyrmak syýasatyna eýerip, hojalygy ýöretmegiň bazar usullaryny çalt depginler bilen ösdürmek ykdysady özgertmeleriň özenini düzýär. Birnäçe alymlaryň pikirine görä, bazar gatnaşyklaryna geçmekde esasy bökdençlikleri döredýän hadysa – bu adamlaryň psihologiýasy, onuň aňy bilen baglanyşykly meselelerdir. Sagdyn bazar ýörelgelerini ykrar edip, şoňa görä durmuş ýörelgesini işläp düzjek we şol ýörelgelere laýyklykda ýaşajak nesli terbiýelemek üçin wagt zerurdyr. Munuň şeýle bolmagy adam aňyýetinde wagt içinde üýtgemesi kyn bolan ýa-da aslynda üýtgemeýän durmuş gymmatlyklarynyň bolmagy bilen delillendirilýär. Ol gymmatlyklar, öz gezeginde, adamyň özüni alyp barşynyň ähli taraplaryny tertipleşdirýän ululyk hökmünde çykyş edýär.

Psihologiýa ylmynda islendik milletiň aňyýetine mahsus bolan aýratynlyklar «mentalitet» adalgasynyň kömegi bilen aňladylýar. Mentalitetiň emele geliş we hereket ediş aýratynlyklary babatynda durlup geçilse, onda mentalitet adam psihologiýasyna degişli bolup, «aňyň gurluşy» ýa-da «oýlanmak, pikir etmek» diýen manyny berýär. Onuň emele gelmeginde taryhy hadysalaryň, ekologiýanyň, medeniýetiň we diniň orny uludyr. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan 2016-njy ýylyň Mirasa sarpa goýmak, Watany özgertmek ýyly diýlip yglan edilmegi türkmen milletiniň asyrlarboýy döreden ruhy, ahlak we medeni gymmatlyklarynyň durmuşyň dürli ugurlarynda adamyň özüni alyp barşyny kesgitleýän gymmatlyklardygyny, diňe şolara esaslanyp, ýurdumyzy hil taýdan tapawutlanýan täze derejelere ýetirmegiň mümkindigini aňladýar.

5. Sargyt № 2670

Dünýä dinleriniň her bir görnüşinde ahlak esaslar jemlenendir. Islendik halkyň kesgitli dini saýlap alanda onuň şol milletiň içki dünýäsine gabat gelmegi esasy şertdir. Haçanda halkyň nesilden-nesle geçmäge ukyply bolan ruhy gymmatlyklary bilen diniň ahlak esaslary gabat gelen ýagdaýynda, şol gymmatlyklaryň arasynda tebigy sazlaşyk emele gelýär. Ýagny, gymmatlyklaryň yzygiderlilik, köp wagtyň dowamynda saklanyp galmak ýaly häsiýetleri olaryň durmuşa ukyplylyk hukugyny üpjün edýär. Bu hadysa başgaça «halkyň hakydasy» diýip at berilýär. Şol hakyda laýyklykda millet öz durmuş çägini belleýär, ýagny:

*birinjiden*, jemgyýetde ygtyýar edilen düzgünleriň çägi, şol bir wagtda köpçülik tarapyndan ýazgarylýan hereketleriň çägi kesgitlenilýär;

*ikinjiden,* şol hakyda üçin nätanyş hadysa ýa-da gymmatlyklar bolsun, parhy ýok, her bir zat onuň saýlama eleginden geçirilýär. Ahyrky netijede onuň manydaşy, meňzeşi seçilip alynýar. Şular ýaly psihologik aýratynlyklar ykdysatçylar tarapyndan göz öňünde tutulmaly hakykatdyr we bu bilimler ykdysadyýetiň netijeliligini artdyrmaga ýardam berýär.

«Ykdysadyýet» diýen düşünjäniň asyl manysy «öý hojalygyny ýöretmek» diýen manyny aňladýar we ol adamyň iýmek-içmek, geýinmek ýaly möhüm isleglerini kanagatlandyrýar. Ýöne hojalygy ýöretmegiň usullary boýunça döwletler özara deňeşdirilende olar bir-birine meňzeş bolmaýarlar.

Bu aýratynlyklar birnäçe täsir ediji güýçleriň esasynda emele gelýär. Şolaryň içinde tebigy şertler bilen baglanyşykly bolan sebäpler durmuş-ykdysady gatnaşyklarda köpsanly düşnüksiz hadysalary aýdyňlaşdyrmaga mümkinçilik döredýär. Häzirki döwürde gündelik sözlügimizde uly orun tutýan ekologiýa ýa-da tebigy gurşawy aňladýan sebäbe seredilip geçilse, onda onuň özboluşly häsiýetiniň şol ýerde ýaşaýanlara öz täsirini ýetirýändigi aýdyň bolar. Olaryň ikitaraplaýyn täsiri şundan ybaratdyr:

*Bir tarapdan,* tebigat bilen adamyň arasynda zerur bolan alyş-çalyş etmek, tebigata mahsus bolan howa ýagdaýyna uýgunlaşdyrmak adamda kesgitli gylyk-häsiýetleri döredýär. Ýowuz tebigy şertlerde ýaşaýanlarda «göreşijiniň» sypatyna laýyk gelýän diňe özüňe bil bagla-

mak, tutuk häsiýetiniň bolmagyny üpjün edýän bolsa, tersine, durnukly howa şertleri parahat, kanagatly, ynjalykly edim-gylymlary döredýär.

*Beýleki tarapdan,* adamyň tebigata bolan gatnaşygy bilen baglanyşykly häsiýetler öz gözbaşyny din çeşmesinden alyp gaýdýar. Musulman ýurtlarynda Ýewropa we beýleki ýurtlara garanyňda ekologiýanyň hapalanmagy bilen baglanyşykly meseleleriň derejesiniň pes bolmagy olaryň uýýan dininiň aýratynlyklary bilen düşündirilýär, ýagny dini ýazuw çeşmelere ser salsak, onda hristian ahlak kadalarynda tebigaty ulanmak, ony özüňe boýun egdirmek Injilde ýazylan esasy düşünjelerden gelip çykýar. Oňa laýyklykda adama tebigatyň üstünden höküm sürmek hukugy berlendir.

Yslam dini tebigaty ýaradylan gymmatlyk diýip ykrar edýär, şonuň üçin ony aýap saklamak, harlamazlyk adama buýrulandyr. Adam özüniň öndürmek we sarp etmek hukugyny tebigat bilen baglanyşykda durmuşa geçirýär. Tebigatyň aýratynlygyna görä hojalygyň kesgitli görnüşi ýüze çykýar (daýhançylyk, maldarçylyk, awçylyk) we ony ýöretmegiň usulynyň seçilip alynmagy netijesinde, kämil görnüşe eýe bolýar. Şol bir zadyň köp gaýtalanmagy aňda çuňňur gatlaklary emele getirýär. Wagtyň geçmegi bilen «aňşyrylmaýan filosofik ulgam» adamyň özüni alyp barşyna täsir edýär.

**Mentalitet** – bu özüňi alyp barmagyň gymmatlyklarynyň we düzgünleriniň toplumy bolup, ol şahsyýeti jemgyýet bilen baglanyşdyrýan göze görünmeýän güýçdür.

«Mentalitet» diýen düşünjäniň manysyna has cuňňur göz ýetirmek üçin mysala ýüzlenmek maksadalaýykdyr. Ýagny, durmuşda gabat gelýän islendik wajyp mesele çözülende şol meseläniň dogry çözgüdini tapmagyň birnäçe ugurlary bolýar. Ýöne şol ugurlaryň içinde haýsam bolsa biriniň saýlanylyp alynmagy, hut şol saýlawyň özi «mentalitetiň» özboluşlylygyndan habar berýär. Başgaça aýdylanda, meseläniň çözgüdini tapmak, saýlamak mentalitetiň emele getirýän gymmatlyklaryna görä bolup geçýär. Hususan-da, türkmen mentalitetiniň aýratynlyklaryna laýyklykda şahsyýetiň içki düzümine bitewülik häsiýet mahsus bolup, ol daşky dünýä bilen gatnaşyk edende şol bitewülikden ugur alýar.

Durmuş gymmatlyklary iki sany görnüşden ybaratdyr. Olaryň birinjisi wagt diýen ölçege tabyndyr we ol ykdysady, durmuş şertleriniň

özgermegi bilen öz mazmunyny üýtgedýär. Şeýle häsiýetli gymmatlyklara «üýtgeýän» gymmatlyklar diýilýär. Munuň tersine, wagt içinde üýtgemeýän ýa-da üýtgemesi örän haýal bolup geçýän gymmatlyklar toplumyna «hemişelik» diýlip at berilýär we olar aňyň «özenini» emele getirýär. Ykdysadyýeti ösdürmegiň «türkmen nusgasy», ýagny ilatyň durmuş derejesini gowulandyrmak, jemgyýetiň beýleki bazar şertlerine geçýän ýurtlardaky «has baý» ýa-da «has garyp» gatlaklara bölünmek howpuny aradan aýyrýan birnäçe çäreleriň döwlet tarapyndan alnyp barylmagy bilen baglanyşykly aýratynlyklar hut türkmen mentalitetine degişli ýol-ýörelgelerdir. Şoňa görä ýurdumyzda alnyp barylýan ykdysady syýasat türkmen mentalitetine kybapdaşdyr we halkyň aň-düşünjesiniň eýlenen görnüşidir.

Ilkinji nobatda, türkmen dünýägaraýşynyň nukdaýnazaryndan çen tutsak, şahsyýetiň özüni alyp barşynyň ykdysady tarapyny sap görnüşde göz öňüne getirmek kyn meseleleriň biridir. Sebäbi, bir tarapdan, şahsyýeti emele getirýän durmuş gymmatlyklary wagt içinde ýoýlan hem bolsa, entek ol öz «bitewüligini» saklaýandygy bilen düşündirilse, beýleki tarapdan, türkmen aňynda ykdysady bähbitler kesgitleýji orun tutmaýarlar. Ýöne «bähbitleriň» maksat hökmünde göz öňüne getirilmän, eýsem, serişde hökmünde çykyş etmegi bellärliklidir.

Türkmen jemgyýetinde «baýlyga», maddy üpjünçilige hususy garaýyş bolup, däp bolan ykdysady düşünjeler jemgyýet tarapyndan ahlak, ynsap dolagyna dolanýar. Garaýyşlar ulgamy bilen baglanyşykly bolan bu hadysany ykdysady medeniýet diýip atlandyrmak hem bolar. Muňa mysal edip, «baý» we «döwletli» adamlaryň keşpleri sypatlandyrylanda «döwletli» adamyň türkmeniň içki dünýäsine has-da gabat gelýändigi bellärliklidir. Şoňa görä hojalyk gatnaşyklarynyň dürli çäklerinde «maddy» we «ahlak» ölçeglerine esaslanyp baha bermek utgaşykly dowam etdirilýär we bu hadysa şahsyýetiň bitewüligini emele getirýär.

Türkmenlerde bol-telkilige ahlak taýdan baha berlende, onda barly adamlaryň iki görnüşi aýyl-saýyl edilýär. Olaryň birinjisi özleriniň maddy taýdan gurply bolmagy arkaly sogap işlerini köpeldýärler. Olaryň gurply bolmagyna ahlaklylyk derejesiniň ýokary bolmagy sebäp bolýar we ol egsilmez baýlyk hökmünde görkezilýär. Şeýle adama «döwletli» adam diýilýär. Ikinji häsiýetli adamlar ep-esli emlägiň

we serişdeleriň gopbam eýelerinden ybarat bolup, olaryň bar küýi--pikiri diňe şahsy peýda görmeklige gönükdirilendir. Olar bary-ýogy gurply adamlardyr.

Ikinjiden, mentalitetiň aýratynlygy zähmet ýaýrawynda ýüze çykýar. Adat bolşy ýaly, ykdysadiýetiň esasyny zähmet düzýär. Ýone onuň adam üçin nähili mana eýedigini kesgitlemek bu meselä aýratyn öwüşgin berýär.

Zähmet diýen düşünje adamzat taryhy ýaly gadymydyr, şeýle hem ol döwrebapdyr. Sebäbi, bir tarapdan, ol adamyň kämil adam bolup ýetişmegine täsir edýän serişdedir, beýleki tarapdan, häzirki döwürde halal zähmetiň zerurlygy milli ýörelgeleriň derejesine ýetirilendir.

Halal zähmetiň adama berýän artykmaçlyklary örän köpdür, ýagny ol maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmakdan başga-da içki ynamda, kanagatlylykda, galyberse-de, geljekki nesliň abadan dowamatyny üpjün etjek delil hökmünde-de çykyş edýär.

«Zähmet siňdirilmedik ýeriň ady ýok» diýlişi ýaly, türkmen mentalitetinde zähmet siňdirilip, gazanylan mülk halal hasap edilýär. Bu nukdaýnazar diňe bir dini düşünjeler bilen baglanyşykly bolman, eýsem, ol adam aňy bilen düşündirmesi kyn bolan çäge degişlidir. Aşa hars urmak hojalyk gatnaşyklarynda ýazgarylýan häsiýetleriň biridir. Türkmenlerde şeýle adamlara «nebsi adamçylygyndan öňe geçen» diýilýär. Harsydünýälik diňe girdejini köpeltmäge gönükdirilendir we ol wagt içinde üýtgemeýän gymmatlyklaryň ölçegine laýyk gelmeýär. Türkmen medeniýetinde ene-atanyň çagalar bilen gatnaşygy, ýagny maşgala meselesine bolan garaýyş, onuň maddy üpjünçiligine bolan garaýyş mentalitetiň üçünji ýüze çykyş aýratynlygyny düzýär.

Häzirki döwürde türkmen döwletinde gazanylan we geljekde gazanyljak üstünlikleriň sebäbini maşgala gatnaşyklarynyň aýratynlyklaryndan gözlenilse maksadalaýyk bolar. Türkmen mentalitetiniň nukdaýnazaryndan çen tutulsa, türkmen üçin Watan, maşgala, abraý ýaly gymmatlyklardan gaýry mukaddeslikler ýokdur.

Jemgyýetde däp bolan köpçagalylyk diňe bir ene-atanyň garrylygyny üpjün etmegiň kepili bolup çykyş etmän, eýsem, ol nesil daragtynyň dowamlylygyny üpjün edýän gymmatlyk bolup durýar. Türkmen maşgalasynyň gurluşy, onuň agzalarynyň arasyndaky mah-

sus bolan gatnaşyklar, olary düzgünleşdirýän kadalar, maşgalanyň ähmiýet berýän durmuş gymmatlyklary – bularyň hemmesi ykdysady netijelerimiziň mizemez binýadyny emele getirýär.

Ula sarpa goýmak, kiçini sylamak, ene-ata hormat goýmak, maşgalanyň abraýyny oňat işler bilen arşa götermek ýaly häsiýetler türkmen mentalitetiniň binýatlyk ululyklarydyr. Türkmen maşgalasy gurluşy boýunça «klan» maşgala hasap edilýär, ýagny bir maşgalada birnäçe nesilleriň wekilleri jemlenip, ol garry enedir garry atanyň, ene-atanyň we çagalaryň bileleşip ýaşaýandyklaryny aňladýar.

Maşgala durmuş instituty bolup, onuň öz düzgüni, ähmiýet berýän durmuş gymmatlyklary bardyr. Şol «barlygy» durmuşa geçirmek üçin agzalaryň arasyndaky ylalaşyk zerurdyr. Ol ylalaşyk ýazylmadyk kanunlaryň esasynda amala aşyrylýar, ýagny ol «aň» diýen düşünjäniň çägine degişlidir. Maşgalanyň her bir agzasy şol ýazylmadyk kanunlara laýyklykda öz hereketlerini we alyp barşyny düzgünleşdirýär.

Ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň tejribesine ser salsak, her bir işgär öz garrylygyny, ýüze çykmak ähtimallygy ýokary bolan ýarawsyzlygyny üpjün etmek üçin durmuş ätiýaçlandyrmasynyň dürli görnüşlerini emele getirmäge gatnaşýar we ondan peýdalanýar.

Maşgalasynda ylalaşyk bolup, özüni şonsuz göz öňüne getirmeýän, ýagny maşgalanyň öňünde jogapkärçiligi duýýan şahsyýet üçin ýörite guralan durmuş ätiýaçlandyryş guramasynyň hyzmatyndan tizden-tiz peýdalanmak zerurlygyny aradan aýyrýar. Sebäbi şeýle häsiýetli borçlary bellibir derejede maşgala öz üstüne alýar. Ýöne bu aýdylanlar ýokarda agzalan guramalaryň zerurlygyny aradan aýyrman, eýsem, şuňa meňzeş borçlaryň, ilkinji nobatda, maşgalada emele gelýändigini bellemek maksadyndan ugur alynýar.

Şeýlelikde, durmuş ätiýaçlandyryş guramalarynyň ykdysady taýdan ösen ýurtlarda ýüze çykmagyna durmuş-ykdysady zerurlygyň bolandygy aýratyn bellärliklidir.

Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe ykdysadyýetiň medeni-durmuş taraplaryny öwrenmäge berilýän ähmiýet uludyr. Sebäbi käbir ykdysady hadysalary diňe bir ykdysady taglymatlaryň kömegi bilen düşündirmek ýeterlik däldir. Türkmen mentalitetiniň ýüze çykyş aýratynlyklarynyň makroderejede beýan edilmeginiň sebäbi öwrenil-

ýän meseläniň Türkmenistanyň şertlerinde entek ýeterlik derejede öwrenilmändigi bilen düşündirilýär.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Ykdysady psihologiýadan başga haýsy ylym ykdysady özüňi alyp barmak prosesini düşündirmekde durmuşy ylmyň bilimlerinden peýdalanýar?
2. Ykdysady özüňi alyp barmak hadysasy öwrenilende ykdysady we psihologik çemeleşmeleriň arasynda nähili tapawut bar?
3. Ykdysady psihologiýanyň predmeti nämeden ybarat we haýsy ugurlarda barlaglar geçirilýär?
4. Ykdysady özüňi alyp barmagyň psihologik we ykdysady esaslary haýsylar?
5. Adamlaryň pula bolan gatnaşyklary näme bilen kesgitlenilýär?
6. Karza batýan adamlaryň psihologik keşbini suratlandyryň.
7. Sarp edijileriň haýsy görnüşleri bar?
8. Haryt satyn almagyň nähili motiwleri bar?
9. Satyn alyjynyň özüni alyp barşynyň strategiýasynyň delillerini düşündiriň.
10. Maglumaty täzeden işlemegiň haýsy tapgyrynda satyn aljak harydyňy saýlamak mümkin?
11. Satyn alyjy tarapyndan harydyň bahasynyň kabul edilişi näme bilen kesgitlenilýär?
12. Şertnamanyň haýsy görnüşleri bar?
13. Şertnama baglaşylanda özüňi alyp barmagy öwrenmegiň nähili nusgalary bar?
14. Ykdysady şertnama baglaşylanda adamyň özüni alyp barşyna näme täsir edýär?
15. Baýlygyň we garyplygyň sebäpleri haýsy motiwler arkaly düşündirilýär?
16. Adamlaryň öz abadançylyklaryny kabul edişlerine we oňa berýän bahalaryna näme täsir edýär?
17. Salgyt tölemekden boýun gaçyrmaklyga haýsy psihologik sebäpler täsir edýär?

# VI BAP

# TELEKEÇILIGIŇ PSIHOLOGIÝASY

## 6.1. TELEKEÇILIK HADYSASY: YKDYSADY WE PSIHOLOGIK UGURLARYŇ ARABAGLANYŞYGY

«Telekeçilik» diýen adalgany kesgitlemegiň zerurlygy häzirki zaman ylmynda bu hadysanyň mazmuny barada ýeke-täk kesgitlemäniň bolmazlygy bilen delillendirilýär. Bu ýagdaýyň esasy sebäbi aşakdakylardan ybaratdyr, ýagny:

- telekeçilik jemgyýetçilik ösüşiniň taryhynda täze hadysadyr;
- ösüş häsiýetine eýe bolan hadysa bolandygy sebäpli, telekeçilik üýtgeşmelere sezewar bolýar. Netijede, dürli taryhy, ykdysady we durmuş-medeni şertlerde çuň aýratynlyklara eýe bolýar;
- bu çylşyrymly, köpugurly hadysa bolup, ykdysady, sosial we psihologik taraplardan ybaratdyr.

Telekeçilik hadysasynyň seljermesi, şol bir wagtda bu adalganyň kesgitlenilişi psihologiýa ylmynyň çäginden çykýar. Ýöne telekeçiligiň psihologik taraplary onuň jemgyýetiň düzüminde aýratyn sosial topary emele getirýändigi bilen baglanyşyklydyr. «Telekeçilik» adalgasynyň kesgitlenilişiniň çylşyrymlylygy onuň ylmy düşünje bolmak bilen bir hatarda köpçülik tarapyndan hem giňden ulanylýan adalga bolup durýandygy bilen şertlendirilýär. Ylmy adalga hökmünde ol kärhananyň döredilmegi, ösmegi bilen baglanyşykly işjeňligi, şeýle-de harytlaryň we hyzmatlaryň önümçiligini aňladýar. Şu manyda ulanylanda telekeçilik diňe bir ykdysady (girdeji almak maksady bilen harytlary we hyzmatlary öndürmek) mana eýe bolman, eýsem, psihologik manyny hem aňladýar.

**Telekeçilik** – bu ykdysady işjeňligiň özboluşly görnüşi bolup, onuň subýektinde aýratyn psihologik häsiýetleriň bardygy ykrar edilýär. Şol psihologik aýratynlyklaryň üstüni açmak telekeçiligiň psihologiýasynyň esasy wezipesi bolup durýar.

«Telekeçi» ýa-da ýewropa ýurtlarynda has giňden ýaýran «antreprener» (fransuz sözünden gelip çykan *antreprener* – «aralykçy» diýmegi aňladýar) düşünjeleri orta asyrlarda Günbatar Ýewropada ýüze çykýar. Bu düşünje arkaly iri sazly oýunlary we ýörişleri (paradlary) gurnaýjylary, şeýle-de gurluşyk we önümçilik häsiýetli taslamalary durmuşa geçirijileri häsiýetlendiripdirler. Soňra XVII asyrdan başlap, kesgitli işleri ýerine ýetirmek, şeýle-de önüm getirmek üçin döwlet bilen şertnama baglaşyp, buýrujy bilen ýerine ýetirijiniň arasynda aralykçy bolup çykyş edýänleri şeýle atlandyryp başlapdyrlar. Ýerine ýetirilýän işiň bahasynyň öňünden belli bolmagy bilen, telekeçi girdejini ulanýar we şertnamany amala aşyrmakda ýüze çykýan ýitgiler üçin jogapkärçilik çekýär. Guramak we ýolbaşçylyk etmek wezipesini ýerine ýetirmek bilen bir hatarda töwekgelçilik şertlerinde iş alyp barmagy we alyp barýan işleriniň netijeleri üçin şahsy jogapkärçilik çekmegi telekeçiniň aýratyn häsiýetleri hökmünde häsiýetlendirip bolar.

Nemes sosiology M.Weber (1864–1920 ý.) telekeçiligiň psihologiýasy baradaky garaýyşlaryň ösmegine saldamly goşant goşan alymlaryň biri hasaplanýar. Ol protestant dini akymynyň[3] we onuň etikasynyň esaslarynyň «telekeçilik ruhunyň» bu sosial hadysanyň döremegine eden täsirini köptaraplaýyn öwrenen alymlaryň biridir. Şeýle-de W.Zombartyň (1863–1949 ý.) telekeçileriň dürli tiplerine beren sosial-psihologik häsiýetnamasy bu ugurda alnyp barlan ylmy işlere täze öwüşgin berýär.

Rus alymlarynyň arasynda hojalyk işjeňliginiň, has takygy, telekeçilige täsir edýän psihologik sebäpleriň tutýan ornuna köp üns beren alymlaryň arasynda S.N.Bulgakow (1871–1944 ý.), P.B.Struwe (1870–1944 ý.), P.N.Sawisskiý (1895–1965 ý.) tapawutlanýarlar. Bu işleriň esasy aýratynlyklary telekeçilik hadysasynyň jemgyýetçilik taraplaryna görä sosial-psihologik taraplarynyň üns merkezinde bolandygy bilen baglanyşyklydyr. Hususan-da, hojalyk işjeňliginde

[3]Hristian dininde bu akymdan başga-da katolisizm we prowaslawiýe akymlary bolup, olaryň hersine mahsus bolan dini garaýyşlar bardyr.

adamlaryň we toparlaryň arasyndaky özara gatnaşyklaryň we özara baglanyşyklaryň, şeýle-de beýlekiler bilen aragatnaşygy ýola goýmagyň we ony uzak wagtyň dowamynda saklamagyň aýratynlyklaryna degişli meseleleri öwrenmek uly ähmiýete eýe bolupdyr.

Häzirki zaman ykdysady ylmynda telekeçileriň ýerine ýetirýän ykdysady häsiýetli wezipeleri seljerilende birnäçe ýagdaýlar göz öňünde tutulýar: käbir ýagdaýlarda telekeçi hojalyk subýekti hökmünde çykyş edip, ol bar bolan maliýe, adam, guramaçylyk, maglumat serişdelerini islegleri kanagatlandyrmak we girdeji almak üçin ulanýar. Başga bir ýagdaýlarda bolsa, ykdysadyýetde täze mümkinçilikleri gözlemek telekeçiniň ykdysady wezipesiniň özenini düzýär. Soňky garaýyş ylymda giňden ýaýran adaty menejmentden we oýlap tapyjylykdan tapawutlanýan **innowasion** telekeçiligiň häsiýetnamasy bolup çykyş edýär.

Bilermenleriň käbiri telekeçilikde innowasiýa wezipesiniň agdyklyk edýändigini belläp, ony «gymmaty bolan täze bir zady döredij proses» hökmünde kesgitleýärler (R.Hizriç, M. Piters, 1992 ý.). Şol bir wagtda olar innowasiona telekeçiler diýip kärhanany gurnaýjy hökmünde, ony dörediji, dolandyryjy, eýelik edýän we öz töwekgelçilikleriniň ähli görnüşlerine jogapkärçilik çekýän telekeçini sypatlandyrýarlar.

Funksional çemeleşmäniň çäklerinde telekeçilik anyk subýektleriň häsiýetlerine bagly bolmadyk işjeňligiň görnüşi bolup çykyş edýär. Munuň subutnamasy hökmünde Ý.Şumpeter telekeçiligi ykdysady özüňi alyp barmagyň tapawutlanýan görnüşi hökmünde häsiýetlendirip, telekeçilik wezipesini ýerine ýetirýän anyk adamlary, ýagny telekeçilik işjeňliginiň subýektlerini aýratyn sosial gatlak hökmünde görkezmegiň çylşyrymly meseledigini belläp geçýär. Onuň pikiri boýunça «Telekeçi diýen hünär bolmaýar we bu proses uzak wagtlap dowam edip bilmeýär. Olary aýratyn topar hökmünde diňe bir ýagdaýda tapawutlandyryp bolýar, ýagny telekeçiler aýratynlykda bir adama degişli bolmadyk aýratyn häsiýetlere eýe bolan subýektler bolup çykyş edýärler» (Şumpeter Ý., 1982, 172 sah.). Mysal üçin, P.N. Sawisskiý telekeçilige diňe bir hojalyk-ykdysady işjeňlik hökmünde däl-de, eýsem, ruhy-ykdysady işjeňligiň bir görnüşi hökmünde hem garalmagyny teklip edýär. Hojalyk gatnaşyklarynda girdeji almaga çalyşmakdan başga-da, işleýän adamlaryň kanagatlanma duý-

gularyny goramaga we olaryň derejeleriniň ýokary bolmagyny gazanmaga ymtylýandyklary bellenilýär.

XIX asyryň ahyrlarynda we XX asyryň başlarynda rus jemgyýetinde telekeçileriň sosial-psihologik taraplaryna köp üns berlip başlanýar. Şol döwrüň hojalyk gatnaşyklarynda hojalyk birliginiň giňden ýaýran görnüşi bolan artellerde pul bilen baglanyşykly maksatlardan başga-da, adamlar bilen gatnaşyk saklamak, birek-birege kömek bermek, ynanmak we hemmeleriň jogapkärçilik çekmegi ýaly maksatlaryň hem bolandygy bellenilýär. Ýöne bazar gatnaşyklarynyň ösmegi bilen aksioner, ýagny paýdarlar jemgyýetleriniň sany köpelip, bilelikdäki kärhanalarda indiwidleriň jogapkärçilikleriniň we emläk babatyndaky gatnaşyklaryň çäkli bolmagy bilen häsiýetlendirilýär.

Ykdysady hadysa hökmünde telekeçiligiň häzirki zaman düşündirilişi we ykdysadyýetiň ösmeginde onuň tutýan orny barada Ý.Şumpeteriň «Ykdysady ösüşiň nazaryýeti» (1912, rus dilinde – 1982) atly işini, şeýle-de F. fon Haýek (1992 ý.), J.M. Keýns (1978 ý.), P. Druker (1992 ý.) ýaly ykdysatçylaryň işlerini görkezmek bolar.

R.Kantilýon «Telekeçi» diýen adalgany ykdysady nazaryýete girizen alym hasap edilýär. Onuň häsiýetnama bermegi boýunça yzygiderli girdejisi bolmadyk adama telekeçi diýilýär. Ol daýhanlary, senetçileri we söwdagärleri şeýle adamlaryň hataryna goşupdyr.

Ýöne awstriýa mekdebiniň wekili Ý.Şumpeteriň telekeçilik baradaky nazaryýetinde logiki yzygiderliligiň saklanylmagy ony beýlekilerden tapawutlandyrýan aýratynlyklaryň biridir. Onuň nukdaýnazaryndan, telekeçi ykdysady ösüşiň kesgitleýji elementi hökmünde çykyş edýär. Telekeçiniň esasy wezipesiniň ykdysadyýetiň häzirki deňagramlylyk ýagdaýyny bozup, ony täze deňagramlylyk ýagdaýyna getirmekden ybaratdygyny nygtaýar. Netijede, bu hadysa önümçiligiň we ykdysadyýetiň täze düzümlerini emele getirmäge, şeýle-de ykdysadyýetde bar bolan gapma-garşylyklary çözmäge ýardam berýär.

Ý.Şumpeteriň pikiri boýunça, telekeçilik işjeňligi islendik ösüşiň esasyny düzýär. Işjeňligiň bu görnüşi aşakdaky düzümlerden ybaratdyr:

1. Sarp edijiler üçin näbelli bolan harytlaryň täze görnüşlerini öndürmek;

2. Önümçiligiň (tehnologiýalaryň) täze usullaryny açmak we häzirki bazarlarda bar bolan harytlary ulanmaklygyň esasynda girdeji almak;

3. Harytlary ýerleşdirmegiň täze bazarlaryny özleşdirmek;

4. Çig mallaryň täze çeşmelerini özleşdirmek;

5. Pudagyň düzümini üýtgetmek, meselem, hususy monopoliýany döretmek ýa-da keseki pudagyň monopoliýasyny dargatmak.

F.fon Haýek telekeçileriň arasynda uly orun tutýan gazaply göreşe köp üns beren alymlaryň biridir. Ol telekeçilik işjeňliginiň aýratynlygy hökmünde girdeji almagyň täze mümkinçiliklerini gözlemek häsiýetini ýüze çykarýar we bu häsiýeti telekeçilik işjeňligini tapawutlandyrýan element hökmünde görkezýär.

P. Druker öz «telekeçilik jemgyýeti» atly konsepsiýasynyň çäklerinde işjeňligiň bu görnüşini bar bolan mümkinçilikleri öz bähbidine ulanmak bilen baglanyşykly **täzeçillik işjeňligi** hökmünde häsiýetlendirýär. Ol täzeçillik ýörelgeleriniň diňe bir ykdysadyýet bilen çäklenmän, eýsem, sosial işjeňliginiň dürli ugurlarynda hem ýüze çykýandygyny aýratyn belläp geçýär.

Häzirki zaman garaýyşlara laýyklykda telekeçilikde şertleýin **funksional** we **düzümleýin** çemeleşmeleri tapawutlandyryp bolýar. Funksional çemeleşmäniň çäklerinde telekeçilik ykdysady, has takygy, sosial işjeňliginiň bir görnüsi hökmünde garalýar. Şol işjeňligiň netijesinde ykdysady we sosial ösüşiň kesgitli wezipesi durmuşa geçirilýär. Şol bir wagtda awtorlaryň köpüsi bu wezipäniň diňe ykdysady gatnaşyklaryň çäklerinde çözülýändigini nygtasalar, onda beýlekiler ony adam işjeňliginiň ähli görnüşlerinde hem orun tutýandygyny belleýärler.

Düzümleýin çemeleşmäniň çäklerinde telekeçileri aýratyn durmuş topary hökmünde häsiýetlendirmäge çalyşýarlar. Sebäbi şeýle etmek bilen empiriki, şol sanda psihologik barlaglar geçirilende olara barlaglaryň obýekti hökmünde garalmagyna oňaýly şert döredilýär.

Hukuk tarapdan telekeçilik yzygiderli girdeji gazanmak üçin öz töwekgelçiligine amala aşyrylýan özbaşdak iş hökmünde kesgitlenýär.

Ykdysady işjeňligiň etiki ýörelgelerini öwrenýän ugrunyň esasyny S.N.Bulgakow tarapyndan öňe sürlen dini-filosofiki çemeleşme emele getirýär. Bu alymyň nygtamagy boýunça «ykdysady durmuşa ahlak taýdan baha berilmelidir. Şeýle edilen ýagdaýynda ol materializm belasyna sataşmakdan goraýar»[4]. Ahlaklylygyň çeşmesiniň dinde jemlenendigini awtor aýratyn belleýär. Hojalyk işjeňliginiň esasyny emele getirýän «zähmet» diýen düşünjä dini garaýşyň nukdaýnazaryndan

[4]Булгаков С.Н. Философия хозяйства. 1990. – С 284.

baha berilýär. Döredijilik güýjüni emele getirmek bilen, zähmetiň özbo-luşly ylahy häsiýetlerden ybaratdygy subut edilýär. Ýagny, zähmetiň öz gymmatlygy bolup, ol adamda jemlenen ylahy mazmuny açyp görkez-meklik üçin berlen mümkinçilik hökmünde çykyş edýär.

*1-nji tablisa*

**Ahlaklylyk nukdaýnazaryndan işewür gatnaşyklara berilýän baha**

| № | Esasy häsiýetleri | Ahlakdan azat menejment | Ahlaksyz menejment | Ahlakly menejment |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| 1 | Ahlak kadalaryna bolan gatnaşygy | Telekeçilikde etika düýbünden aradan aýrylýar. Girdeji berýän ähli usullar haýyrly hasap edilýär. | Kabul edilýän çözgütlerde etika esasy orun tutmaýar. Sebäbi telekeçilikde we durmuşda «oýnuň» dürli düzgünleriniň bolýanlygyndan ugur alynýar. Ikinjiden, köplenç, olar beýlekiler üçin zyýanly boljak ýagdaýlary göz öňünde tutmaýarlar. | Dolandyryş umumy kabul edilen ahlak we hünäre degişli kadalaryň esasynda alnyp barylýar. |
| 2 | Motiwleri | Egoizm. Diňe girdeji barada alada edilýär. | Ýagşy niýetleriň barlygyna garamazdan, ol egoistik häsiýete eýedir. Sebäbi kabul edilýän çözgütleriň beýlekilere edýän täsiri hasaba alynmaýar. | Üstünlik diňe ahlak ýörelgeleriniň çäginde mümkin bolýar. Adalatlylyk, borçlulyk düşünjeleri kesgitli işi amala aşyrmagyň esasy ýörelgelerini düzýär. |
| 3 | Maksady | Guramanyň üstünligi we uly girdeji almak üçin dürli usullardan peýdalanylýar. | Kanunyň çäginde girdeji almak. | Girdeji diňe kanun we ahlak kadalarynyň esasynda alnyp barylýar. |

*1-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 4 | Kanuna bolan gatnaşygy | Mümkin boldugyça hukuk kadalaryna boýun bolmazlyk. | Kanun telekeçiligiň etikasyny emele getirýär. Ýagny «Kanun rugsat etse, ähli zat mümkin» diýlip hasap edilýär. | Kanuna boýun bolmak. Kanun – bu işewürligiň esasy şerti bolup, onuň üsti etika bilen doldurylýar. |
| 5 | Strategiýa | Girdeji almak ugrunda ähli mümkinçilikleri deň peýdalanmak. | Kanun boýunça hereket edip, dolandyryşda erkinligi saýlamak we hemme babatda oňa esaslanmak. | Menejerler öz üstüne lideriň ornuny alyp, ahlak gatnaşyklarynda ýüze çykýan meseleleri çözmäge çalyşýarlar. |

**Çeşmesi:** Агеев А.И. Предпринимательство: проблемы собственности и культуры . – М.: Наука, 1991.

Şeýle-de S.N.Bulgakow «ykdysady adam» düşünjesiniň mazmunyny aýdyňlaşdyrmaga uly goşant goşup, etikanyň hojalyk işjeňliginiň «ilkinji filosofiýasy» bolup durýandygyny ussatlyk bilen subut edýär. Onuň bellemegine görä, ykdysatçylaryň aglabasy adamyň egoistik (diňe özüni bilmek) tebigatyna salgylanyp, onuň maddy bähbitlerini ähli gymmatlyklardan ýokary goýmaga çalyşýan «ykdysady adam» hökmünde häsiýetlendirýärler. Ýöne hojalyk gatnaşyklarynda adamlaryň ahlak gymmatlyklarynyň öz mynasyp orunlarynyň bardygy, olaryň ünsden düşürilmegi jemgyýetiň sagdyn ösmegine ýaramaz täsir edýändigi nygtalýar.

Ýokarda durlup geçilen dürli ugurlar, birinjiden, durmuş gatnaşyklaryndaky islendik özgertmeleriň, has takygy, bazar gatnaşyklarynyň ösmegi bilen baglanyşykly özgertmeleriň adamlaryň aň-düşünjesi, medeniýeti bilen aýrylmaz baglanyşyklydygyny ýene-de bir gezek subut edýär. Ikinjiden, medeniýet, onuň özboluşly häsiýeti bu gatnaşyklara aýratyn depgin, özboluşly häsiýet berýändigine we ugur görkezýändigine şaýatlyk edýär.

Amerikan we ýapon işewürliginiň ösüşinde ýüze çykarylan aýratynlyklar telekeçiligi guramakda, telekeçilik işini alyp barmakda psihologik häsiýetler bilen delillendirilen şertleriň bardygy äşgär bolýar.

*2-nji tablisa*

**Ýapon we amerikan telekeçiliginiň psihologiýasynyň deňeşdirmesi**

| № | Kriteriýalary | Ýaponiýa | Amerika |
|---|---|---|---|
| 1 | Işewür adama häsiýetli bolan gylyk-häsiýetler | «Komandada» işlemeklige bolan ukyp | Seresaplylyk |
| 2 | Işde gulluk basgançagy boýunça ösmeklige bolan talaplar | Durmuş tejribesi we kesgitli önümçiligi oňat özleşdirmek | Ýokary hünärmenlik derejesi, öwretmäge we işlemäge bolan ukyp |
| 3 | Hünär taýdan baş çykaryjylygyň (kompetentligiň) kriteriýasy | Ahlagyň ýokary derejesi. Hünäriniň we biliminiň bolmagy | Hünär taýdan ýöriteleşmegiň dar görnüşinden birnäçe arabaglanyşykly hünäre geçmek |
| 4 | Innowasiýalary durmuşa geçirmegiň häsiýetleri | Ewolýusiýa ýoly bilen amala aşyrylýar, ýagny ýuwaş-ýuwaşdan geçmeklik oňlanylýar | Rewolýusiýa ýoly bilen geçilýär. Maglumatlar binýadynyň ýokary taýýarlyk derejesi bilen tapawutlanýar |
| 5 | Işjeň gatnaşyklaryň görnüşi | Şahsy gatnaşyklar. Özara ynam esasynda alnyp barylýar | Şertnamalar |
| 6 | Çözgütleri kabul etmek prosesi | Aşakdan ýokary, ýagny ylalaşyk esasynda | Ýokardan aşak, iýerarhiýa boýunça |
| 7 | Özara işjeň gatnaşyklaryň häsiýeti | Bir-birine garaşly bolmak, resmi däl we şahsy gatnaşyklar | Garaşsyz, resmi gatnaşyklar |
| 8 | Durmuş stili | Işe bolan wepalylyk, öýüň aladasy ikinji orunda | Işe bolan wepalylyk. Öýüň we maşgalanyň statusynyň beýik bolmagy |
| 9 | Işjeň häsiýetli dawalaryň çözülişi | Şahsy gatnaşyklar esasynda amala aşyrylýar. Esasy düşünje «borç». Maksady: düşünişmek | Kanun boýunça dawalary çözmek. Maksady – öz garaýşyňy goramak |

**Çeşmesi:** Агеев А.И. Предпринимательство: проблемы собственности и культуры . – М.: Наука. 1991.

Telekeçiligiň giňişleýin kesgitlemesi hakyna tutmak zähmetinden başga-da işewürligiň ähli görnüşlerini öz içine alýar. Jemgyýeti sosial gatlaklara bölmek prosesiniň çäklerinde işewürligiň bu görnüşine aýratyn topar hökmünde garalmagy onuň wekilleriniň, ýagny telekeçileriň özlerini deňeşdirmegiň kesgitleýji görkezijilerini ýüze çykardy. Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Esasy meşgullanýan işi hökmünde: telekeçi, özbaşdak zähmet, hakyna tutma iş;

2. Işjeňligiň esasy ugry: kärhananyň eýeleri, özbaşdak zähmet, hakyna tutma iş;

3. Esasy iş ýeriniň görnüşi (kärhanalar): özbaşdak zähmet, hususy kärhana, paýnamaly kärhana, döwlet kärhanasy;

4. Wezipe statusy: hojalyk ýolbaşçylary, hünärmenler, işçiler, gullukçylar.

## 6.2. TELEKEÇILIGIŇ PSIHOLOGIÝASY BILEN BAGLANYŞYKLY BARLAGLARYŇ ESASY UGURLARY

Ý.Şumpeteriň işlerinden başlap, ykdysady ylymda telekeçini diňe bir ykdysady işjeňligiň aýratyn görnüşiniň subýekti hökmünde kabul etmän, eýsem, şahsyýete mahsus bolan psihologik özboluşlylyklardan ybarat bolan adam hökmünde hem kesgitlemäge çalyşýarlar. Hususan-da, ýerine ýetirýän ykdysady işine bagly bolmadyk gylyk-häsiýetleriň aýratynlyklary psihologiýany gyzyklandyrýan taraplaryna degişlidir. Şol sebäpli geçirilýän psihologik barlaglarda esasy maksat adamy telekeçilik işine iterýän we telekeçilik wezipeleriniň netijeli ýerine ýetirilmegini üpjün edýän özboluşly gylyk-häsiýetleri öwrenmekden ybaratdyr.

Amerikan psihology D. Makkleland ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň, şeýle-de telekeçileriň arasynda eksperimental barlaglaryň birnäçesini geçirýär. Ol «Üstünlikleriň jemgyýeti» (1961ý.) atly kitabynda ilkinji gezek psihologiýa ylmynyň nazaryýetini we usullaryny ykdysady ösüşiň meselelerini çözmekde we seljerme işlerini geçirmekde ulanmaga çalyşýar.

D. Makklelandyň pikiri boýunça, telekeçileriň esasy aýratynlygy olaryň üstünlik gazanmak motiwleriniň iň ýokary derejede ösendigi bilen şertlendirilýär. D.Makklelandyň kesgitlemesi boýunça «Üstünlik gazanmak – bar bolan standartlar bilen bäsleşmegi» aňladýar. Üstünlik gazanmak aşakdaky şertlerde mümkin bolýar:

• indiwidiň özüni alyp barşynda kesgitli ülňüleriň bolmagy. Ol ülňüler goýlan wezipeleriň indiwid tarapyndan nähili çözülendigininiň netijesine (üstünliklimi ýa-da şowsuz) baha berýär;

• indiwid öz gazanan netijeleri üçin diňe özi jogapkärçilik çekýär;

• çözülmeli meseläniň netijesi (üstünliklimi ýa-da şowsuz) öňünden näbelli bolup, ol töwekgelçiligiň ýokary derejesi bilen baglanyşykly bolýar.

D.Makkleland üstünlik gazanmak motiwasiýasynyň derejesine baha bermek üçin amerikan psihology H.Mýurreý tarapyndan işlenilip düzülen we soňra nemes psihology H.Hekhauzen tarapyndan üýtgedilen «tematiki apperseptiw testi» ulanýar. Synag geçirilýänlere kesgitli şekili aňlatmaýan surat hödürlenýär. Ol suratlara dürli düşündiriş bermek mümkinçiliginden peýdalanyp, näme bolup geçýändigi, şeýle-de bolup geçýän ýagdaýyň ýüze çykmagynyň sebäpleri, geljegiň nähili boljakdygy, suratda görkezilen ýüzleriň başdan geçirýän duýgulary barada hekaýa düzmek tabşyrylýar. Ýörite işlenilip düzülen esasy düşünjeleriň kömegi bilen barlag geçirýänler hekaýanyň mazmunyny seljerip, üstünlik gazanmak motiwleriniň ýüze çykyş ýygylygyny hasaba alýarlar. Netijede, ýüze çykarylan **nAch** indeksi (iňlis sözi **achievement** – üstünlik gazanmak) bu motiwleriň mukdar taýdan aňlatmasy bolup çykyş edýär. Birnäçe eksperimentleriň geçirilmegi esasynda D.Makkleland we onuň işgärleri üstünlik gazanmak motiwleri ýokary bolan indiwidleriň özlerini düşünjeli, ynamly telekeçiler hökmünde alyp barýandyklaryny ýüze çykardylar. Geçirilen barlaglar synag geçirilýänleriň özleri üçin çylşyrymlylygy boýunça aralyk orny eýeleýän mesele goýup, ony cözmekde üstünlik gazanmaga çalyşýandyklaryny subut etdiler. Mundan başga-da telekeçilik işjeňliginiň psihologiýasyna degişli aýratynlyklaryň birnäçesini belläp geçýärler, ýagny olaryň üstünlik gazanmaklyga oňyn gatnaşyklary bolýar; çylşyrymly hem bolsa gyzykly, iş ýüzünde ýerine ýetirip boljak meseleleri çözmäge çalyşýarlar; meseläniň netijeli çözüp bol-

jakdygyna bolan ynamlary bar; öňde goýlan maksada ýetmek üçin tutanýerliligiň ýokary derejesini görkezýärler; beýleki indiwidler bilen bäsleşmäge ymtylýarlar; kesgitsiz ýagdaýlarda gazanan netijeleri üçin jogapkärçilik çekýärler we aýgytly hereket edýärler; üstünlik gazanmaga çalyşmagyň derejesini ýokarlandyrmak we şowsuzlyga sataşanda ony peseltmek endigi bolýar.

Alnan netijeleriň esasynda D. Makkleland işewürlikde üstünlik gazanan telekeçileriň öz hünärlerine ussatdygy, ýöne telekeçi bolmadyk adamlar bilen deňeşdirilende işewür adamlaryň üstünlik gazanmak isleginiň ýokarydygy baradaky ylmy çaklamany öňe sürýär. Köp döwletlerde geçirilen empiriki barlaglaryň netijesinde bu çaklamanyň dogrudygy tassyklanyldy.

D. Makkleland tarapyndan geçirilen başga barlaglarda üstünlik gazanmak isleginiň ýüze çykyş derejesi bilen (**nAch** indeksi kesgitlemek üçin zerur bolan esasy adalgalary çaga kitaplarynyň mazmunynda seljermegiň netijeleri boýunça) ýurduň ykdysady ösüşiniň tizliginiň (elektroenergiýany sarp etmegiň depginleri boýunça kesgitlenilýär) arasyndaky özara baglanyşygy yzarlaýar. Barlagyň netijeleri şeýle korrelýasion baglanyşygyň bardygyny, ýagny awtor tarapyndan 1925-nji ýylda işlenilip düzülen **nAch** indeksi bilen elektroenergiýany sarp etmegiň garaşylýan we hakyky derejesiniň arasyndaky bar bolan tapawudyň üsti bilen subut edýär. Bu barlag 1950-nji ýylda amala aşyrylýar. Ýurduň ykdysady ösüşi ýa-da haýsydyr bir sosial topar bilen üstünlik gazanmak islegini baglanyşdyrmak üçin eden synanyşyklary jemgyýetçilik tarapyndan uly gyzyklanma döredýär. Şol bir wagtyň özünde psihologik sebäplere çendenaşa uly orun berilýändigi üçin, tankydy bellikler edilýär. Hakykat ýüzünde öz ähmiýetliligi boýunça tapawutlanýan beýleki sebäpleriň, hususan-da, amatly durmuş-ykdysady şertleriň ünsden düşürilýändigi aýratyn bellenilýär. Aýdylan tankydy belliklerden soňra D. Makkleland öňki pikirine düzediş girizmeli bolýar, ýagny edebiýat maglumatlaryny täzeden seljermek bilen ykdysady ösüş üçin amatly şertleriň zerurdygyny nygtaýar. Amatly şertleriň bolmadyk ýagdaýynda üstünlik gazanmak motiwiniň ýokary derejesiniň ykdysady çökgünlige getirmek ähtimallygyny artdyrýandygyny belleýär.

Soňky geçirilen barlaglarda üstünlik gazanmak motiwi bilen şowsuzlykdan gaçmak motiwlerine köp üns berlip başlanýar. Üstünlik gazanmaga motiwleri bolan adamlar üçin işjeňligiň oňyn maksatlaryny kesgitlemek we olary durmuşa geçirmek üçin yzygiderliligiň bolmagy, öz mümkinçiliklerine bolan ynam, degerli baha bermek häsiýetlidir. Olar çylşyrymlylygy boýunça ortalyk meseleleri çözmäge ýykgyn edýärler. Şowsuzlyk ýagdaýynda bar bolan güýçlerini artdyrmak bilen olar öz işjeňliklerini ýokarlandyrýarlar. Şowsuzlykdan gaça durmak isleýän adamlaryň motiwlerinde öz mümkinçiliklerine bolan ynamyň derejesi pes bolýar we şowsuzlyga duş gelmek mümkinçiliginiň bolmagy olarda ynjalyksyzlyk duýgusyny döredýär. Köplenç ýagdaýda, olar özlerine hakyky baha berip bilmeýärler, şol sebäpli iň aňsat ýa-da iň çylşyrymly mesele saýlamaklyga ýykgyn edýärler. Üstünlik olaryň işjeňligini artdyrýan sebäp bolup çykyş edýän bolsa, onda şowsuzlyk şol işjeňligiň derejesiniň birden peselmegine alyp barýan hadysadyr.

Şahsyýetiň motiwleriniň şahsy aýratynlyklary şol motiwleriň ýüze çykyş derejeleriniň dürlüligi bilen şertlendirilýär. Köp alymlaryň pikirine görä, rowaçlyk gazanan telekeçileri tapawutlandyrýan esasy aýratynlyk şowsuzlykdan gaçmak motiwlerine garanyňda üstünlik gazanmak motiwleriniň durmuşa has köp geçirilýändiginden ybaratdyr. Psihologik taýdan maslahatlary bermegiň netijeleri ýörite türgenleşikler arkaly, ýagny adamyň özüne bolan ynamyny artdyrmak, üstünlige gönükdirmek bilen adamyň motiwleriniň şahsy aýratynlyklaryna düzedişler girizip bolýandygyny görkezýär.

## TEST

### Töwekgellik etmäge ukyplymy?

1. Jogapkärli çözgüt kabul edenimde, men diňe özüme bil baglaýaryn **(hawa–1, ýok–2);**
2. Meniň pikirim, köplenç, ýolbaşçymyň garaýşy bilen gabat gelmeýär **(hawa–1, ýok–2);**
3. Meniň pikirim boýunça, durmuşda ähli meseleler boýunça çykalga tapyp bolýar **(hawa–1, ýok–2);**
4. Men hemişe dogrymy aýdýaryn **(hawa–1, ýok–2);**
5. Men täze işi çalt özleşdirýärin **(hawa–1, ýok–2);**

6. Adama baha berenimde men diňe öz içki duýgyma daýanýaryn **(hawa–1, ýok–2);**
7. Bellibir karara gelmezimden ozal, ony hemmetaraplaýyn seljerýärin **(hawa–2, ýok–1);**
8. Başlan işimi soňuna çenli ýerine ýetirmäge çalyşýaryn **(hawa–2, ýok–1);**
9. Gymmat bahaly zat almankam, ýakyn adamlarym bilen maslahatlaşýaryn **(hawa – 2, ýok–1);**
10. Meniň pikirimçe, köpçülikde gözden düşmeli däl **(hawa–2, ýok–1);**
11. Men diňe şu günüm bilen ýaşaýaryn **(hawa–2, ýok–1);**
12. Küşt oýnanymda her edip, hesip edip utmaga çalyşýaryn **(hawa–1, ýok–2);**
13. Çylşyrymly mesele çözenimde, mümkin bolan usullaryň hemmesini gözden geçirýärin **(hawa–1, ýok–2);**
14. Ýygnaklarda, köplenç, beýlekileriňkiden tapawutly pikir bilen çykyş edýärin **(hawa–1,ýok–2);**
15. Ýygnaklarda ýörite taýýarlanman çykyş edip bilýärin **(hawa–1, ýok–2);**
16. Ömrümde entek uly ýalňyşlyk goýberemok **(hawa–1, ýok–2);**
17. Meniň edýän uly arzuwlarym durmuşda hasyl bolmaz diýip käwagt göwnüme gelýär **(hawa–1, ýok–2);**
18. Jedelli meselelerde meniň delillerim has ynamly bolýar **(hawa–2, ýok–1);**
19. Işiň bähbidi üçin men öz durmuş ýörelgelerimden el çekip bilýärin **(hawa–1, ýok–2);**
20. Nirede işlesem-de, ýolbaşçylar bilen meniň sözüm alyşýar **(hawa–2, ýok–1);**
21. Çözgüt kabul edenimde, göwnüme gelen ilkinji pikirim dogry bolýar **(hawa–1, ýok–2).**
22. Men öz tanyşlarymyň arasynda bolanymda bir üýtgeşiklik bilen tapawutlanasym gelýär **(hawa–1, ýok–2);**
23. Meniň edýän käbir hereketlerim ýakyn adamlaryma düşnüksiz bolsa-da, soňra meniň dogry hereket edenligim aýan bolýar **(hawa–1, ýok–2);**
24. Meniň pikirimçe, durmuşymda wajyp bolan birnäçe meseleleri çözüp ýetişdim **(hawa–1, ýok–2);**
25. Men bir karara gelenimden soňra, ony üýtgetmek kyn **(hawa–1, ýok–2);**
26. Işiň bähbidi üçin, ähtimal, ol üstünlikli bolmasa-da, töwekgel çözgüt kabul edýärin **(hawa–1, ýok–2);**
27. Durmuşda wajyp bolan meseläni çözenimde onuň ownuk taraplaryna çenli öwrenýärin **(hawa–2, ýok–1);**
28. Tanyşlarymyň baha bermegine görä, men diňe şu günüm bilen ýasaýan adam **(hawa–1, ýok–2);**
29. Meniň alyp barýan işlerim barada az sanly adam habarly **(hawa–1, ýok–2);**

30. Düşünişmezlik ýüze çykan ýagdaýynda köplük meniň tarapymy tutmasa, onda men öz ýolbaşçymyň garşysyna gitmeýärin **(hawa–2, ýok–1);**
31. Tanyşlarym meni «geljegi bar adamlardan» diýip hasaplaýarlar **(hawa–1, ýok–2);**
32. Dürli ýagdaýlarda men özümi adatdaky ýaly alyp barýaryn **(hawa–1, ýok–2);**
33. Men hiç haçan gijä galmaýaryn **(hawa–2, ýok–1);**
34. Eger-de meniň öňümde durmuş gurmak meselesi dursa, onda men öz ene-atama maslahat salman, olary bolup geçen ýagdaýyň öňünde goýaryn **(hawa–1, ýok–2);**
35. Men toparda geljekde bolaýjak zatlary 1-2 ýyl öňünden duýýaryn **(hawa–1, ýok–2);**
36. Bije atyp, bijäniň düşüşine görä, men jedelli meseläniň çözgüdini tapýaryn **(hawa–2, ýok–1);**
37. Işdeş ýoldaşlarym meni ynamdar adam hökmünde häsiýetlendirýärler **(hawa–1, ýok–2);**
38. Gündelik ýöredip, şonuň esasynda üstünliklerimi we kemçiliklerimi seljerýärin **(hawa–2, ýok–1);**
39. Men öz işimi 1-2 ýyla çenli meýilleşdirip bilýärin **(hawa–1, ýok–2);**
40. Köp tanyşlarym meni aşa seresaply adam hasaplaýarlar **(hawa–2, ýok–1);**
41. Işgärlerim maňa «oňşuksyz adam» hökmünde garaýarlar **(hawa–1, ýok–2);**
42. Ýoldaşlarymyň arasynda düýbünden göwnüme ýaramaýanlary bar **(hawa–1, ýok–2);**
43. Etjek diýen işimi hökmany suratda ýerine ýetirýärin **(hawa–1, ýok–2);**
44. Başymyň çykmaýan zatlary barada gürrüň alyp barmaýaryn **(hawa–1, ýok–2);**
45. Entek men erbet işlere baş goşamok **(hawa–1, ýok–2);**
46. Ýolbaşçylar bilen hemişe ylalaşýaryn **(hawa–1, ýok–2).**

| **Şahsyýetiň häsiýeti** | **Jemi** | | | | | | | **Şahsyýetiň häsiýeti** |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. Gaýduwsyz | 9 | 10 | 11 12 | 13 14 | 15 16 | 17 | 18 | 1. Seresaply |
| 2. Jogapkärçilikli | 9 | 10 | 11 12 | 13 14 | 15 16 | 17 | 18 | 2. Jogapkärçiligi pes |
| 3. Uzak geljegi öňünden görmek ukyby | 9 | 10 | 11 12 | 13 14 | 15 16 | 17 | 18 | 3. Ýakyn geljegi meýilnamalaşdyrmak ukyby |
| 4.Intuisiýasy ösen | 9 | 10 | 11 12 | 13 14 | 15 16 | 17 | 18 | 4. Logikasy ösen |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 5. Döredijilikli | 9 | 10 | 11 12 | 13 14 | 15 16 | 17 | 18 | 5.Köneçilligiň tarapdary |
| 6. Dogruçyl | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 6. Ýalançy |
| Ösüş derejesi | **Iň ýokary dereje** | **Ýokary dereje** | **Ortadan ýokary** | **Orta** | **Ortadan ýokary** | **Ýokary dereje** | **Iň ýokary dereje** | |

1. Gaýduwsyz – seresaply – 1, 2, 7, 9, 10, 27, 30, 34, 40;
2. Jogapkärçilikli – jogapkärçiligi pes – 1, 2 9, 14, 20, 23, 25, 29, 41;
3. Uzak geljegi öňdeň görmek ukyby – ýakyn geljegi meýilnamalaşdyrmak ukyby – 11, 12, 13, 16, 18, 21, 23, 26, 38;
4. Intuisiýasy ösen – logikasy ösen – 6, 11, 15, 16, 18, 21, 23,26, 38;
5. Döredijilikli – köneçilligiň tarapdary – 1, 3, 17, 19, 22, 23, 30, 32;
6. Dogruçyl – ýalançy – 4, 33, 42, 43, 45, 46;

# VII BAP

# ÇÖZGÜT KABUL ETMEGIŇ PSIHOLOGIÝASY

## 7.1. ÇÖZGÜT KABUL ETMEK PROSESI

Çözgüt kabul etmek prosesi saýlamak bilen tamamlanmaýar. Her bir çözgüt kabul edilenden soňra onuň dogrudygyna baha bermäge çalşylýar. Şunuň bilen baglylykda «çözgüt kabul etmek» düşünjesini kesgitlemek zerurlygy ýüze çykýar.

• **Çözgüt kabul etmek** – bu psihiki prosesleriň jemi bolup, hereketiň mümkin bolan görnüşlerini kesgitlemek, olaryň peýdalylygyna baha bermek, şeýle-de mümkin bolan görnüşleriň haýsy-da bolsa birini saýlamak we saýlanan hereketiň dogrudygyna baha bermek wezipesini ýerine ýetirýär.

Çözgüt kabul etmek prosesiniň yzygiderliligini we onuň mazmunyny ýolbaşçy tarapyndan amala aşyrylýan çözgütler ýa-da başgaça dolandyryş çözgütleri diýlip atlandyrylýan çözgütleri görkezip biler. Sebäbi ýolbaşçylyk işiniň aýratynlygy, özboluşlylygy onuň işinde çözgütleri kabul etmek wezipesiniň esasy orun tutýandygy bilen tapawutlanýar.

Dogrudan-da, ýolbaşçy gurluşyk işleri babatynda çözgüt kabul edip biler, ýöne ol bu ulgamdaky işçiniň ýerine ýetirýän işlerini alyp barmaz; ýolbaşçy teleýaýlymda mahabat işini geçirmek barada çözgüt kabul edip biler, emma mahabaty özi taýýarlamaz. Netijede, çözgüt kabul etmek prosesi onuň ýerine ýetirilişini hem öz içine alýar. Şeýlelikde, eger-de çözgüt kabul etmek ýolbaşçylaryň ygtyýarlygyndaky wezipe bolýan bolsa, onda ýönekeý işgärler (onuň tabynlygyndakylar) şol cözgütleri ýerine ýetirýärler. Çözgüt kabul et-

mek prosesiniň amala aşyrylyşynyň yzygiderliligini aşakdaky şekil görkezýär.




*5-nji şekil.* ***Çözgüt kabul etmek prosesiniň çyzgysy***

Ynsan durmuşynda uly orun tutýan çözgütler babatyndaky meseleleriň XVII asyrlarda hem ähmiýetli bolandygy bellärliklidir. Şol döwürlerde hem alymlar bu meseleler bilen gyzyklanyp, olary öwrenmegiň netijesinde mümkin bolan çözgütleriň arasynda haýsy-da bolsa biri saýlananda birnäçe kadalardan ugur alynmalydygy nygtalypdyr. Hereket etmegiň her bir görnüşi seljerilende onuň mümkin bolan, şeýle-de olaryň ähtimal bolan netijelerini kesgitlemek zerur hasap edilipdir. Ahyrky netijede oňyn netije berjek ähtimallyk derejesi ýokary bolan görnüş saýlanylýar we ol onuň garaşylýan gymmatyny emele getirýär.

**Mümkin** we **ähtimal** bolan netijeleriň mazmunlaryny aýdyňlaşdyrmak maksady bilen mysala ýüzlenmek maksadalaýyk bolar.

**Mysal.** Ýolbaşça iki sany taslama hödürlenýär. Birinji taslamany amala aşyrmakdan garaşylýan girdeji – 1 million amerikan dollary, ikinji taslamadan – 10 million amerikan dollary möçberinde girdeji almak meýilleşdirilýär. Birinji taslamany üstünlikli durmuşa geçirmek ähtimallygyna ekspertler 80% diýip baha berýän bolsalar, onda

ikinji taslama degişlilikde bu görkeziji 10%-e deň diýlip hasap edilýär. Emele gelen ýagdaýda dogry çözgüt kabul etmek üçin ýolbaşçy bu maglumatlardan başga-da taslama saýlanandan soňra käbir sebäplere görä ol amala aşyrylmadyk ýagdaýynda hem çykdajylaryň näçe boljakdygy barada pikirlenmeli bolýar. Eger-de birinji taslama ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda çykdajylar – 200 müň dollar, ikinji ýagdaýda ol – 800 müň amerikan dollary möçberinde bolsa, onda ykdysady nukdaýnazardan haýsy taslamany saýlamak dogry bolar?

Ýönekeý hasaplamalaryň üsti bilen ähtimal bolan netijeleri, ýagny girdejileri we mümkin bolan çykdajylary hasaplamak zerurdyr. Birinji taslamanyň üstünlikli boljaklygynyň ähtimallygy 80% (ýa-da 0,8) bolýan bolsa, onda ikinjide üstünligiň ähtimallygy – 10%-e (ýa-da 0,1) deňdir. Birinji taslamanyň başa barmazlygynyň (çykdajylaryň) ähtimallygy:

$$1 - 0,80 = 0,20$$

ikinji taslama üçin:

$$1 - 0,10 = 0,90$$

garaşylýan girdejiniň möçberini, onuň üstünlikli amala aşyrylmagynyň ähtimallygyna köpeltmek we ondan çykdajylaryň mukdaryna köpeldilen başa barmazlygyň ähtimallygyny aýyrmak bilen her usul üçin aýratyn hasaplanylýar.

Birinji taslamanyň garaşylýan netijesi:

$$1000000 \bullet 0,80 - 200000 \bullet 0,20 = 760000.$$

Ikinji taslamanyň garaşylýan netijesi:

$$10000000 \bullet 0,10 - 800000 \bullet 0,90 = 280000.$$

Hasaplamalaryň netijesinde birinji taslamanyň bähbitlidigi aýdyň bolýar. Şebäbi ol garaşylýan netijäniň 3 essesine golaýyny emele getirýär.

Çözgüt kabul etmegiň ýokarda seredilip geçilen çemeleşmesine **garaşylýan gymmatyň nazaryýeti** diýlip at berildi. Netijeleriň we ähtimallyklaryň gymmatynyň obýektiw aňlatmalary bu çemeleşmäniň aýratynlygyny düzýär. Ýagdaýa baha berlende islendik ekspert öz

subýektiw häsiýetlerinden ugur alýar, ýagny onuň bahalary diňe bir obýektiw hakykata bagly bolman, eýsem, berilýän bahalarda subýektiň şu döwre çenli toplan tejribesi, kemala gelen şahsy gylyk--häsiýetleriniň täsiri hem bardyr.

## 7.2. HEREKETIŇ MÜMKIN BOLAN GÖRNÜŞLERINI KESGITLEMEK WE ÇÖZGÜTLERIŇ NETIJELERINE BAHA BERMEK

Umuman, durmuşda bolşy ýaly, ykdysady ýaýrawda hem hereket etmegiň mümkin bolan görnüşlerini kesgitlemek prosesi adam üçin iň çylşyrymly we düşündirmesi kyn bolan meseleleriň biri bolup durýar. Gündelik durmuşda ýüze çykýan meseleler boýunça birnäçe usullaryň içinden ýeke-täk dogry çözgüdi saýlap almak prosesiniň adam paýhasynda nähili bolup geçýändigi barada alnyp barlan düýpli barlaglaryň entek garaşylýan netijeleri bermändigini göz öňünde tutsak, onda psihologiýanyň ýaş pudaklarynyň biri hökmünde häzirki döwürde ykdysady psihologiýa mälim bolan usullary öwrenmek maksadalaýyk hasap edilýär. Ykdysady psihologiýa mälim bolan aşakdaky 3 sany usuly görkezmek bolar, ýagny:

1. «Beýni hüjümi» usuly;
2. Morfologiki seljerme usuly;
3. Sinektika usuly.

Psihologiýada ýörgünli bolan «***beýni hüjümi***» usuly şeýle usullaryň biridir. Bu usulda toparlaýyn maslahata gatnaşyjylara hereket etmegiň mümkin bolan görnüşleri hödürlenilýär. Şol bir wagtda toparyň agzalaryna bu babatda öz islendik pikirlerini (ol ýalňyş hem bolsa) beýan etmäge hukuk berilýär. Maslahata gatnaşýanlaryň döredijilik işjeňligini çäklendirmezlik maksady bilen, agzalar tarapyndan hödürlenilýän pikirlere tankydy bellikleri etmek gadagan edilýär. Aýdylan ähli pikirler ýazgy edilýär. «***Beýni hüjüminiň***» indiki tapgyry pikirleriň saýlanylmagy bilen baglanyşykly bolýar. Gatnaşyjylar hödürlenen pikirlere olary durmuşa geçirmek mümkinçiliginiň

nukdaýnazaryndan baha berýärler we olaryň arasyndan has netijelilerini saýlap alýarlar.

Adatça, «***beýni hüjümi***» usulynyň 2 tapgyrynda hem agzalar bilelikde işleýärler: öz pikirlerini aýdýarlar we olary saýlaýarlar. Ýöne soňky geçirilen barlaglar toparda bilelikde işleýänlere görä özbaşdak aýratyn işleýänleriň has ýokary netijeleri berýändiklerini belleýärler. Adam toparda işlän ýagdaýynda öz garaýşyny beýan etmek üçin nobatyna garaşmaga mejbur bolýar. Onuň garaşýan döwründe köp pikirleriň ýatdan çykmak ähtimallygy ýokarydyr. Şeýle-de başgalar tarapyndan çapraz pikirleriň aýdylmagy täze kemala gelen pikiriň nädogry hasap edilmegine getirip biler. Bu sebäpler pikirleri orta atmagyň öndürijiliginiň peselmegine täsir edýär.

Ýokarda bellenilenlerden ugur alyp, alternatiwalary döretmegiň netijeli serişdesi hökmünde «***beýni hüjümi***» prosesini biraz başgaça guramak maksadalaýyk hasap edilýär. Ýagny onuň birinji tapgyryny (pikirleriň generasiýasy diýlip atlandyrylýan tapgyry) şahsy derejede geçirmeli: her bir agza öz pikirlerini ýekelikde ýazýar. Soňra gatnaşyjylar bilelikde ýygnanyşyp, hödürlenen pikirleri ara alyp maslahatlaşýarlar. Şeýle edilende toparyň beýleki agzalary tarapyndan taýýarlanan teklipler gatnaşyjylara täze çözgütleri tapmaga ýardam berýär.

Alternatiwalary döretmegiň ýene-de bir netijeli usuly hökmünde **morfologiki seljerme usulyny** görkezmek bolar. Neşir gullugynda täze žurnalyň konsepsiýasyny isläp düzmeklige degişli mysala ýüzleneliň. Ilki bilen hereketiň mümkin bolan görnüşlerini kesgitlemäge jogapkär adamlar anyk we doly derejede meseläniň mazmunyny düzmeli. Mesele aýdyňlaşdyrylandan soňra, onuň esasy parametrlerini kesgitlemek zerur bolup durýar. Berlen mysalda bu parametrler aşakdakylardan ybaratdyr: 1) auditoriýanyň tipi; 2) žurnalyň tematikasy. Ol parametrleriň her biri üçin mümkin bolan manylar gözlenilýär.

1-nji parametr boýunça: ýetginjekler (Ý), uly ýaşly okuwçylar (UO), talyplar (T), orta ýaşly adamlar (OA), pensionerler (P) we beýlekiler.

2-nji parametr (tematikasy) boýunça: syýasat, ykdysadyýet, sungat, moda, syýahatçylyk we ş.m.

Parametrleriň aýratyn manysy morfologiki matrisany emele getirýär. Onuň her bir öýjügi 2 we ondan köp parametrleriň arabaglanyşygyny aňladýar. Şeýle matrisalaryň her bir öýjügine hereketiň bir görnüşi hökmünde seredip bolar.

Şeýlelikde, morfologiki matrisa mümkin bolan ähli alternatiw görnüşler barada düşünje berýär. Olaryň arasynda durmuşa ornaşdyrmak ähtimallygynyň pes bolan görnüşleri hem bardyr. Şunuň bilen baglylykda morfologiki seljermäniň indiki tapgyry görnüşleri durmuşa ornaşdyrmak mümkinçiligine baha bermekden ybaratdyr. Durmuşa ornaşdyrmak ähtimallygynyň pes bolan görnüşleri aradan aýrylýar. Matrisada mümkinciligi ýokary bolan görnüşler «+» belgisi, derejesi pes bolan görnüşler bolsa «–» belgisi bilen aňladylýar.

***Sinektika*** usuly alternatiwalaryň mümkin bolan möçberini ýüze çykarmaga ýardam berýän usullaryň biridir. «Sinektika» adalgasy grek sözünden emele gelip, dürli elementleriň birleşdirilmegini aňladýar.

Bu usulyň mazmuny öňde goýlan meseleler boýunça çekişmeleriň erkin ýagdaýda amala aşyrylmagyny üpjün etmek niýeti bilen, gatnaşyjylar esasy meseleden bilkastlaýyn daşlaşdyrylýar. Bu usulyň esasy maksady alternatiwalary döretmekde topara kabir analogiýalary tapmaga ýardam berýär. Sinektika usulynda analogiýalaryň 3 sany görnüşi ulanylýar:

a) biologik;

b) şahsy;

ç) simwolik.

Täze ulag serişdesini döretmek meselesini çözmek sinektika usuly esasynda aşakdaky yzygiderlilik boýunça amala aşyrylýar: biologik analogiýa boýunça dürli mör-möjekleriň hereket ediş usullary barada çekişmeler guralýar. Toparyň agzalary özlerini ýük konteýneriniň mysalynda göz öňüne getirip, başdan geçirýän duýgulary barada gürrüň berýärler. Bu şahsy analogiýa degişlidir. Meseläniň mazmunyny bir sözde ýa-da bir sözlemde aňlatmak simwoliki analogiýanyň (mysal üçin, «peýkam» ýa-da ulag serişdesi babatynda «bökmek» sözüni ulanmak bolar) aýratynlygyny düzýär. Oýa gelen pikirleriň ýe-

terlik möçberi jemlenenden soňra, topar olary öňde goýlan meseläni çözmekde ulanmaga girişýär.

Ýokarda seredilip geçilen usullaryň häsiýetli taraplarynyň biri, ol hem bu usullaryň ählisinde täze pikirleri döredijiler hakykatyň höküminden boşadylýar we olar hiç hili jogapkärçilik çekmeýän döredijilere öwrülýärler. Täze pikir döretmegiň hut şu aýratynlygy, hakykatdan hem, täze zady döretmäge ýardam berýär. Bu usullar diňe bir pikirleri döretmek prosesinde ulanylmaly däl-de, eýsem, guramaçylyk medeniýetiniň aýrylmaz düzüm bölegine öwrülmelidir. Sebäbi olar adamyň döredijilik potensialyny ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär.

Bir wagtda adama iki sany iş hödürlenilýär. Işiň möçberi we oňa tölenjek iş haky birmeňzeş. Ýöne hödürlenýän işiň birinji görnüşinde iş haky iş tamamlanandan soňra tölenýär, ikinji görnüşinde bolsa ýarym ýyldan soňra hak tölemek meýilleşdirilýär. Aglaba köplügiň işiň birinji görnüşini saýlajakdygy gümansyzdyr. Sebäbi şu günki puluň gymmaty ýarym ýyldan soň alynjak puluň gymmatyndan ýokary bolýar we bu hadysa netijäniň peýdalylygyny (subýektiw gymmatlygy) aňladýar. Bu ýagdaýy diňe bir puluň hümmetsizlenmek hadysasy bilen düşündirmek ýeterlik däldir. Bu ýerde peýdalylygyň diskont wezipesi (*discount* – iňlis sözi bolup, ol «hasaplaşygy» aňladýar) bilen baglanyşykly kanunalaýyklyk uly orun eýeleýär. Bu kanunalaýyklyk diňe bir pula bolan gatnaşyklarda ýüze çykman, eýsem, ony ykdysady özüňi alyp barmagyň dürli görnüşlerini seljermekde, zähmeti höweslendirmekde hem nazara alynsa bolar. Möhleti yza süýşürilen netijäniň esasy sebäbi şahslaryň öz ömürleriniň çäklidigine «düşünmekleri» bilen baglanyşyklydyr. Isleýän zadyňa uzak garaşdygyňça, şonça-da oňa eýe bolmak ähtimallygy peselýär.

Mundan başga-da adam şowsuzlygy, gynançly wakalary begençli wakalara garanyňda has çuňňur duýýar. Ýagny adam üçin «gamçy» usuly «süýji-köke» usulyna görä has ähmiýetli bolýar.

# VIII BAP

# MAHABATYŇ PSIHOLOGIÝASY

## 8.1. MAHABAT PSIHOLOGIK BARLAGYŇ OBÝEKTI HÖKMÜNDE

Mahabatyň psihologiýasy XIX–XX asyrlaryň sepgidinde döreýär. Empiriki barlaglar ABŞ-da we Günbatar Ýewropada giňden alnyp barylýar. Ýöne bu ugurda nemes alymlarynyň uly üstünliklere eýe bolmagy netijesinde liderlik olara degişli bolýar.

1924-nji ýylda nemes alymy T.Kenigiň «Mahabatyň psihologiýasy: onuň häzirki zaman ýagdaýy we amaly ähmiýeti» atly kitaby çap edilip, okyjylar köpçüligine hödürlenýär. Bu awtor amaly psihologiýada diňe 2 sany bölümiň, ýagny hünäre laýyklygyň we mahabatyň psihologiýasynyň uly gyzyklanma döredýän bölümlerdigini aýratyn belläp geçýär.

Durmuş-ykdysady hadysa hökmünde mahabat gadymy döwürlerde ýüze çykyp, ol latyn ***reclamare*** sözünden emele gelýär we «gygyrmak» diýmegi aňladýar. Gadymy döwürlerdäki söwdagärler ony öz harytlaryna beýlekileriň ünsüni çekmek maksady bilen diňe bir sözlerden peýdalanman, eýsem, daşky mahabatyň elementlerini, grafik keşplerini hem ulanypdyrlar. Mesopotamiýada, mysal üçin, ýörite gurnalan desgalarda hökümdarlaryň atlaryny we olara degişli öwgi sözlerini ýazmak adat bolupdyr. Şeýle-de Gadymy Gresiýada we Gadymy Rimde söwda we jemgyýetçilik edaralarynyň ýerleşýän öýlerinde köpsanly maglumatlar asylyp, olar ilaty satylýan harytlar we ýerine ýetirilýän hyzmatlar barada habarly edipdirler. Sol sanda permanlar we mahabat habarlary ornaşdyrylan ýörite daş plitalary oturdylypdyr.

XII asyrdan XV asyr aralygynda Günbatar Ýewropada senetçileriň sehleri, täjirleriň gildiýalary ýüze çykyp, olaryň öz mahabat atributlary – tugralary we baýdaklary bolupdyr. Ussalar öndüren önümlerine

öz şahsy tagmalaryny we atlarynyň hem-de familiýalarynyň birinji harplaryny goýupdyrlar. Galp tagmalaryň ulanylmagy kanun taýdan gadagan edilip, ol ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda göz öňünde tutulan jezalar ulanylypdyr. Bilim derejesi pes bolan ilatyň surat arkaly beýan edilen mahabat maglumatlaryny örän oňat saýgarmaklary köptarap-laýyn simwollaryň ýüze çykmagyna itergi beripdir. Hususan-da, 3 sany şaryň şekili asylan öý puluň göterime berilýän ýerdigini aňladan bolsa, onda altyn ädigiň suraty adikçi ussanyň nirede ýaşaýandygyny görkezipdir.

XVII asyrlarda ilkinji mahabat gazetleri Angliýada çap edilip baslanýar. Soňra XVIII asyrlarda Fransiýada ýörite mahabat agentlik-leri öz işlerini ýöredip ugraýarlar.

Köpçülikleýin habar bermekde täze serişdeleriň, poligrafiýa enjam-larynyň ýüze çykmagy netijesinde XX asyryň ahyryndaky mahabat işi ondan öňki döwürde alnyp barlan mahabat işinden düýpli tapawut-lanýar. Bu ýagdaý täze psihologik meseleleriň ýüze çykmagyna getir-ýär we degişlilikde adamyň mahabaty kabul edişiniň kanunalaýyklyk-laryny öwrenýän nazaryýetiň kamilleşdirilmegini talap edýär.

XX asyryň başlarynda mahabat meseleleri bilen meşgullanýan alymlar ylmyň elýeterli serişdeleri arkaly harytlary we hyzmatlary sarp edijä ýetirmek wezipesini esasy wezipeleriň hatarynda goýýar-lar, ýagny olar mahabat berýänleriň tarapdary bolup çykys edýärler. Olaryň köpüsiniň pikirine görä, psihiki prosesleri öwrenmegiň we psihologik taýdan täsir etmegiň usullaryndan peýdalanmagyň netije-sinde sarp edijiniň erkine täsir edip bolar, şeýle-de mahabat edilýän harytlara bolan hyrydarlygy emeli ýol bilen höweslendirip bolar diýip hasap edýärler.

«Satyn alyja tarap ýol» atly kitabyň awtory K.Frindleriň belle-megine görä, islendik mahabatyň ahyrky maksady adam aňyna täsir etmekden, ýagny onda degişli harydy almaklyga bolan meýli döret-mekden ybaratdyr. 1925-nji ýylda şu nukdaýnazary «Mahabatyň psihologiýasy» atly kitabynda rus alymy M.A.Manuýlow gaýtalaýar we ol mahabatyň esasy maksady beýlekileriň pikirlerine täsir et-mekden, olarda gyzyklanma emele getirip, harydy satyn almaga meýil döretmekden ybaratdyr diýip nygtaýar.

XX asyryň 50-nji ýyllarynda bazar ykdysadyýetiniň kuwwatly ösen ýurtlarynda, ýagny ilki bilen ABŞ-da ykdysadyýetiň «satyn

alyjjynyň bazaryna» geçmegi mahabatyň ösüşinde täze sahypany açýar. Mahabatyň psihologiýasynyň hil taýdan tapawutlanýan täze ösüş tapgyry başlanýar. Bazaryň bu görnüşinde hödürlemegiň hyrydarlyga görä agdyklyk etmegi netijesinde satyn alyjjynyň saýlamak mümkinçiliginiň artmagyna getirýär. Şunuň bilen baglylykda harytlary ýerleşdirmek meselesi aýratyn ähmiýete eýe bolup, bu marketingiň ykdysadyýete has çuň ornaşmagyna alyp barýar. Bu ýagdaý «öndürip boljak harydy satmaly däl-de, satyp boljak harydy öndürmeli» diýen şygaryň öňe sürülmegine esas döredýär.

***Marketing*** – bu bazar gatnaşyklaryny öwrenmäge we dolandyrmaga gönükdirilen ylmy we amaly garaýyşlaryň ulgamydyr. Onuň esasy wezipesi adamlaryň isleglerini kanagatlandyrmak bilen, ýokary hilli harytlary öndürmekden we olary mahabat etmekden ybaratdyr. Ykdysadyýetde ýüze çykan täze ösüş meýilleri «konsýumerizm» adyna eýe bolan sarp edijileriň köpçülikleýin durmuş hereketi bilen berkidilýär. Munuň netijesinde mahabat işini düzgünleşdirýän, mahabatyň üsti bilen psihologik taýdan täsir etmek meýlini çäklendirýän, şeýle-de sarp edijini ynsapsyz mahabatlardan goraýan birnäçe kanunlar we jemgyýetçilik guramalary ýüze cykyp başlaýar. Şeýle kanunlaryň hatarynda mahabat işiniň Halkara Kodeksini görkezmek bolar.

Sarp edijileriň erk-isleglerine täsir etmek, köp ýagdaýlarda, howply we ykdysady taýdan bähbitsiz iş bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda mahabatyň psihologiýasynda täze meýiller ýüze çykyp başlaýar. Marketing işleriniň çäklerinde psihologlar islegleri döretmegiň emeli usullary baradaky pikirleri öňe sürüp, esasy ünsi sarp ediji tarapyndan amala aşyrylýan saýlamak we çözgüt kabul etmek prosesine gönükdirýärler. Marketinge esaslanyp ösýän telekeçilik mahabatlardan başga-da mahabatyň beýleki ugurlaryndan, ýagny kärhananyň jemgyýetçilik mertebesiniň abraýly bolmagyny üpjün edýän – «*public relation*» (köpçülikleýin gatnaşyklar), mahabat berýäniň müşderä ýüzlenip ýazýan hatynda zerur çäreleriň görkezilmegi – «*direct marketing*», prezentasiýa, degustasiýa we lotereýa oýnamak arkaly sarp edijide degişli islegleri we harydy satyn almak meýlini döretmek bilen baglanyşykly işleri geçirmek – «*sales promotion*», satyn alyjjynyň haryt bilen şahsy kontakty netijesinde harydyň satylmagyny üpjün edýän iş – «*personal selling*» we beylekilerden peýdalanyp başlaýarlar. Mahabat işiniň bu görnüşleri ***marketing***

***kommunikasiýalary*** diýlip atlandyrylýar. Şol sebäpli häzirki döwürde mahabatyň psihologiýasyny täzeçe marketing kommunikasiýalarynyň psihologiýasy diýlip atlandyrylsa ýalňyş bolmaz. Durmuş-ykdysady hadysa hökmünde mahabata bolan gatnaşyk jemgyýetde birmeňzeş däldir. Munuň şeýledigine 3-nji tablisada görkezilen maglumatlar şaýatlyk edýär.

*3-nji tablisa*

**Sarp edijileriň mahabat baradaky dürli garaýyşlaryny häsiýetlendirýän pikirleri (jemgyýetçilik sorag-jogap alyşmagyň netijeleri boýunça)**

| t/b | Mahabatyň tarapdarlarynyň garaýyşlary | Mahabatyň garşysyna aýdylýan garaýyşlar |
|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** |
| 1 | Mahabat harydyň, puluň aýlanyşygyny çaltlandyrýar, netijede, jemgyýetiň maddy we ruhy gymmatlyklarynyň ösdürilmegine ýardam berýär. Mahabat jemgyýetdäki haryt-pul gatnaşyklarynyň ýagdaýyny häsiýetlendirýän görkezijidir. Köpçülikleýin we dürli häsiýetli mahabatlaryň bolmagy jemgyýetdäki ykdysady prosesleriň uly depginlerde ösmegine, kärhanalaryň arasynda bäsleşigiň bolmagy bahalaryň peselmegine, täze harytlaryň we hyzmatlaryň, önümçilik kärhanalarynyň ýüze çykmagyna ýardam berýär. Netijede, iş haky, iş bilen meşgullygyň ýokary derejesi üpjün edilýär. | Mahabat adamlary aldaýar, mahabaty giňden ýaýradylýan harytlaryň bahasy ýokary bolýar. Sebäbi mahabat üçin edilýän çykdajylar harydyň bahasyna goşulýar. Günbatar ýurtlarynyň mahabaty milli ykdysadyýete öz oňyn täsirini ýetirmeýär. |
| 2 | Mahabat bäsleşigiň ösmegine ýardam berýär, adamlaryň döredijilik mümkinçiliklerini işjeňleşdirýär, olary maddy we ruhy gymmatlyklary döretmeklige iterýär, diňe bir şahsy däl, eýsem, jemgyýetçilik abadançylygyny hem artdyrýar. | Mahabat sosial häsiýetli dawalaryň ýüze çykmagyna getirýär. Hususan-da, ýokary gatlagyň wekillerine gönükdirilen mahabatlar pes girdejili gatlaklarda nägilelik duýgusyny döredip biler. |

*3-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 3 | Mahabat bazarlarda ýüze çykýan täze harytlar we hyzmatlar, olaryň bahalary, hili, häsiýetleri barada alyjylary habarly edýär. | Teleýaýlymlarda goýberilýän mahabatlara köp adam tomaşa edýär. Şol sebäpli bellibir derejede ilata ýoýulan maglumatlaryň ýetirilmegi netijesinde howplaryň birnäçe görnüşleriniň ýüze çykmak ähtimallygy ýokary bolýar. |
| 4 | Mahabatlarda ulanylýan dizaýn durmuşymyzy bezeýär, estetiki ukyplarymyzy ösdürýär, ýokary medeniýetiň ülňülerine ýakynlaşdyrýar, adamlary ysnyşdyrýar. | Mahabat ünsi çekmek maksady bilen adamlaryň, hususan-da, ýaşlaryň psihikasyna ýaramaz täsir edýän usullardan peýdalanýar. |
| 5 | Önümleriň düzümi we olaryň howpsuzlygy baradaky maglumatlar ekologik aňyýetiň kemala gelmegine ýardam berýär. | Mahabat adamlaryň saglygyna ýaramaz täsir edýän harytlary almaga bolan islegi döredip, olaryň tarapdarlarynyň sanyny artdyrýar. |
| 6 | Gymmat bahaly harytlaryň mahabaty adamlarda olary diňe bir sarp etmek üçin däl-de, eýsem, ýokary hilli önümleri öndürmäge itergi berýär. | Mahabat jemgyýetçilik gymmatlyklary ýoýýar. Durmuş ähmiyetli bolan gymmatlyklar beýleki gymmatlyklar bilen deňleşdirilýär ýa-da çalşylýar. Netijede, bu adamlaryň ahlak derejesine ýaramaz täsir edýär. |

**Çeşmesi:** Лебедев А.Н., Боковиков А.К. Экспериментальная психология в российской рекламе // ИП РАН. – М.: Изд. Центр «Академия», 1995.

Mahabat barada adamlaryň garaýyşlarynyň dürli-dürli bolmagyna garamazdan, ykdysady we syýasy taýdan durnukly bolan jemgyýetlerde mahabat işi degişli kanunlar arkaly çäklendirilendir.

Ol durmuş-ykdysady gatnaşyklar ulgamynda mynasyp orun eýelemek bilen, mahabat berýänlere-de, sarp edijilere-de peýdaly bolup, bazary we bäsleşigi ösdürmegiň zerur şerti hökmünde çykys edýär. Mahabatyň jemgyýetde tutýan ornuna düşünmek üçin adam aňyna, onuň özüni alyp barşyna, durmuşyna täsir edýän sebäpleriň jemini hasaba almak hökmanydyr.

## 8.2. MAHABATYŇ PSIHOLOGIÝASYNYŇ PREDMETI

Mahabatyň edýän täsiri bilen adamlaryň özlerini alyp baryşlarynyň arasyndaky gatnaşyklar mahabatyň psihologiýasynyň öwrenýän esasy meseleleriniň biridir. Bu meseläniň çözgüdiniň mahabaty amala aşyrmak çäreleri bilen baglanyşykly bolmagy degişli seljerme işleriniň geçirilmegini talap edýär. Hakykatdan-da, täsiriň netijesinde adam özüni alyp barşyny üýtgedip biler, şol bir wagtda bu özgertmeleriň onuň içki duýgularyna (isleglerine, motiwlerine, meýillerine we ş.m.) hem degişli bolup biljekdigi bellärliklidir. Sarp edijileriň özlerini alyp baryşlaryna täsir edýän sebäpler boýunça alymlaryň garaýyşlary dürli-dürlüdir. Olaryň köpüsiniň pikirine görä, mahabat bilen özüňi alyp barmaklygyň arasynda gönüden-göni arabaglanyşyk bardyr.

XX asyryň 20-nji ýyllarynda söwda mahabatyny nemes psihologlary T.Kenig we M.Bauh «adam psihikasyna ýörite täsir etmek arkaly onda bildiriş berilýän predmetleri satyn almaga bolan doly taýýarlygy emele getirmek maksady bilen amala aşyrylýan iş» hökmünde häsiýetlendirýärler. Mahabat arkaly täsir etmegiň psihologik mehanizmi hökmünde öz-özüňi ynandyrmak prosesi çykyş edýär.

Soňky döwürlerde marketing baradaky pikirleriň ösmegi bilen, köp alymlar adam isleglerini sarp edijileriň ykdysady özlerini alyp baryşlarynyň esasy sebäbi diýip hasaplaýarlar. Bu ýerde esasy mehanizm hokmünde öz-özüňi ynandyrmak prosesi çykys etmän, eýsem, uly orun ynam, deňeşdirme, saýlap başarmak ýaly häsiýetlere degişlidir. Özüňi ynandyrmagyň, bellibir derejede, ykdysady özüňi alyp barmak prosesini kesgitläp biljekdigi gümansyzdyr. Ýöne şeýle bolan ýagdaýynda ol wagtlaýyn häsiýete eýe bolup, onuň netijesiniň

durnukly bolmajakdygy şübhesizdir. Tejribäniň şaýatlyk etmegine görä, mahabat işleri bilen meşgullanýan kompaniýalar harytlary näçe mahabat etseler hem, eger sarp edijilerde olara bolan obýektiw zerurlyk bolmasa ýa-da hili we funksional mümkinçilikleri boýunça olaryň garaşýan netijelerine gabat gelmeýän bolsa, onda mahabat kompaniýasy üçin bu iş netijeli bolmaýar. Bu ýagdaý sowet döwrüniň mahabaty bilen meşgullanan rus alymy M.A.Manuýlowyň aýdan sözleriniň dogrudygyny tekrarlaýar. Ýagny onuň bellemegine görä, «Mahabat kime gönükdirilen bolsa, ol şol adamlaryň pikirlerini okaýar, netijede, onuň özeni adam aňyny kesgitleýän kanunlary öwrenýän ylymda jemlenendir. Ol ylym psihologiýadyr».

Häzirki döwürde mahabatyň psihologiýasy diňe bir sarp edijileriň däl, eýsem, mahabaty amala aşyrýanlaryň psihologiýasyny hem öwrenmelidir. Köp sebäplere görä (ilkinji nobatda, subýektiw sebäplere görä, şeýle-de proýeksiýa bilen baglanyşykly ýalňyşlyklara görä we ş.m.), düýpli säwlikleriň goýberilmegi netijesinde mahabat beýlekilere düşnüksiz bolup biler, käbir ýagdaýlarda garaşylýan netijelere ters gelmek ähtimallygynyň bardygy hem bellärliklidir. Şu nukdaýnazardan, mahabat işine ikitaraplaýyn gatnaşyklar hökmünde garalyp, onda hökmany suratda özara düşünişmegiň zerurlygy uly ähmiýete eýedir.

Ykdysadyýetde marketingiň ýüze çykmagy we onuň giňden ýaýramagy köp alymlaryň mahabatyň diňe bir ykdysady işiň bir görnüşi hökmünde tutýan orny we ýerine ýetirýän wezipeleri baradaky garaýyşlarynyň üýtgemegine getirmän, eýsem, ylmy-amaly ders hökmünde mahabatyň psihologiýasynda hem täze garaýyşlaryň döremegine getirdi. Amerikan alymlarynyň bellemegine görä, mahabat «harytlaryň we hyzmatlaryň, şeýle-de ideýalaryň hilini sarp edijileriň isleglериniň diline geçirmäge çalyşýan kommunikasiýanyň görnüşi hökmünde çykyş edýär». Şeýlelikde, häzirki zaman mahabaty sarp edijileriň erkine täsir etmek we mahabat edilýän harytlara bolan islegi emeli ýol bilen kemala getirmek meselesini öňünde goýman, ol şol islegleri anyk harytlara, hyzmatlara geçirmäge çalyşýar, bu prosesi tizleşdirýär. Şu logikanyň netijesinde psihologiýanyň psihiki prosesleri öwrenmek bilen, mahabat serişdeleri arkaly adam islegleriniň «predmetleşmegine» ýardam berýär.

Ýokarda aýdylanlary göz öňünde tutup, mahabatyň psihologiýasynyň predmetini kesgitlemek zerurdyr. Mahabatyň psihologiýasynyň predmeti sarp edijileriň isleglerini netijeli kanagatlandyrmak maksady bilen, mahabaty berýän bilen sarp edijiniň arasyndaky psihiki prosesleri öwrenýär.

## 8.3. MAHABATYŇ TÄSIR EDIŞ PROSESINI MODELIRLEMEK

Birnäçe ýyl mundan ozal mahabatyň psihologiýasynda täze ugur kemala geldi. Bu ugur mahabatyň psihologik täsirini modelirlemek bilen baglanyşyklydyr. XIX asyryň ahyrlarynda bu täsiriň umumylaşdyrylan nazary modelini işläp düzmek işleri amala aşyrylýar. Şol işleriň netijesinde AIDA formulasy ýüze çykýar. Bu formula Elmer Lewis tarapyndan 1896-njy ýylda teklip edilýär. Awtoryň pikiri boýunça mahabatyň täsiri ünsi çekmekden (*attention*) başlanýar, soňra ol gyzyklanma (*interest*), isleg (*desire*) döredýär we kada bolşy ýaly, harydy satyn almak bilen baglanyşykly iş (*activity*) ýüze çykýar. Bellibir wagt geçenden soňra bu formula ýene-de bir element, ýagny içki meýiller-motiwler (*motive*) goşulýar. Şunlukda, formula – AIMDA görnüşine eýe bolýar.

Ýöne bu formulanyň düzümine girýän elementleriň özara gatnaşygy baradaky meselede aýdyňlygyň ýoklugy sebäpli, mahabatyň edýän täsiri bilen öňünden çaklanylan netijäniň baglanyşygyny açyp görkezmegiň hötdesinden gelinmeýär. Ýagny ahyrky netijede harydy satyn almak üçin diňe şol haryda ünsi çekmek ýeterlik däldir. Ünsi çekmek bilen harydy satyn almagyň arasynda psihologik we beýleki sebäpler arkaly kesgitlenýän sebäp-netije gatnaşyklarynyň çylşyrymly zynjyry bardyr. Şeýle-de bu formula mahabatyň täsir etmegi netijesinde harydy satyn almak ýa-da hyzmaty amala aşyrmak barada çözgüt kabul edilende möhüm bolan isleglerіň çylşyrymly ulgamyny we motiwleri, duýgulary, assosiatiw pikiri, sosial-psihologik gönükdirilmeler ýaly ululyklary öz içine almaýar. Şol sebäpli häzirki döwürde käbir alymlaryň AIDA (AIMDA) formulasyna salgylanýandyklaryna garamazdan, köp hünärmenler onuň ýeterlik derejede bolup geçýän prosesi düşündirmäge ukypsyzdygyny nygtaýarlar.

Birnäçe wagtdan soňra ASSA formulasy teklip edilýär. Sarp edijiniň özüni alyp barşynyň 4 tapgyrynyň, ýagny – üns (*attention*), argumentleriň kabul edilişi (*comprehension*), ynandyrmak (*convince*) we hereket etmek (*action*) tapgyrlarynyň birini geçen auditoriýany kesgitlemek mahabatyň täsiriniň netijesi diýlip häsiýetlendirilýär. Bu formulada ynandyrmak psihologik täsiriň esasy elementi hökmünde çykyş edýär, ýagny ol adam paýhasyna täsir etmegiň strategiýasyny emele getirýär. Formulanyň esasy artykmaçlygy adamyň pikir ýöretmek prosesine üns berilýändigi bilen baglanyşykly bolup, onuň ýetmezçiligi mahabatyň täsir etmeginde islegleriň tutýan ornuna kembaha garalmagyndan ybaratdyr. Eger-de adamda ozal-başda obýektiw zerurlyk bolmasa, ony bir zady satyn almaga ynandyryp, şeýle-de mejbur edip bolmaýandygy hemmelere äşgärdir.

Harydy satmagyň 6 sany tapgyryny özünde jemleýän DIBABA (6 tapgyryň nemes dilindäki atlandyrylyşyndan emele gelýär) formulasy nemes alymy G.Goldman tarapyndan 1953-nji ýylda hödürlenýär:

1) potensial satyn alyjylaryň isleglerini kesgitlemek;

2) sarp edijileriň zerurlyklaryny mahabatyň hödürleýän harytlary bilen deňleşdirmek;

3) satyn alyjyny berlen harydy satyn almak barada zerur netije çykarmaga «itermek»;

4) satyn alyjynyň garaýşyny hasaba almak;

5) harydy satyn almak islegini döretmek;

6) satyn almak üçin amatly ýagdaýy kemala getirmek.

Bu modeliň aýratynlygy satyn alyjynyň isleglerine gönükdirilmeginden, çözgüt kabul etmek prosesiniň tutýan möhüm ornuna düşünmekden, deňeşdirmekden, saýlamakdan, pikir ýöretmegiň kanunlaryndan peýdalanmakdan, duýgularyň tutýan ornuna hem-de adamyň haryda we hyzmatlara bolan oňyn gatnaşygyna mynasyp baha bermekden ybaratdyr.

Mahabatyň täsiriniň psihologik düzümini beýan etmekde başlanan täze tapgyr mahabaty öwrenýän amerikan alymy Rassel Kol-

li tarapyndan hödürlenen DAGMAR modeli bilen baglanyşyklydyr. Bu modele laýyklykda satyn almak prosesi 4 sany tapgyrda amala aşyrylýar:

1) harydyň markasyny tanamak;

2) harydyň hili barada maglumat almak;

3) ynandyrmak – satyn almaga psihologik meýli döretmek;

4) hereket etmek – satyn almagy amala aşyrmak.

R. Kolliniň teklip eden modeli «Mahabatyň maksadyny kesgitlemek – mahabatyň netijesini ölçemek» diýen iňlis jümlesini esas edinip, satyn almak marketinginiň esasy elementleri esasynda kesgitlenýär, ýagny baha, haryt, harydy ýaýratmak ulgamy, harydy ýerlemegi höweslendirmek DAGMAR modeliniň aýratynlygyny emele getirýär.

Häzirki döwürde mahabatyň psihologiýasynyň çäklerinde işlenilip düzülen modeller mahabat işiniň netijeliligini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Şeýle-de olar mahabatyň täsirinde haýsy-da bolsa bir harydy satyn almak barada çözgüt kabul edilişiniň nähili bolup geçýändigi bilen baglanyşykly soraga jogap berýär.

## 8.4. MAHABAT IMIJLERINIŇ WE BRENDLERINIŇ PSIHOLOGIÝASY

Amerikan mahabatynda ulanylýan «image-making» we «branding» düşünjeleri işiň ýörite görnüşlerini emele getirýär.

- **Imij** – kärhananyň, harydyň ýa-da adamyň oňyn keşbi bolup, sarp edijileriň aňynda mahabat serişdeleriniň kömegi bilen döredilýär.
- **Brend** – sarp ediji tarapyndan oňat tanalýan söwda markasy bolup, kada bolşy ýaly, ýörite atlandyrylýar we surat, logotip görnüşine eýe bolýar.

Imijler we brendler uzak wagtyň dowamynda mahabat edilýän harydyň ýokary hilli häsiýetleriniň sarp edijileriň aňynda emele gelmegi netijesinde döreýär. Imijler we brendler bilen baglanyşykly psihologik aýratynlyklar ýüze çykýar. Adam öz tanaýan markasynyň harydyny satyn alanda, onuň imijini we brendini hem satyn alýar. Mahabat çäreleriniň psihologik seljermesiniň şaýatlyk etmegine görä,

adam tanyş söwda markasynyň harydyny satyn alanda azyndan iki sany islegini kanagatlandyrýar: funksional, ýagny harydyň sarp edijilik häsiýeti bilen baglanyşykly bolan isleg, şeýle-de bu harydy satyn almak bilen ol ýokary durmuş ülňülerine özüniň gabat gelýändigini äşgär edýän görkezijileriň biri bolup durýar. Şeýlelikde, netijeli mahabat işi, kada bolşy ýaly, subýektiň diňe bir islegine gönükdirilmän, eýsem, ol onuň birnäçe isleglериниň kanagatlandyrylmagyny hem öz içine alýar.

Adam harydy satyn alanda diňe bir onuň funksional häsiýetlerini nazara alman, eýsem, satyn almak arkaly ol jemgyýetde kemala gelen imijiň ýa-da brendiň täsir etmegi bilen, özüne berýän bahasyny ýokarlandyrmaga, jemgyýetiň ýokary gatlagyna degişli sosial toparyň wekillerine meňzemäge, özüni ykrar etdirmäge mümkinçilik berýär. Funksional taýdan peýdasyz harytlary satyn almak hadysasy, adaty durmuşy pähimiň derejesinde, adam üçin şu islegiň ähmiýetiniň ýokarydygyny aňladýar. Şol sebäpli käbir alymlar käwagt gerekmejek harytlaryň sarp edijiler tarapyndan satyn alynmagyny mahabatyň täze islegleri döretmäge bolan ukyby bilen düşündirmäge çalyşýarlar. Ýöne adam şol harytlary satyn almak bilen, öz funksional isleglerinden başga-da goşmaça islegleri kanagatlandyrýandyklaryny ol alymlar hasaba almaýarlar.

Şeýlelikde, ýokarda aýdylanlar belli brende laýyklykda bazara niýetlenip öndürilýän harytlaryň funksional häsiýetlerine görä, adamlaryň kesgitli topary üçin brendleriň gymmatynyň has ýokary bolup biljekdigini tekrarlaýar. Obýektiw taýdan güýçli bolan brend, adatça, ýokary hilli harytlar bilen üpjün edilen bolmalydyr.

Dünýäniň köp ýurtlarynda, şol sanda Russiýada häzirki döwürde jemgyýetde meşhurlyk gazanan adamlaryň durmuşy, olaryň endikleri, gyzyklanma bildirýän ugurlary barada reňkli žurnallaryň çap edilmegi olary mahabatlandyrmagyň özboluşly görnüşi bolup durýar.

# IX BAP

# ZÄHMET IŞJEŇLIGINIŇ PSIHOLOGIÝASY

## 9.1. HÜNÄR ÖWRENMEGIŇ PSIHOLOGIK ESASLARY

**Mazmuny:**

**Psihologiýa we zähmet.** Zähmet işjeňliginiň psihologiýasynyň wezipeleri. Zähmet, hünär, kär. Zähmetiň psihologik mazmuny.

**Zähmet işjeňligini öwrenmegiň usullary.** Zähmet işjeňligini öwrenmegiň döwrebap usullary. Professiogrammalar. Professiogrammalary düzmegiň ýörelgeleri.

**Zähmet işjeňliginiň klassifikasiýasy.** Zähmetiň görnüşleriniň klassifikasiýasy. Hünärleriň toparlara bölünilişi.

**Hünarine ussat şahsyýeti kemala getirmek.** Zähmet subýektiniň hünär taýdan ýöriteleşmegi. Şahsyýet we işjeňlik. Ýaş we biografiki çökgünlikler.

**Zähmet subýektiniň işe ukyplylygy.** «Zähmet subýektiniň işe ukyplylygy» düşünjesiniň düzümi. Işe ukyplylygyň depginleri. Işe ukyplylygyň görkezijileri.

**Zähmet subýektiniň ygtybarlylygy.** Zähmet subýektiniň hünär taýdan ygtybarlylygy. Funksional ygtybarlylyk.

**Psihologiýa we zähmet.** Durmuş-ykdysady we tehnologik ösüşiň öňe ilerlemegi zähmetiň köp görnüşleriniň çylşyrymlaşmagyna, jogapkärçiligiň artmagyna, hünär bilen baglanyşykly wezipeler ýerine ýetirilende bolsa subýektleriň funksional mümkinçiliklerine bolan talaplaryň ýokarlanmagyna getirýär. Bu hadysalar jemgyýetiň häzirki ösen derejesinde zähmet işjeňligi baradaky psihologik bilimleriň ähmiýetini has-da artdyrýar. Zähmet işjeňliginiň psihologik kanunala-

ýyklyklaryny, zähmet meselesini çözmekde adamlaryň mümkinçiliklerini we çäklendirmelerini, adam bilen zähmet serişdeleriniň özara uýgunlaşmagy baradaky kanunlary öwrenmek zähmet işjeňliginiň psihologiýasynyň esasy maksady we predmeti bolup durýar.




*6-njy şekil.* ***Zähmetiň ýerine ýetirýän wezipeleri***

**Zähmet işjeňliginiň psihologiýasy** – bu psihologiýa ylmynyň bir pudagy bolup, ol adamyň zähmet subýekti hökmünde kemala gelmegi we hereket etmegi netijesinde amaly wezipeleri çözmegiň şertlerini, ýollaryny we usullaryny öwrenmekden ybaratdyr.

Zähmet işjeňliginiň psihologiýasynyň esasy wezipesi aşakdaky meseleleri öwrenmekden we olar boýunça degişli maslahatlary işläp düzmekden ybaratdyr, ýagny:

1. Hünär işjeňliginiň anyk görnüşleriniň psihologik aýratynlyklary (onuň serişdeleri, mazmuny, şertleri we guralyşy, kemçilikleri, seljermesi, hünärleriň klassifikasiýasy);

2. Adamyň şahsy-psihologik aýratynlyklarynyň zähmetiň netijeliligine, ygtybarlylygyna we howpsuzlygyna edýän täsiri;

3. Adamyň hünäre gabat gelmeginiň psihologik kanunalaýyklyklary (hünäre gönükdirmek, hünär saýlamak, hünär taýdan taýýarlyk, zähmete uýgunlaşmak);

4. Zähmet subýektiniň funksional ýagdaýy (ýadawlyk, stress, emosional dartgynlyk we olary kesgitlemegiň, öňüni almagyň, düzetmegiň usullary);

5. Adam bilen tehnikanyň özara gatnaşygynyň psihologik kanunalaýyklyklary.

Zähmet işjeňliginiň psihologiýasy işjeňligi kämilleşdirmegiň ýollaryny, usullaryny we serişdelerini öwrenmek bilen çäklenmän, eýsem, adam psihikasynyň düýpli ahwallaryny (zähmet subýekti hökmünde kemala gelmegini, bolup geçýän ahwallary düzgünleşdirmegiň mehanizmini, zähmetde özüňi alyp barmagyň şahsy aýratynlyklaryny, hünäre bolan ukyplylygy kemala getirmegi) barlamak we seljermek işleri bilen meşgullanýar.

Daşymyzy gurşap alan dünýäni özgertmekde durmuş-ykdysady prosesler hökmünde psihologiýanyň we zähmetiň arasyndaky gatnaşyk zähmet işjeňliginiň psihologiýasyna mahsus bolan möhüm düzgünleriň esasynda amala aşyrylýar:

- bu işjeňlik diňe bir adam zähmetini ýeňilleşdirmäge gönükdirilmän, eýsem, ony has öndürijilikli, howpsuz etmek meselesini hem öz içine alýar. Şol bir wagtda ol maddy üpjünçiligiň esasy çeşmesi bolup çykyş edýär;
- ol adamy zähmete, zähmeti bolsa adama uýgunlaşdyrmaga çalyşýar;
- zähmet işjeňliginde dürli adamlara häsiýetli bolan psihologik ahwallaryň şahsy aýratynlyklarynyň derejesi we olaryň üýtgemek häsiýeti ýüze çykýar.

**Zähmet, hünär, kär.** Zähmet – bu adam isleglerini kanagatlandyrmak üçin daşymyzy gurşap alan dünýäni özgertmek ugrunda al -nyp barylýan maksadalaýyk işdir. Zähmet adamyň akyl ýetirmegi netijesinde emele gelýän işjeňliginiň esasy görnüşi bolup, onuň şahsy we jemgyýetçilik durmuşynda özüni ykrar etdirmeginiň serişdesi we usuly bolup hyzmat edýär. Zähmet arkaly ol özüne we gurşap alan dünýä göz ýetirýär, özüni şahsyýet hökmünde kemala getirýär we ösdürýär, maddy we ruhy baýlyklary döretmek bilen şahsy abadançylygyny üpjün edýär. Zähmetiň ýerine ýetirýän wezipelerini üstünlikli amala aşyrmak üçin kesgitli şertleriň döredilmegi zerurdyr:

1. Anyk işi ýerine ýetirmek üçin mynasyp adamlary saýlamak;
2. Hünär taýdan taýýarlyk;
3. Zähmet prosesiniň guralyşy we onuň şertleri;
4. Zähmet serişdeleriniň netijeliligi we amatlylygy;
5. Adam mumkinçilikleriniň iş ýüklerine laýyklygy;

6. Zähmet howpsuzlygyny, hünär sagdynlygyny we ömrüň dowamlylygyny üpjün etmäge çalyşmak, işgäriň işe ukyplylyk häsiýetine psihologik taýdan goldaw bermek ulgamyny döretmek.

**Zähmet işjeňligi**

| **Zähmetiň subýekti** | **Zähmetiň mazmuny** | **Zähmet serişdeleri** | **Zähmet şertleri** | **Zähmeti guramak** |
|---|---|---|---|---|
| Zähmet işjeňliginiň eýesi we başyny başlaýjy (inisiatory) | Zähmet wezipelerini ýerine ýetirmek prosesi we usullary | Işjeňligiň maddy (enjamlar, maşynlar) we dil, özüňi alyp barmak, yşarat hereketleri (žest) | Fiziki, himiki we sosial gurşaw | Tertip-düzgün, zähmet wezipeleriniň ýerine ýetirilişiniň möçberi we dowamlylygy |

*7-nji şekil.* ***Zähmet işjeňliginiň düzümi***

Zähmet, onuň mazmuny, maksatlary adam şahsyýetiniň kemala gelmegine we ösmegine ýardam bermek, gazanylan netijelerden kanagatlanma almak duýgusy esasy şertleriň biridir. Adam psihikasynyň işjeňligiň netijesinde ýüze çykýandygy we emele gelýändigi psihologiýa ylmynda subut edilen hakykatdyr. Şahsyýetiň kemala gelmek prosesi islendik işjeňligiň netijesinde bolup geçmeýär. Diňe inisiatiwasy, ýagny başlangyja döwtalaplylygy, motiwleri bolan subýektiň özüni alyp barşy we aňynda uly öwrülişikleriň bolup geçmegi bilen şahsyýet kämilleşýär.

**Zähmet** – bu adam resurslarynyň psihologik, fiziologik, hünär we beýleki funksional mümkinçiliklerini amala aşyrmak prosesidir. Funksional mümkinçilikler adamlaryň ýaşyna, hünär taýýarlygyna, saglyk ýagdaýynyň derejelerine görä dürli häsiýete eýedir. Zähmet işjeňligini kämilleşdirmek boýunça çözülmegi zerur bolan amaly hä-

siýetli meseleler, şeýle-de adamyň psihiki işjeňligi bilen baglanyşykly hadysalary öwrenmek zähmet işjeňligini emele getirýän düzüm bölekleriniň aýratynlyklaryna seredip geçmek zerurlygyny döredýär.

Kesgitli hünäriň aýratynlyklary zähmet işjeňliginiň mazmunyny açyp görkezýän ululykdyr. Ýöne aýratynlykda alnanda şol bir elementleriň başga hünärlerde-de duş gelýändigine garamazdan, hünär adalgasynyň mazmuny işjeňligiň mazmunyndan has giňdir.

**Hünär** işjeňligiň birnäçe görnüşleriniň jemi bolup, obýektiň meňzeş aýratynlyklaryny, mazmunyny, serisdelerini, guralyşyny, zähmetiň netijelerini we zähmet subýektlerini taýýarlamaga bolan talaplary öz içine alýar. Bu adalgada zähmet işjeňliginiň anyk görnüşleriniň dürli derejeleri we dürli taraplary jemlenendir:

- Zähmetiň obýekti we predmeti, onuň mazmuny, şertleri we guralyşy;
- Zähmetiň maksatlaýyn wezipeleri we onuň netijeleri;
- Zähmet subýektiniň aýratynlyklary – onuň bilimleri, başarnyklary, endikleri, ukyplary;
- Ykdysady we durmuş taraplary – işe ýerleşdirmek, maddy isleglerini kanagatlandyrmak, durmuş statusyny tassyklamak;
- Bir ugra, bir maksada gönükdirilen adam toparlarynyň işjeňliginiň görnüşi.

**Kär** – bu işjeňligiň takyk, anyk görnüşi bolup, maksatlaryň, prosesiň, zähmet serişdeleriniň we zähmet subýektleriniň hünär taýýarlygynyň ýöriteleşdirilen aýratynlyklary bilen häsiýetlendirilýär. «Kär» adalgasy, adatça, işjeňligiň has anyk görnüşlerini häsiýetlendirmekde ulanylýar, ýagny ol zähmet bölünişigini has-da çuňlaşdyrmagyň netijesi bolup çykyş edýär (mysal üçin, hünär – lukman, kär – terapewt, hirurg, okulist we ş.m.).

**Zähmetiň psihologik mazmuny.** Zähmet işjeňliginiň her bir anyk görnüşi has netijeli, tygşytly usulyň esasynda amala aşyrylýar. Hünäri özleşdirmek prosesinde adam öňden kesgitlenen usuly şahsy, ýagny diňe özüne mahsus bolan işjeňligiň usulyna öwürmek bilen, onda şahsy aýratynlyklar, şol sanda psihologik aýratynlyklar uly orun eýeleýär. Zähmet subýektiniň şahsy häsiýetlerine esaslanýan hünäri ele almak prosesiniň içki tarapy işjeňligiň psihologik ulgamyny emele getirýär.

**Işjeňligiň psihologik ulgamy** – anyk işi ýerine ýetirmek üçin zähmet subýektiniň psihiki we sypat emele getiriji häsiýetleriniň jeminden ybaratdyr.

Işjeňligiň psihologik ulgamynyň ösmegi zähmet subýektini hünär taýdan taýýarlamak prosesini, şeýle-de kämilleşmegiň netijesinde ussatlyk derejesine ýetmek prosesini öz içine alýar. Bu ulgamyň emele gelmegi bilen subýektiň özleşdirmek prosesinde hünäri doly ele almagy üçin ähmiýetli bolan anyk işçi wezipeleri çözmäge gönükdirilýär we aýratyn häsiýetleriň arasyndaky baglanyşyk berkeýär.

Aşakdaky şekilde işjeňligiň psihologik ulgamynyň düzümleýin çyzgysy görkezilen. Ol birnäçe düzüm böleklerden ybaratdyr:

1. Işjeňligiň motiwleri, ony iteriji güýçler (maddy, akyl ýetiriş, estetiki we ş.m.);

2. Işjeňligiň mazmunyny emele getirýän we garaşylýan netijelerde ýüze çykýan maksatlar;




*8-nji şekil.* ***Işjeňligiň psihologik ulgamynyň düzümleýin çyzgysy***

3. Garaýyşlaryň hakyky mazmunyny açyp görkezýän işjeňligiň maksatnamalary;

4. Işjeňligiň maglumat esaslary – ony amala aşyrmagyň subýektiw esaslary baradaky maglumatlaryň jemi (takyk hünär bilimleri);

5. Kararlary kabul etmek prosesi – düşünişmezlik bar bolan ýagdaýlaryň üstüni açmak, çaklamalary öňe sürmek (kararlaryň görnüşleri), karar kabul etmegiň ýörelgelerini kesgitlemek, kararlaryň

görnüşlerini ara alyp maslahatlaşmak, olara baha bermek (optimal görnüşi saýlamak);

6. Hünär taýdan möhüm bolan häsiýetler – kesgitli zähmet prosesiniň subýektiň şahsy-psihologik häsiýetleriniň, ýerine ýetirýän wezipeleriniň jemine edýän täsiri esasynda ýüze çykýan psihologik aýratynlyklar.

## 9.2. ZÄHMET IŞJEŇLIGINI ÖWRENMEGIŇ USULLARY

Zähmet işjeňligini psihologik taýdan öwrenmek psihologiýa ylmyna mahsus bolan umumy usullardan we aýratyn usulyýet çemeleşmelerinden peýdalanmagy göz öňünde tutýar. Zähmet işjeňliginiň psihologik hadysalara we onuň kanunalaýyklyklaryna göz ýetirmek, işjeňligi kämilleşdirmek boýunça amaly maslahatlary işläp düzmek we olary ylmy taýdan esaslandyrmak, zähmetiň netijeliligini we howpsuzlygyny üpjün etmek meseleleri zähmet işjeňliginiň psihologik häsiýetnamasy baradaky ylmy maglumatlary almak, olardan ýerlikli peýdalanmak zerurlygyny ýüze çykarýar. Şeýle häsiýetli işler alnyp barlanda geçirilýän psihologik barlaglarda giňden ulanylýan usullar aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Berlen işjeňligiň aýratynlyklary bilen tanyşdyrýan iş resminamalarynyň seljermesi (düzgünnamalar we ş.m.);

2. Iş prosesini synlamak – işjeňligiň mazmunyny açyp görkezýän maglumatlary ýygnamak;

3. Hronometraž – zähmet prosesiniň wagt ölçeginde amala aşyrylyşyna baha bermek;

4. Sorag-jogap alyşmak (söhbetdeşlik, anketa, ekspert bahalandyrmasy) zähmet subýekti barada maglumat ýygnamak;

5. Öz-özüňe hasabat bermek – zähmet bilen baglanyşykly wezipeler ýerine ýetirilende subýektde galýan şahsy täsirler, oýlanmalar, başdan geçirilýän duýgular;

6. Zähmet usuly – zähmet prosesine gatnaşýan subýektiň barlag geçirýäniň ornunda işjeňligiň aýratynlyklary barada maglumatlary ýygnamagy;

7. Biografik usul – durmuş we hünär ýoluny seljermek;

8. Fiziologik-gigiýena usuly – işjeňligiň şertlerini öwrenmek;

9. Eksperiment (tebigy we tejribe-barlag) – zähmet subýektiniň psihologik aýratynlyklaryny öwrenmek (psihometriki testler, her bir şahsyýet üçin niýetlenen soraglar, psihofiziologik we fiziologik usullar).

**Professiografiýa usuly.** Zähmet işjeňliginiň ýa-da hünäriň psihologik aýratynlyklarynyň seljermesinde alnan mukdar we hil häsiýetli maglumatlary toparlar boýunça bölmek we olary hemmetaraplaýyn öwrenmek arkaly amala aşyrylýar. Şeýle usul hünäriň mazmunlaýyn we düzümleýin häsiýetlerini öwrenmäge mümkinçilik bermek bilen, zähmet subýektiniň işjeňligiň düzüm bölekleri bilen baglanyşygyny (mazmuny, serişdeleri, şertleri, guralyşy) ýüze çykarýar. Bu usula başgaça professiografiýa diýilýär. Professiografiýa arkaly işjeňligi seljermegiň netijeleri bolup professiogramma we psihogramma çykyş edýär.

**Professiogramma** – şol bir işiň aýratynlyklaryny beýan edýär;

**Psihogramma** – şol bir hünäre zerur bolan psihiki hadysalary beýan edýär;

Professiogrammany düzmek çäresi aşakdaky ýörelgeleriň esasynda amala aşyrylýar:

- kesgitli işjeňlik öwrenilende özboluşlylyk (anyklyk);
- köptaraplaýyn çemeleşme;
- ösüş dinamikasyny öwrenmek (işjeňligiň ösüşini, üýtgeýşini hasaba almak);
- ulgamlaýyn çemeleşmek (işjeňligiň aýratyn häsiýetleriniň özara baglanyşygyny we özara täsirini öwrenmek);
- çemeleşmeleriň meňzeşligi (hünärleri deňeşdirmek maksady bilen);
- mukdar – hil usullaryndan peýdalanmak.

Professiogramma hökmany suratda aşakdaky häsiýetnamalary özünde jemlemelidir:

1. Hünär barada umumy maglumatlar (ady, hünär eýesiniň borçlary, zähmetiň netijeliliginiň görkezijileri);
2. Işjeňligiň mazmuny (esasy wezipeleriniň seljermesi, maglumat akymlarynyň aýratynlyklary, ýalňyşlyklaryň seljermesi);
3. Işjeňligiň serişdeleri (maglumaty ýüze çykarmagyň we dolandyryşyň görnüşi, olary ýerleşdirmek, gözden geçirmek);

4. Işjeňligiň şertleri (sanitariýa–gigiýeniki, sosial-psihologiki, estetiki);

5. Işjeňligiň guralyşy (iş ýükleriniň görnüşleri we möçberi, zähmetiň we dynç alşyň düzgüni);

6. Işjeňligiň subýekti (funksional ahwallar, kommunikatiw ukyplar).

Işjeňligiň psihogrammasy zähmet subýektiniň motiwlerine, onuň duýgularyna degişli hünär taýdan möhüm häsiýetlerini aňlatmalydyr.

## 9.3. ZÄHMET IŞJEŇLIGINIŇ TOPARLARA BÖLÜNIŞI

**Zähmetiň görnüşleriniň toparlara bölünişi.** Jemgyýetçilik ösüşiniň her bir tapgyryna häsiýetli bolan durmuş-ykdysady şertleriň we ylmy-tehniki progresiň ösmegi netijesinde zähmet işjeňliginiň köne görnüşleri öz möwritini geçirip, täze görnüşleriň döremegine getirýär. Bu proses wagt bilen baglanyşykly bolmak bilen, işjeňligi emele getirýän aýratyn düzüm böleklerde, zähmet subýektleriniň häsiýetlerinde (özüňe akyl ýetirmek, ýaşlaryň durmusda öz ýollaryny kesgitlemekleri we ş.m.), şeýle-de adam resurslarynyň sanynda we hil düzüminde bolup geçýän özgertmeler, üýtgeşmeler esasynda ýüze çykýar.

Zähmet işjeňligini emele getirýän häsiýetleriň dürli bolmagy köp alamatlaryň esasynda olary toparlara bölmek mümkinçiligini döredýär:

• Fiziki we akyl zähmeti. Zähmet subýektiniň iş ýüküniň häsiýetnamasy we onuň zähmete degişli meseleleri amala aşyrmakda alyp barýan işleri boýunça tapawutlandyrylýar;

• Zähmetiň maksady, iş ýüki we zähmet prosesiniň guralyşy boýunça akyl zähmetiniň düzüm bölekleri:

– operatiw (dolandyryjy), operator (maglumat arkaly tehnika bilen özara gatnaşyk etmek), döredijilik (standart – okatmak, hassany bejermek işleri, standart däl - ylmy iş, saz, edebiýat eserlerini döretmek we ş.m.), ewristiki (oýlap tapmak);

– dinamiki we statiki;

– bir görnüşli (monoton) we köp görnüşli (mazmuny, depgini boýunça) akyl zähmeti;

• Işjeňligiň şertlerine baglylykda zähmete amatly (normatiw ululyklaryň çäklerinde gurşawyň gigiýeniki ölçegleri) amatsyz sebäpleriň täsir etmegi netijesinde ýüze çykýan adaty däl şertler (basyşyň ýokary bolmagy – suwuň içinde alnyp barylýan işler, sowuk howada ýerine ýetirilýän işler – polýarnikler, maglumatlaryň aşa köplük etmegi – dispetçerleriň işi), eksperimental şertler tapawutlandyrylýar. Olaryň göz öňünde tutulmagy işiň netijesiniň üstünlikli bolmagyny üpjün edýär, adamlaryň saglyk ýagdaýyna täsir edýär we tehnikany gurat saklamak jogapkärçiliginiň derejesini ýokarlandyrýar, şeýle-de adam ömri üçin howply, saglyk üçin zyýanly bolan şertleri aradan aýyrmak esasy maksady bolup durýar;

• Işjeňligiň guralyşy boýunça zähmetiň aşakdaky görnüşlerini tapawutlandyrýarlar:

– reglamentirlenen (işiň kesgitli tertibi), reglamentirlenmedik (tertip erkin esasda amala aşyrylýar), garyşyk (wahta, çalşykly iş);

– şahsy we toparlaýyn (bilelikdäki);

**Bilelikdäki işjeňlik** – zähmet subýektleriniň işjeňliginiň guralan ulgamy bolup, motiwleriň we maksatlaryň bitewüligi, şeýle-de ony düzýän şahsy işjeňligiň dolanyşygy bilen tapawutlanýar. Jemgyýetiň häzirki ösen derejesinde islendik zähmet işjeňligi işiň bilelikde alnyp barylmagyny göz öňünde tutýar. Bilelikde alnyp barylýan işjeňligiň düzümi hökmünde şahsy işi ýapyk ulgam diýip häsiýetlendirip bolar. Bilelikde alnyp barylýan işiň psihologik düzümi umumy maksatlardan, anyk wezipelerden, umumy motiwlerden, bilelikdäki hereketden we umumy netijelerden ybaratdyr.

Bilelikdäki işjeňligiň esasy alamatlary bilen onuň subýektleriniň häsiýetleri özara baglanyşyklydyr. Işjeňligiň bu görnüşiniň subýektlerine mahsus bolan esasy häsiýetler – bir maksada gönükdirilenlik, umumy motiwleriň bolmagy, bitewüligiň derejesi, guralyşy (dolandyrmak mümkinçiligi), netijelilik, toparyň durmuş şertleriniň giňişleýin we wagt aýratynlyklary çykyş edýär.

# 9.4. HÜNÄRINE USSAT ŞAHSYÝETI KEMALA GETIRMEK

**Zähmet subýektiniň hünär derejesiniň ähmiýetiniň artmagy.** «Zähmet subýekti» adalgasy psihologiýanyň düýpli adalgalarynyň biridir. Ol adamyň aňly, maksadalaýyk hereket etmäge bolan ukybyny häsiýetlendirýär, ýagny subýekt gurşap alan dünýäni psihiki taýdan kabul etmegiň netijesinde oňa akyl ýetirýär we özgerdýär. Zähmet subýekti bolup diňe bir adam ýa-da indiwid çykyş etmän, eýsem, sosial topar, işçiler köpçüligi hem onuň subýektini emele getirýär.

**Zähmet subýekti** – bu işjeň hereket edýän, dünýä akyl ýetirýän, ony özgerdýän we aňy, erki bolan indiwid ýa-da sosial topardyr.

Zähmet subýekti bolmak üçin aşakdaky häsiýetler zerurdyr:

1. Şahsyýetiň ukyplarynyň ýokary derejesini gazanmak, şeýle-de hünär taýdan ähmiýetli bolan beýleki häsiýetleriniň bolmagy;
2. Zähmetden kanagatlanmak;
3. Zähmet obýektiniň degişli görnüşde ýüze çykmagy;
4. Özüni kadalaşdyrmak ulgamynyň ösüşi;
5. Jemgyýetçilik tarapyndan işlenilip düzülen işlemek usulyny özleşdirmek;
6. Özüni ykrar etdirmek, sylamak we özüne baha bermek endiginiň bolmagy.

Hünär taýdan ussat şahsyýetiň kemala gelmek, kämilleşmek meselesiniň psihologik mazmuny «zähmet subýektiniň professionallaşmasy» we «ussat (professional)» diýen iki sany adalga esaslanýar.

**Professionallaşmak** adamyň zähmet işjeňliginiň özboluşly görnüşi bolup, ol zähmet subýektiniň kemala gelmegini we kämilleşmegini üpjün edýän hünär bilen baglanyşykly psihologik, fiziologik häsiýetleriň, şeýle-de özüňi alyp barmagyň kesgitli görnüşiniň netijesinde emele gelýär.

**Ussat (professional)** – bu zähmet işjeňliginiň kesgitli görnüşinde göz öňünde tutulan wezipeleri netijeli ýerine ýetirmek üçin zerur bolan ussatlyk derejesine ýeten hünärmendir. Psihologik aýratynlyklar göz öňünde tutulan ýagdaýynda, ussat (professional) – bu zähmet subýekti bolup, onuň anyk işi amala aşyrmagy üçin möhüm bolan şahsy-psihologik aýratynlyklary, birinjiden, üstünlikli durmuşa geçirmek üçin şol işiň talaplaryna laýyk gelmegi, ikinjiden, kesgitli şertler

üçin durnukly we çeýe bolmagy, üçünjiden, zähmetiň netijeliliginiň ýokary derejesini üpjün edýän täsir ediji güýç hökmünde şahsyýetde hünär başarnyklaryny kemala getirmäge we olary amala aşyrmaga mümkinçilik döretmegi zerurdyr.

Zähmet subýektiniň professionallaşmagyna 4 ugurda seredip geçmek maksadalaýyk hasap edilýär:

1. *Sosializasiýa* (sosiallaşmak) prosesi hökmünde indiwidiň durmuş kadalaryny özleşdirmegi, toplan durmuş tejribesini hünäre gönükdirilen hususy bähbitlere, gymmatlyklara öwürmegi başarmagy, şeýle-de durmuş roly, jemgyýetçilik wezipesini kabul etmek, durmuş gurşawyna girişmek we oňa uýgunlaşmak häsiýetlerini öz içine alýar.

2. *Şahsyýeti ösdürmek prosesi hökmünde,* ýagny işjeňligiň bitewi, özboluşly görnüşi bolup, zähmet subýektiniň mukdar we hil häsiýetleriniň kanunalaýyklykda üýtgemek prosesini häsiýetlendirýär. Hünär taýdan ösmek adamda, ilkinji nobatda, işjeňligiň talaplaryna laýyk gelýän hünär bilen baglanyşykly ukyplaryň, zähmet motiwasiýalarynyň kemala gelmegi bilen baglanyşyklydyr. Bu hadysa, köp babatda, zähmet prosesiniň mazmunyna, ol prosesi amala aşyrmagyň şertlerine, hünär boýunça gulluk basgançagynda ösmegiň (karýera) aýratynlyklaryna bagly bolup durýar.

3. *Indiwidiň hünär taýdan özüni ykrar etdirmegi.* Professionallaşma hadysasynyň ýüze çykmagyna şahsyýete mahsus bolan prosesler, ýagny özüne akyl ýetirmek, özüni kadalaşdyrmak, özüne gözegçilik etmek we özüne baha bermek, şeýle-de durmuş tejribesi bilen baglanyşykly biografiki sebäpler täsir edýär. Durmuş ýolunyň dowamynda professionallaşma ýaş aýratynlyklaryna baglylykda adam durmuşynyň dürli tapgyrlarynda ýüze çykýar. Şeýle-de ol jemgyýetiň bildirýän talaplary bilen şahsyýetiň kämillige we özüni ykrar etdirmäge bolan garaýyşlarynyň, meýilleriniň we olary amala aşyrmagyň, sosiallaşmak hadysasy bilen şahsyýetiň indiwiduallaşmasynyň arasyndaky gapma-garşylyklara bagly bolup durýar. Şahsyýetiň zähmet ýoly – zähmet biografiýasy, döredijilik we ussatlyk ýoly professionallaşmagyň tutýan ornuny görkezýär.

4. *Şahsyýetiň işjeňliginiň bir görnüşi hökmünde.* Adam işjeňligi – bu özüne we daşky gurşawa täsir etmek arkaly geljegiň nusgasyny işläp düzmek, şol maksada gönükmekden ybaratdyr. Işjeňligiň görnüşi

hökmünde professionallaşmak birnäçe düzüm böleklerden durýar: motiwler (iteriji güýçler), maksatlar, bu prosesi amala aşyrmagyň maksatnamasy baradaky garaýyşlar, zähmet işjeňliginiň maglumat esaslary, çözgütleri kabul etmek, kabul edilen kararlaryň takyklygyna gözegçilik etmek.

Şeýlelikde, professionallaşmak – bu jemgyýetiň we şahsyýetiň ýerine ýetirýän wezipesi bolup, bu prosesiň netijeliligine işjeňligiň sosial we şahsy görkezijileri, zähmet subýektiniň ösüşi boýunça baha berilýär.

**Şahsyýet we işjeňlik.** Hünärine ussat şahsyýetiň kemala gelmegi, bir tarapdan, şol şahsyýetiň mümkinçilikleri, ukyplary, işjeňligi, beýleki tarapdan, işjeňligiň bildirýän talaplaryna baglydyr. Şahsyýet bilen işjeňlige degişli meseleleriň esasy mazmuny aşakdakylardan ybaratdyr:

- hünäri saýlamak we ele almak, şahsy bähbitleri kanagatlandyrmak bilen baglanyşykly «şahsyýetiň hünärde özüni aňlatmagy»;
- adamyň hünäre gönükdirilen gylyk-häsiýetlerini kemala getirmek bilen baglanyşykly «işjeňlikde şahsyýetiň ösmegi».

Hünärine ussat şahsyýetiň kemala gelmegi adamyň özbaşdak ösmegi bilen baglanyşykly içki prosesleriň gapma-garşylyklary bilen häsiýetlendirilýär. Zähmet ýolunda adamyň işiň dürli görnüşlerini çalyşmagy bilen psihiki taýdan ösüşe eýe bolmagy munuň şeýlediginiň aýdyň subutnamasydyr. Adamyň hünär işjeňligi şahsyýetiň ösmeginiň ugur görkezijisi bolup hyzmat edýär. Şunuň bilen baglylykda şahsyýet bilen işiň arasynda identifikasiýa, ýagny birleşdirme bolup geçýär. Bu birleşdirme şahsyýetiň anyk işleriň talaplaryna uýgunlaşmagyny aňladýar.

Bu prosesiň ýaramaz tarapy hökmünde şahsyýetiň hünär taýdan deformasiýasy çykyş edýär. Onda hünär endikleriniň, oýlanyş stiliniň, beýlekiler bilen aragatnaşyk saklamagy, şeýle-de şahsyýetiň aýratynlyklarynyň ähmiýeti has-da artýar. Öz gezeginde bu ýagdaý başgalar bilen ýola goýulýan aragatnaşyklara öz täsirini ýetirýär, mysal üçin, lukmanlarda – gödek degişme, duýgudaşlyk bildirmegiň derejesiniň pese düşmegi, mugallymlarda – özdiýenlilik, öwrediji äheňde gatnaşyk saklamak häsiýetleri emele gelýär. Hünärine ussat şahsyýetiň ösmegine ussadyň (professionalyň) içki «menligi-

ni» düzýän düzüm bölekleri täsir edýärler. Ýagny ussat hökmünde özi baradaky garaýyşlary, şeýle-de öz şahsyýetiniň mazmunyna laýyk gelýän ussadyň keşbiniň (obrazynyň) nusgasyny döretmek, olaryň ylalaşygyna baha bermek, şol nusga mümkin boldugyça ýakynlaşmagyň strategiýasyny işläp düzmek we oňa ymtylmak – şahsyýetiň ösüşini kesgitleýän ugurlaryň biridir.

Zähmet işjeňliginiň ähli görnüşi şahsyýetiň ösmegine ýardam bermeýär, şeýle-de hünär ukyplarynyň ösdürilmegi şahsyýetiň ösmegine alyp barmaýar. Zähmete bolan islegiň ýüze çykyşy ýaly bu proses subýektiň amala aşyrýan işiniň netijesinden kanagatlanmagy, kynçylyklary ýeňip geçmäge bolan yhlasy, çylşyrymly meseleleri üstünlikli çözmek, zähmet prosesinde öz mümkinçilikleriňi açmak bilen baglanyşyklydyr.

**Ýaş bilen baglanyşykly çökgünlikler. Biografiki çökgünlikler.** Zähmet subýektiniň psihiki taýdan ösüşiniň esasy aýratynlygy çökgünlik ýagdaýlarynyň, ýagny ösüşiň gowşamagyna getirýän hadysalaryň ýüze çykmak mümkinçiligi bilen baglanyşyklydyr. Her adamyň durmuş ýolunyň özboluşly bolýandygyna garamazdan, hemmelere mahsus bolan umumy kanunalaýyklyklar bardyr. Şeýle umumylyk «normatiw durmuş çökgünlikleri» diýlip atlandyrylýan hadysada jemlenendir. Uly ýaşlylaryň normatiw çökgünlikleri hünär taýdan ussatlygy gazanmak meselesi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Uly ýaşly adamyň ilkinji normatiw çökgünligi özbaşdak durmuşa we zähmet işjeňligine geçilýän döwründe ýüze çykýar, ýagny berk zähmet düzgünine girmek bilen baglanyşykly kynçylyklar, öz mümkinçilikleriňe bolan ynamsyzlyk, zähmet gatnaşyklaryna uýgunlaşmak ýaly çökgünlik döredýän hadysalary öz içine alýar.

Hünär taýdan uýgunlaşmak tapgyrynyň tamamlanmagy bilen (işläp başlan döwründen 4-5 ýyl geçeninden soňra) indiki çökgünlik döwri ýüze çykýar. Ol, ilkinji nobatda, şahsy islegleri kanagatlandyrmak derejesiniň pes bolmagy, ýagny iş hakyna tölenýän goşmaça töleglerden, wezipe basgançagynda ösmek mümkinçiliginden kanagatlanmazlygy, şeýle-de hünäre bolan höwesiň peselmegi bilen baglanyşyklydyr. Bu tapgyr başgaça «30 ýaşyň çökgünligi» diýlip atlandyrylýar.

Hünär işjeňliginiň «orta ýaş bilen baglanyşykly normatiw çökgünligi» (40-50 ýaş) islenilýän hünär derejesini gazanmakdaky iň soňky çemeleşmedir. Bu döwürde işiň depgini güýçlenýär, öňki ýerine ýetirilýän işiň üstüne goşmaça ýük ýüklenýär. Munuň netijesi hökmünde aşa ýadawlyk, biperwaýlyk (apatiýa), ruhupeslik (depressiýa), psihosomatik keseller ýüze çykýar. Hünärinde üstünlik gazanmak döwrüniň tamamlanmagy bilen baglanyşykly pensiýa ýaşyndan öňki döwür (55-60 ýaş) şahsyýet tarapyndan kynlyk bilen kabul edilýär. Munuň esasy sebäbi başga iş bilen orun eýeläp bolmajakdygyna göz ýetirilýär, bedeniň funksional mümkinçilikleriniň tebigy taýdan pese gaçmagy, keselleriň köpelmegi bilen häsiýetlendirilýär. Şeýle-de hünär işjeňligi «biografiki çökgünligiň» ýüze çykmak mümkinçiligi bilen baglanyşyklydyr. Çökgünligiň bu görnüşi diňe bir zähmet prosesiniň hiline we netijelerine täsir etmän, eýsem, zähmet subýektiniň özüne berýän bahasyny, özüne bolan garaýşyny-da üýtgedip bilýän hadysadyr.

*Birinjiden,* bu proses «ykrar edilmezlik bilen baglanyşykly çökgünlik» diýlip häsiýetlendirilýär. Sebäbi ýaşalan ömrüň netijelerine subýektiň kembaha garamagy ýa-da şol subýektiň ýakyn wagtda aralaşan täze durmuş ýaýrawynyň wekilleriniň özi babatynda nägile bolmaklaryndan howatyrlanmagy öz şahsyýetini ykrar etdirmek meselesini ýüze çykarýar;

*Ikinjiden,* adam durmuşynyň kesgitli döwrüne häsiýetli bolan «ruhy taýdan çökgünlik» subýektiw garaýyşlaryň esasynda emele gelýär. Durmuş ýolunyň subýektiw şekilinde geçmişiň we şu günüň netijeleriniň arabaglanyşygy geljek bilen gowşak duýulýan ýagdaýlarda aýdyň ýüze çykýar. Has takygy, subýektiň nukdaýnazaryndan häzirki döwürde gazanylan zähmet netijelerine we hünär işjeňliginde bar bolan obýektiw mümkinçiliklere garamazdan, geljege ynamsyz garamak, anyk maksatlary kesgitlemek üçin zerur bolan şertleriň ýeterlik bolmazlygy «ruhy taýdan çökgünligiň» ýüze çykmagyna täsir edýär.

*Üçünjiden,* «geljekki ösüşiň (perspektiwanyň) bolmazlygy bilen baglanyşykly çökgünlik» meýilleriň, taslamalaryň, geljege gönükdirilen maksatlaryň, bolup geçýän ýagdaýlaryň mümkinçiliklerini bilmezlik, şeýle-de özüňi kesgitlemegiň we özüňi ykrar etdirmegiň ýollaryny anyklap bilmezlik häsiýetleri bilen berk baglanyşyklydyr.

Zähmet subýekti hökmünde adamyň ýaşy, hünäri we psihiki taýdan ösüşi aşakdaky tapgyrlardan ybaratdyr:

**I. Hünäre çenli ösüş**

1. Oýnuň öňündäki ýaş (3 ýaşdan başlap);
2. Oýun tapgyry ( mekdebe çenli döwür – 3 – 7/8 ýaş);
3. Bilime eýe bolmak (kiçi mekdep ýaşlylar – 7/8 – 11/12).

**Hünär saýlamak döwründäki ösüş**

4. Optasiýa tapgyry (durmuşa, zähmete taýýarlyk, hünär ýoluny meýilleşdirmek, hünär saýlamak – 12/13 – 14/18 ýaş);

**II. Hünär taýdan taýýarlyk döwründäki ösüş we hünärine ussatlygy gazanmak**

5. Hünär öwrenmek (15/19 – 16/23);
6. Hünäre uýgunlaşmak (17/21 – 24/27);
7. Hünärine ussat şahsyýetiň kemala gelmegi we ösmegi (21/27 – 45/50);
8. Hünärine ussat şahsyýetiň amal etmegi (46/50–60/65);
9. Pese gaçmak (61 – 65 ýaş);

## 9.5. ZÄHMET SUBÝEKTINIŇ IŞE UKYPLYLYGY

Zähmet bilen baglanyşykly wezipeler amala aşyrylanda we bu döwürden kanagatlanmak duýgusy, köp derejede, zähmet subýektiniň işe ukyplylygyna bagly bolup durýar.

**Işe ukyplylyk** adamyň sosial-biologiki häsiýeti bolup, bellibir wagtyň dowamynda anyk işi netijeli we ýokary hilli ýerine ýetirmek mümkinçiligini aňladýar. Işçi güýjüniň bu häsiýeti zähmet subýektiniň ussatlyk, psihologik we fiziologik häsiýetlerinden ybaratdyr. Işe ukyplylygyň derejesi:

*birinjiden*, anyk işi ýerine ýetirmek üçin subýektiň potensial mümkinçiliklerine, onuň ulanylmadyk funksional mümkinçiliklerine we hünäre ugrukdyrylan şahsy serişdelere baglydyr;

*ikinjiden*, şahsyýetiň şol serişdeleriň işjeňleşmegini üpjün etmekde ulanýan mümkinçiliklerinden ybaratdyr.

Işe ukyplylygyň durnuklylyk derejesi şahsyýetiň we onuň bedeniniň işjeňligiň amatsyz sebäpleriň edýän täsirine garşylyk görkez-

mekligi we zähmet subýekti üçin hünär taýdan ähmiýetli bolan häsiýetleriň ösdürilmegi bilen baglydyr.

**Işe ukyplylygyň depgini.** Iş çalşygynyň, gününiň, hepdesiniň dowamynda işe ukyplylygyň derejesi üýtgäp durýar. Üýtgemekligiň esasy sebäbi beden serişdeleriniň işjeňleşmegi ýa-da olaryň mukdarynyň azalmagy, şeýle-de amatsyz funksional ýagdaýlaryň emele gelmegi we psihiki prosesleriň işjeňliginiň peselmegi bilen baglanyşyklydyr.




*9-njy şekil.* ***«Zähmet subýektiniň işe ukyplylygy» düşünjesiniň düzümi***

Işe ukyplylygyň depgini birnäçe tapgyrlardan ybaratdyr:

• üýtgeşmelere öwrenişmek tapgyry (işe ukyplylyk) – munda zähmet öndürijiligi ýokarlanýar, alyş-çalyş prosesi güýçlenýär we psihiki prosesleriň işjeňligi artýar; işçi hereketleriniň durnuksyz ýagdaýy synlanýar, hereketiň tizligi haýallaşýar, kabul edişiň derejesi kütekleşýär;

• işe ukyplylygyň durnukly tapgyry – zähmetiň has ýokary öndürijiligi ýüze çykýar, işçi ýüküniň möçberine funksional reaksiýanyň gabat gelmegi, psihiki prosesleriň durnukly ýagdaýy, zähmet prosesinden we onuň netijelerinden kanagatlanma duýgusy;

• işe ukyplylygyň pese gaçmak tapgyry (ýadawlygyň artmagy) – başda ýadawlyk duýgusy ýüze çykýar, häzirki wagtda ýerine ýetirilýän işe bolan gyzyklanma peselýär, soňra psihiki we fiziologik funksiýalaryň dartgynlygy artýar, işiň zerur bolan öndürijiligini we hilini saklamak üçin özüne diýen etdirijiligi güýçlenýär. Ahyrynda işi dowam etdiren ýagdaýynda hünär görkezijileri, ýagny zähmet öndürijiligi peselýär, ýalňyş hereketler ýüze çykýar, zähmet motiwasiýasy pese gaçýar, özüni duýşy peselýär;

• käwagt bu tapgyryň ahyrynda adam bedeniniň funksiýalarynyň bozulmagy esasynda işden boýun gaçyrmak ýa-da özünde jemlenen soňky psihologik we fiziologik mümkinçilikleri zähmetiň netijeliligini wagtlaýyn ýokarlandyrmaga gönükdirmek bilen baglanyşykly hadysalar ýüze çykýar;

• işe ukyplylygyň dikeldilmegi bilen baglanyşykly tapgyr – bedende dikeldiş prosesleriniň bolup geçmegi, psihiki dartgynlygyň derejesiniň pese gaçmagy we funksional mümkinçilikleriň toplanmagy bilen häsiýetlendirilýär. Subýektiň işe bolan ukybyny dikeltmegiň görnüşleri aşakdakylardan ybaratdyr:

– gaýragoýulmasyz dikeldiş – ähli işler ýerine ýetirilenden soňra wagt ara salynman, dikeldişiň bu görnüşine bolan hyrydarlyk artýar;

– soňa goýlan dikeldiş – iş tamamlanandan soňra, birnäçe sagadyň dowamynda amala aşyrylýar;

• lukmançylyk we psihologik häsiýetli reabilitasiýa – zähmet subýektiniň psihiki, fiziologik we fiziki funksiýalaryna işjeň täsir etmegiň netijesinde ýiti we uzak wagtyň dowamynda ýüze çykan dartgynlykdan saplanmak bilen baglanyşykly dikeldiş prosesini aňladýar;

• häzirki döwürdäki dikeldiş – işiň has dartgynly möwriti tamamlanandan soňra zerur bolan dikeldiş.

**Işe ukyplylygyň görkezijileri.** Işe ukyplylygyň emele gelen derejesine baha bermek üçin birnäçe görkezijiler ulanylýar:

Göni (professional) görkezijiler işjeňligiň çäklerinde zähmet bilen baglanyşykly wezipeleri ýerine ýetirmekligiň netijeliligi we ygty-

barlylygy bilen häsiýetlendirilýär. Tejribede işe bolan ukyplylyga berilýän baha, köplenç, göni görkezijileriň üsti bilen amala aşyrylýar.

Gytaklaýyn (funksional) görkezijiler organizmiň häzirki funksional ýagdaýyny, onuň mümkinçiliklerini we hünär taýdan ähmiýetli bolan psihiki funksiýalaryň işjeňlik derejesini häsiýetlendirýärler.

## 9.6. IŞJEŇLIGE BOLAN PSIHOLOGIK TAÝÝARLYK

Psihologik taýýarlyk zähmet subýektiniň häzirki döwürde we uzak wagta niýetlenen işi ýerine ýetirmäge gönükdirilen psihiki ýagdaýydyr. Bu ýagdaý kesgitli işiň görnüşi bilen baglanyşykly borçlary üstünlikli ýerine ýetirmäge, öz bilimlerini, tejribesini, şahsy häsiýetlerini dogry peýdalanmaga we öz-özüne bolan gözegçiligi güýçlendirmäge mümkinçilik berýär.

Psihologik taýýarlygyň wagtlaýyn görnüşini we uzak wagtlaýyn taýýarlygy tapawutlandyrýarlar.

Uzak wagtlaýyn taýýarlyk birnäçe düzüm böleklerden ybarat bolýar:

1. Işiň we hünäriň kesgitli görnüşine bolan oňyn gatnaşyk;
2. Şahsyýetiň gylyk-häsiýetleri, ukyplary, motiwleri, işiň talaplaryna bolan gatnaşyk;
3. Zerur bolan bilimler, endikler, başarnyklar;
4. Kabul ediş, ünslülik, oýlanmak, duýgy we erk bilen baglanyşykly prosesleriň hünär taýdan ähmiýetli bolan durnukly aýratynlyklary.

Psihologik taýýarlygyň wagtlaýyn görnüşi geljekde boljak ýagdaýyň aýratynlyklaryny we talaplaryny açyp görkezýär. Onuň esasy häsiýetleri hökmünde durnuklylyk, iş prosesine täsir etmek, maksada ýetmegiň optimal şertleri bilen oňa bolan taýýarlygyň derejesiniň gabat gelmegi çykyş edýär.

Çylşyrymly işlere bolan psihologik taýýarlygyň dinamiki düzüm bölekleri – bu bitewi bir ulgam bolup, ol şahsy hasiýetlerden ybarat bolýar:

• Motiwler – öňde goýlan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek, işe bolan höwes, üstünlik gazanmaga bolan ymtylyş we özüňi onat tarapdan görkezmek;

• Öwrenmek ýa-da akyl ýetirmek – öz borçlaryna we zähmet wezipelerine düşünmek, işiň ahyrky netijeleriniň üstünlikli bolmagyny gazanmak üçin, şeýle-de hut öz şahsy bähbitlerini göz öňünde tutup (statusyň, at-abraýyň nukdaýnazaryndan), olaryň ähmiýetine baha bermek, ýagdaýyň üýtgemek ähtimallygy baradaky garaýyşlary;

• Duýgular – hünär we sosial taýdan jogapkärçilik duýgusy, üstünlige bolan ynam, höweslenme;

• Erklilik – özüňi dolandyrmak we güýjüňi sarp etmek, pikiri öňde duran wezipede jemlemek, zelel berýän täsirlerden daşda durmak.

Işjeňlige bolan psihologik taýýarlyk ýagdaýynyň döremegi özara baglanyşykly bolan prosesleriň we hereketleriň yzygiderliliginden ybaratdyr:

– öz isleglerine, jemgyýetiň we köpçüligiň talaplaryna, şol sanda beýleki adamlar tarapyndan goýulýan wezipelere akyl ýetirmek;

– istegleriň kanagatlanmagyna ýa-da öňde goýlan wezipeleriň ýerine ýetirilmegine alyp barýan maksatlaryň mazmunyna düşünmek;

– geljekki wakalaryň bolup geçjek şertlerine baha bermek, wezipeleri çözmek we talaplary berjaý etmek bilen baglanyşykly tejribäniň ähmiýetini artdyrmak;

– öňde duran meseleleri çözmegiň mümkin bolan usullarynyň hemmesini, şol sanda kömekçi usullary tejribäniň esasynda kesgitlemek;

– öz motiwleri, duýgulary, erki we intellekti bilen baglanyşykly prosesleriň ýüze çykyş aýratynlyklaryny çaklamak, öz mümkinçiliklerine we kesgitli netijeleri gazanmagyň zerurlygyna dogry baha bermek;

– emele gelen şertlere we öňde goýlan wezipelere laýyklykda güýjüňi sarp etmek, netijäniň üstünlikli boljakdygyna öz-özüňi ynandyrmak.

**Hünäre bolan ukyplar we motiwler.** Zähmet işjeňliginiň netijeliligi, zähmet prosesinden we onuň netijelerinden kanagatlylyk duýgusy, hünärinde üstünlik gazanmagy, geljekki ýagdaýy, anyk işçi wezipelerini ýerine ýetirmek zähmet subýektiniň hünäre laýyklygyna baglydyr.

Kesgitli zähmet işjeňliginiň talaplaryna laýyk gelýän hadysa hökmünde hünäre laýyklyk aşakdaky häsiýetli taraplar bilen tapawutlanýar, ýagny:

– hünär tarapyndan bildirilýän talaplar bilen adamyň şahsy aýratynlyklarynyň arasyndaky gatnaşyklaryň esasynda kesgitlenilýär;

– amala aşyrmagyň anyk obýekti hökmünde çykyş edýär. Kesgitli adam toparlary, işiň görnüşi, hünärinde ussatlyk gazanylýan döwür we ş.m. obýekti emele getirýär;

– adamyň şahsy häsiýetleriniň jeminiň ösen derejesini we onuň ýagdaýyny açyp görkezýär. Has takygy, şahsyýetiň gylyk-häsiýetleri, onuň ukyplary, fiziki taýdan ösüşi we ş.m. arkaly aňladylýar;

– işjeňlik prosesiniň wagt içinde özgermek häsiýetinden ugur alýar, ýagny bu ýerde zähmet subýektiniň ösüşe eýe bolýandygy we zähmet obýektiniň üýtgemek häsiýeti göz öňünde tutulýar.

Hünäre laýyklygyň psihologik esasyny zähmet işjeňligini amala aşyrmak üçin zerur bolan adam ukyplary emele getirýär. Hünäre laýyklyk derejesini emele getirmek işleriniň ylmy-amaly ugry hünäre ugrukdyrmakdan, hünär saýlamakdan, hünäre taýýarlamakdan, şeýle-de adamyň zähmet işjeňligine uýgunlaşmak prosesini psihologik taýdan üpjün edýän ulgamy işläp düzmekden we ony durmuşa geçirmekden ybaratdyr.

«Adam ukyplary» diýen adalganyň kesgitlenilişiniň birnäçe görnüşi bolup, häzirki güne çenli onuň gutarnykly aňladylyşy kabul edilen däldir. Psihologiýa ylmyna degişli bolan iňlis edebiýatynda adamlara mahsus bolan ukyplar «capasity» adalgasy, ýagny çäkli mümkinçilikleri we potensial mümkinçilikleri aňladýan düşünjelerden ybaratdyr. Adam mümkinçilikleriniň çäkli bolmagy onuň tebigaty bilen şertlendirilýän bolsa, onda adamyň potensial mümkinçilikleri amatly şertleriň ýüze çykmagy bilen amala aşyrylýar. Häzirki wagtda adamyň nähili hereket etjekdigi onuň ukyplaryna, başarnyklaryna we mümkinçiliklerine bagly bolup durýar.

Ukyplar baradaky nazaryýetiň esasy düşünjeleriniň doly we yzygiderli ulgamyny B.M.Teplow teklip edýär. Onuň pikiri boýunça, adam ukyplarynyň birnäçe derejeleri bolup, olar aşakdakylardan ybaratdyr:

- meýillilik – adam anatomiýasynyň özboluşlylygyna we fiziologik aýratynlyklaryna bagly bolup, ukyplarynyň geljekki ösüşiniň esasyny emele getirýär;
- ukyplar – adamyň şahsy-psihologik aýratynlyklary bolup, bir işi üstünlikli ýerine ýetirmekde, ony ýeňil we çalt özleşdirmekde ýüze

çykýar. Şeýle-de ukyplar bilim almak prosesiniň üstünlikli, netijeli amala aşyrylmagyna ýardam berýän sebäp hökmünde çykyş edýär;

- zehinlilik – işde üstünlik gazanmak mümkinçiligini üpjün edýän ukyplaryň şahsy we hil taýdan özboluşly sazlaşygynyň esasynda emele gelýär.

Psihiki taýdan işjeňlik kesgitli psihiki wezipeleri amala aşyrýan aýratyn funksional ulgamlaryň işjeňligi hökmünde garalýar. Ýerine ýetirilýän wezipeleriň häsiýetleri bellibir derejede ukyplary emele getirip, şolaryň esasynda adam duýýar, oýlanýar, hereket edýär, ýatda saklaýar we ş.m.

Ukyplaryň umumy we ýörite görnüşleriniň özara gatnaşygynda umumy ukyplar islendik işjeňligi özleşdirmegiň binýadyny emele getirýän ululyk hökmünde häsiýetlendirilýän bolsa, onda olaryň ýörite görnüşleri kesgitli işjeňligi özleşdirmegiň üstünlikli bolmagyny üpjün edýär. «Hünäre bolan ukyplar» düşünjesi zähmet subýektiniň şahsy-psihologik mümkinçiliklerini aňlatmak bilen, subýektleriň durmuş ýolunyň hünär bilen baglanyşykly möhüm böleginde işi üstünlikli özleşdirmek we ony ýerine ýetirmek bilen şertlendirilýär. Şol bir wagtda zähmet işjeňliginiň dowamynda ýerine ýetirilýän işleriň emele gelen şertlere görä talaplarynyň üýtgäp durýandygy, şeýle-de şahsyýetiň hut özünde özgertmeleriň bolýandygy göz öňünde tutulsa, onda hünäri ele almak prosesiniň adam ukyplary bilen berk baglanyşygynyň bardygy äşgär bolýar.

**Hünäre bolan ukyplar** aýratyn psihiki wezipeleriň umumy we ýörite häsiýetleriniň jemi bolup, işi üstünlikli özleşdirmegiň we ony ýerine ýetirmegiň şahsy özboluşlylygyndan ybaratdyr. Zähmet işjeňligini özleşdirmegiň we ony amala aşyrmagyň üstünlikli bolmagy diňe bir akyl ýetiriş, şeýle-de psihologik prosesleriň aýratynlyklary bilen kesgitlenmän, eýsem, zähmet subýektine häsiýetli bolan motiwler, şahsy gylyk-häsiýetler, adam tebigatyna mahsus bolan temperamentiň (sangwinik, holerik, flegmatik we melanholik) görnüşi, erk we duýgular bilen baglanyşykly psihologik häsiýetnamalar arkaly aňladylýar. Anyk işi özleşdirmegiň we ony ýerine ýetirmegiň üstünlikli amala aşmagyny üpjün edýän şahsyýete mahsus bolan psihologik häsiýetleriň jemi, şol sanda adamyň fiziki, antropometriki we fiziologik häsiýetleri başgaça «zähmet subýektiniň hünär ähmiýetli häsiýetleri» diýlip atlandyrylýar. Her bir iş üçin bu häsiýetleriň sanawy öz-

boluşly bolup, ol işiň psihologik taýdan seljermesiniň netijeleriniň, şeýle-de professiogrammalary we psihogrammalary işläp düzmegiň esasynda kesgitlenýär.

Adamyň hünär ukyplary hemişe ösüşde bolýar. Bu ösüş prosesi işiň üýtgäp durýan talaplaryna laýyk gelýän hünär taýdan ähmiýetli bolan käbir psihiki häsiýetleri kämilleşdirmekden (akyl ýetiriş prosesleri we funksiýalary), şol bir wagtda olaryň arasyndaky özboluşly özara baglanyşyklary emele getirmekden we berkitmekden ybaratdyr.

Adam ukyplarynyň ösüşini öwrenmek: birinjiden, işjeňligiň üstünlikli amala aşyrylmagyny üpjün edýän sebäpleriň derejesinde; ikinjiden, seljeriş derejesinde, ýagny ukyplaryň ösmeginde möhüm orun tutýan psihiki prosesleri – psihiki häsiýetleriň ösüş dinamikasyny hasaba almak bilen olaryň mümkinçilikleriniň aşaky we ýokarky çäklerini kesgitlemek, optimal şertlerine we ýüze çykyşynyň netijelerine baha berlişini sypatlandyrmak arkaly öwrenilýär.

**Zähmet işjeňliginiň motiwleri.** D. Makkleland tarapyndan işlenilip düzülen islegleriň nazaryýeti zähmet işjeňliginiň mazmunyny açyp görkezmäge we oňa düşünmäge mümkinçilik döredýär. Umuman, bu ylmy garaýşa laýyklykda, adam kesgitli işi amal edeninde motiwleriň üç sany görnüşinden ugur alýar: *häkimlik, üstünlik gazanmak we sosial topara degişli bolmak.*

Adam indiwidiniň häkimlik etmeklige ymtylmagy beýlekilere täsir etmekden we olary dolandyrmakdan, öz pozisiýasyny (ornuny) goramakdan ybaratdyr. Üstünlik gazanmak bilen baglanyşykly motiwler amala aşyrylýan zähmet işjeňliginiň dürli görnüşleriniň içki meýlini emele getirýär. Käbir hünärler üstünlik gazanmak motiwleriniň görnüşine baglylykda netije gazanýarlar: mysal üçin, awiadispetçer üçin şowsuzlykdan gaça durmak motiwi has-da ähmiýetli bolup, ol işiň bu görnüşinde üstünligi üpjün edýär. Sebäbi goýberilen ýalňyşlygyň bahasy uly ýitgiler bilen ölçelýär. Ýöne söwda agenti bolup işleýän adam üçin diňe üstünlige ýetmek motiwi (şowsuzlygy ýeňip geçmek we olara durnukly bolmak, sabyrlylyk ýaly häsiýetler bilen utgaşdyrylan ýagdaýynda) işi maksadalaýyk ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär. Beýleki adamlaryň jemgyýetine dahylly bolmak, kesgitli sosial toparyň agzasy bolmaga çalyşmak maksady adam gatnaşyklary bilen bagly bolan kesgitli hünäri saýlamaga gönükdirýär we hünär borçlarynyň ýerine ýetirilişiniň häsiýetini kesgitleýär. Şeýle

adamlar, ilkinji nobatda, beýlekiler bilen gatnaşyklary ýola goýýarlar we olary hemişe goldap gezýärler, işewür ýaýrawda özlerini şahsyýetara gatnaşyklardan üzňe göz öňüne getirip bilmeýärler. Şol bir wagtda anyk netijeleri gazanmagyň esasyny sosial gatnaşyklara uly ähmiýet bermek we şahsyýet üçin bu gatnaşyklarda aýratyn many-mazmuna eýe bolan özüneçekijilik häsiýetleri düzýär.

F.Gersberiň iki şertli nazaryýeti hünär bilen baglanyşykly işjeňlige häsiýetli bolan içki meýilleriň (motiwleriň) mazmunyny aýdyňlaşdyrmaga mümkinçilik berýär.

Sebäpleriň birinji toparyny zähmet öndürijiliginiň ýokary derejesini üpjün edýän motiwler emele getirýär: zähmet haky, gulluk basgançagy boýunça ösmek mümkinçiligi, zähmet üstünlikleri üçin sylaglamak, işiň mazmuny we ş.m. Sebäpleriň ikinji topary, ilkinji nobatda, işiň özüneçekijiligi bilen baglanyşyklydyr: stress we dartgynlyk ýagdaýlarynyň ýüze çykyş ähtimallygy pes bolan işler, iş ornunda amatly şertleriň, işgärler we ýolbaşçylar bilen oňat gatnaşyklaryň bolmagy.

Motiwleriň görnüşleriniň dürli bolmagynyň häsiýetli taraplarynyň biri W.Wrum tarapyndan işlenilip düzülýär. Onuň teklip eden nazaryýetine laýyklykda anyk maksada ýetmek çäresi üç sany ululyklara baglydyr:

1. *Tamakinlik.* Sarp ediljek güýç garaşylýan netijeleri berer diýip tama edilýär, ýagny onuň bolmak ähtimallygyna baha berilýär. Edilen tagallalaryň netije bermedik ýagdaýynda bu motiw gowşaýar ýa-da düýbünden ýitip gidýär.

2. *Garaşmak.* Alnan netijeler ahyrynda kesgitli pul möçberini getirer diýlip garaşylýar. Eger-de olaryň arasynda baglanyşyk bolmasa ýa-da bu baglanyşyk şahsyýetiň pul baýragy baradaky garaýyşlaryna laýyk gelmeýän bolsa, onda bu motiwiň derejesi peselýär.

3. *Walentlik.* Alnan pul baýragynyň anyk adam üçin aňladýan gymmaty.

**Psihologik diagnostika we prognostika.** Psihologiýa degişli ylmy barlaglarda, şeýle-de köp ugurlar we meseleler boýunça amaly çözgütler kabul edilende psihologik diagnostikanyň usullaryndan giňden peýdalanylýar. **Psihodiagnostika** – bu ylmy-amaly häsiýetli ders bolup, ol adamyň şahsy-psihologik aýratynlyklaryny öwrenmegiň we ölçemegiň usullaryny işläp düzmeklige mümkinçilik berýär.

Nazary we eksperimental ders bolmak bilen psihodiagnostika psihologik ölçegleriň konsepsiýasyny döretmäge gönükdirilendir. Psihodiagnostikanyň usulyýet esaslaryny psihometrika emele getirýär. Psihometrika anyk psihodiagnostik usullary döretmegiň tehnologiýasyny işläp düzýär. Psihodiagnostika psihologiýa ylmynyň amaly häsiýetli pudagy hökmünde metodiki üpjünçilikden başga-da, psihologik seljerişi geçirýän hünärmeniň barlag geçirilýän respondent bilen dürli ýagdaýlarda aragatnaşygy ýola goýmaklygyň tehnologik tärini, barlaglaryň netijelerini resmileşdirmek we hasaba almagyň düzgünlerini, şeýle-de diagnostiki netijeleri işläp düzmekligi öz içine alýar.

Maglumat ýygnamaklygyň usuly boýunça psihodiagnostika aşakdaky görnüşlere bölünýär:

**Obýektiw usul.** Bu usulyň esasy düzümi ülňüleşdirilen synagdan, başgaça, halkara ylmynda meşhur bolan testlerden ybaratdyr. Testlerde psihiki hakykat mukdar taýdan ölçelýär we beýan edilýär.

**Kliniki usul.** Söhbetdeş bolmak ýa-da gowşak ülňüleşdirilen usullar arkaly hakykata düşünmäge we ony düşündirmäge çalşylýar. Bu usul psihiki prosesleriň hil görkezijilerini öwrenmäge mümkinçilik döredýär. Kliniki usulyň kömegi bilen psihodiagnostiki barlag geçirmek hünärmeniň hünärmenlik derejesiniň ýokary bolmagyny talap edýär.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Zähmet işjeňliginiň psihologiýasy haýsy meseleleri çözýär?
2. Zähmet işjeňligini öwrenmegiň usullary haýsylardan ybarat?
3. «Şahsyýet» we «işjeňlik» adalgalarynyň arasyndaky özara gatnaşygyň aýratynlyklaryny haýsy psihologik kanunalaýyklyk boýunça häsiýetlendirip bolýar?
4. Adam durmuşynda duş gelinýän ýaş bilen baglanyşykly çökgünlik we biologik çökgünlik haçan we nähili ýüze çykýar?
5. «Zähmet subýektiniň işe ukyplylygy» adalgasynyň psihologik häsiýetnamasy nämeden ybarat?
6. Iş gününiň (iş hepdesiniň) dowamynda subýektiň işe ukyplylygynyň üýtgeýşini häsiýetlendiriň we onuň aýratynlyklaryny belläp geçiň.
7. Zähmet subýektiniň professional we funksional ygtybarlylygynyň mazmunyny açyp görkeziň.

9. Sargyt № 2670

# X BAP

# SOSIAL PSIHOLOGIÝA

## 10.1. SOSIAL PSIHOLOGIÝA YLMYNYŇ PREDMETI WE ONUŇ DÜZÜM BÖLEKLERI

Sosial psihologiýa ylmynyň predmeti barada alymlar tarapyndan bellibir netijä gelnen pikirler ýokdur. Munuň esasy sebäbi onuň beýleki ylymlaryň araçäginde emele gelendigi bilen düşündirilýär. Sosial psihologiýa ylmy aşakdaky hadysalary öwrenýär:

1. Beýleki adamlar bilen, dürli sosial toparlar bilen (maşgala, indiwid, köpçülik we ş.m.), şeýle-de umumy durmuş gatnaşyklary ulgamyna degişli bolmagyň netijesinde onuň ýagdaýynyň, häsiýetiniň üýtgemegi bilen baglanyşykly psihologik prosesler öwrenilýär. Köplenç halatda şahsyýetiň toparlarda ýüze çykýan aýratynlyklaryna – gylyk-häsiýetiniň açyklygyna, gaharjaňlygyna, dawagärlik häsiýetlerine giňden üns berilýär.

2. Adamlaryň özara gatnaşygyny aňladýan hadysalaryň toplumy, mysal üçin, maşgalada är-aýalyň gatnaşygy, çaga – ene-ata gatnaşyklary. Bu gatnaşyklar diňe şahsyýetleriň arasynda bolup geçmän, eýsem, şahsyýet bilen toparyň arasynda, şeýle-de toparlaryň arasynda bolup biljek hadysalary hem öz içine alýar.

3. Bitewüligi emele getirmek bilen, biri-birinden tapawutly bolan dürli sosial toparlaryň psihiki prosesleri, halatlary we häsiýetleri öwrenilýär. Sosial psihologiýanyň nukdaýnazaryndan toparda höküm sürýän sosial-psihologik klimat we gatnaşyklarda ýüze çykýan dawalar, liderlik we toparyň hereketleri (toparlaýyn prosesler), topardaky sazlaşyk we dawalar (toparlaýyn häsiýetler) uly ähmiýete eýe bolýar.

4. Märekäniň (köpçüligiň) özüni alyp barşy, ondaky myş-myşlar we başagaýlyklar, köpçülikleýin ruhubelentlik (entuziazm), biperwaýlyk, gorky ýaly köpçülikleýin psihiki hadysalar seljerilýär.

Şeýlelikde, **sosial psihologiýa** sosial garnaşyklaryň **subýekti** bolup çykyş edýän indiwidi we topary häsiýetlendirýän psihiki hadysalary (prosesleri, halatlary, häsiýetleri) öwrenýär. Bu ylmyň predmetiniň kesgitlenilişine baglylykda onuň obýekti takyklanýar, ýagny sosial-psihologik hadysalaryň eýeleri **obýekt** bolup çykyş edýär. Sosial psihologiýanyň düzüm bölekleri onuň ösüşiniň her bir taryhy döwründe iki sany gapma-garşylykly, ýöne aralarynda berk baglanyşyk bolan prosesleriň netijesinde emele gelýär:

1. Tapawutlanmak (differensiasiýa), ýagny bölünmek arkaly sosial psihologiýanyň düzüm bölekleri ýüze çykýar;

2. Birleşmek (integrasiýa), ýagny diňe bir psihologik ylymlar bilen däl, eýsem, ylmyň beýleki pudaklary bilen birleşmek hadysasy bolup geçýär. Bu birleşmek prosesi sosial psihologiýa ylmyna umumylykda, şeýle-de ony düzýän böleklere görä aýratynlykda degişli bolup biler.

Sosial psihologiýanyň düzüm böleklere bölünmeginiň birnäçe esaslary bolup, häzirki döwürde olaryň esasy ösüş ugurlary aşakdaky ýaly kesgitlenendir:

1. Sosial-psihologik hadysalary seljermegiň dürli usullaryna eýerip, şoňa baglylykda nazary, eksperimental we amaly sosial psihologiýa ylmynyň görnüşleri tapawutlandyrylýar. Bu özara baglanyşykly bölümler sosial psihologiýanyň ylym hökmünde esasy ýerine ýetirýän wezipelerini – beýan edijilik, düşündiriş, çaklaýyş we täsir etmek wezipelerini amala aşyrýarlar.

2. Adamyň we onuň beýlekiler bilen bilelikdäki ýaşaýyş durmuşynyň dürli taraplaryny öwrenmegiň netijesinde sosial psihologiýanyň zähmete, döredijilige, gatnaşyklara degişli pudaklary ýüze çykdy. Şol bir wagtda sosial psihologiýada zähmet çekmegiň aýratyn görnüşlerini öwrenýän pudak emele geldi. Ol, esasan, dolandyrmak, ýolbaşçylyk etmek, telekeçilik we ş.m. bilen baglanyşyklydyr.

3. Jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ýaýrawlarynda sosial--psihologik bilimleriň ulanylmagy bilen baglylykda, adat boýunça, aşakdaky amaly häsiýetli pudaklar ýüze çykdy: senagat, oba hojalyk, söwda, bilim, ylym, syýasat, sport we sungat. Häzirki döwür-

de ykdysadyýetiň sosial psihologiýasy kemala gelýär we bu ugur uly depginler bilen ösýär.

4. Barlaglaryň esasy obýektlerine baglylykda sosial psihologiýa häzirki döwürde aşakdaky düzüm böleklerden ybaratdyr:

- şahsyýetiň sosial psihologiýasy;
- şahsyýetara gatnaşyklaryň psihologiýasy;
- kiçi toparlaryň psihologiýasy;
- toparara gatnaşyklaryň psihologiýasy;
- uly sosial toparlaryň we köpçülikleýin hadysalaryň psihologiýasy.

## 10.2. SOSIAL PSIHOLOGIÝA YLMYNYŇ DAŞARY ÝURT TARYHY WE SOSIAL-PSIHOLOGIK BARLAGLARYŇ USULLARY

Günbatarly bilermenleriň kesgitlemegine görä, sosial psihologiýa ylmy adamlaryň özüni alyp barşynda bir-biri bilen aýrylmaz baglanyşygy bolan hadysalary we olaryň özara gatnaşyklaryny öwrenýär. Bu özara baglanyşyk indiwidiň özüni alyp baryş aýratynlygynyň beýleki adamlaryň özüni alyp barşyna täsir edýändigini, başgalaryň özlerini hut şeýle alyp barmagynyň sebäbine öwrülýändigini, şol bir wagtda emele gelen gatnaşyklaryň netijesi bolup durýandygyny aňladýar.

Taryhy nukdaýnazardan seredilende islendik ylmy dersiň ýüze çykyş we onuň ösüş prosesi takmynan birmeňzeşdir. Bu umumylyk sosial psihologiýa dersine hem häsiýetlidir. Sosial-psihologik pikirler filosofiýanyň binýadynda emele gelip, wagtyň geçmegi bilen ýuwaş-ýuwaşdan filosofiki bilimler ulgamyndan bölünmegiň netijesinde özbaşdak ylma öwrülýär. Psihologiýanyň we sosiologiýanyň özbaşdak ugurlar hökmünde bölünip aýrylmagy sosial-psihologiýa ylymlarynyň döremegine itergi beren sebäpleriň biridir.

Sosial psihologiýa ylmy XX asyrda ýüze çykyp, onuň dörän senesi 1908-nji ýyl diýlip hasap edilýär. Iňlis psihology W.Makdaugallyň «Sosial psihologiýa giriş» we amerikan sosiology E. Rossyň «Sosial psihologiýa» diýen kitaplarynyň çap edilmegi bu ylmyň özbaşdak ylym hökmünde ykrar edilmeginiň başlangyjyna öwrüldi. Belli bolşy ýaly, XIX asyryň ikinji ýarymynda adamlaryň jemgyýetde özlerini

alyp barýşlaryny öwrenmäge bolan gyzyklanmalar has artýar. Şol döwürde ýörgünli ugurlaryň biri bolan we «Halklaryň psihologiýasy» diýlip şertli atlandyrylan bu ugur boýunça birnäçe işler döredilýär. Bu işlerde şahsyýet bilen jemgyýetiň aragatnaşygyny kadalaşdyrýan usullar seljerilip, şahsyýetiň ýa-da jemgyýetiň kesgitleýji ornuny takyklamak ugrunda synanyşyklar amala aşyrylýar.

XIX asyryň ortalarynda Germaniýada (M. Lazarus, G. Şteýntal we W. Wundt) «Halklaryň psihologiýasy» ady bilen belli bolan, şeýle-de XIX asyryň ikinji ýarymynda Italiýada (S. Sigele we G. Lebon) «Köpçüligiň psihologiýasy» ýaly ilkinji işler peýda bolýar.

Sosial-psihologik barlag – bu ylmy barlagyň görnüşi bolup, ol subýektlerde şahsy we toparlaýyn häsiýetleriň özara gatnaşygynyň psihologik kanunalaýyklyklaryny anyklamak maksadyny öňde goýýar. Sosial-psihologik hadysalar baradaky maglumatlaryň esasy çeşmesi aşakdakylardan ybaratdyr:

a) şahsyýetiň we toparyň hakyky (real) özüni alyp barşynyň we ýerine ýetirýän işleriniň häsiýetnamasy (boluşlary we hereketleri, werbal we werbal däl özüňi alyp barmak, durmuş keşbi we stili);

b) şahsy we toparlaýyn aňyň aýratynlyklary: sosial gönükdirilmeler, gymmatlyk ugrukmalary, baha bermek, ynam, dünýägaraýyş, gatnaşyklar, umytlar;

ç) şahsyýetiň we toparyň pes aňlaýan ýa-da akyl ýetirip bilmeýän häsiýetnamalary (sosial stereotipleri, yrymlar, arhetipler);

d) şahsyýetiň we toparyň öndürýän maddy we ruhy önüminiň häsiýetnamasy;

e) şahsyýetiň we toparyň ýaşaýyş durmuşynyň esasy wakalary, pursatlary, özara gatnaşyklaryň esasynda ýüze çykan wakalar.

Sosial psihologiýanyň empiriki barlaglarynyň giňden ýaýran usullarynyň arasynda aşakdakylar has-da ýörgünlidir: syn etmek, resminamalary seljermek, sorag-jogap alyşmak, sosiometriýa, şahsyýete topar tarapyndan baha bermek, testler, sosial gönükdirilmelerini ölçemegiň şkalalary we apparat barlag usullary.

**Syn etmek usuly.** Syn edýäniň barlagda tutýan ornuna baglylykda synlamagyň goşulan (gatnaşylýan) we goşulmadyk (ýönekeý) görnüşlerini tapawutlandyrýarlar. Syn etmegiň goşulan görnüşi barlag geçirýäniň öwrenilýän topara gönüden-göni degişliliginiň bardygyny

aňladýar, ýagny ol toparyň deňhukukly agzasy bolup çykyş edýär. H.Andersonyň – sergezdanlaryň durmuşyny, U.Uaýtyň – emigrantlaryň, W.B.Olşanskiniň – ýaş işçileriň gymmatlyklar ulgamyny öwrenmekleri şeýle häsiýetli barlaglara mysal bolup biler. Synlamagyň goşulmadyk görnüşinde sosial-psihologik hadysalar daşyndan synlamak arkaly bellige alynýar, ýagny synçy öwrenilýän adam ýa-da topar bilen aragatnaşyk saklamaýar. Şol bir wagtda syn etmek açyk usulda ýa-da öwrenilýän obýekt üçin näbelli bolan şertlerde geçirilip bilner. Syn etmegi guramagyň şertleri boýunça syn etmegiň **meýdan** (şahsyýetiň we toparyň tebigy ýaşaýyş şertlerinde) we **laborator** (emeli şertlerde) görnüşleri tapawutlandyrylýar.

Syn etmek usulynyň kömegi bilen alynýan maglumatlaryň hakyky bolmagyna köp üns berilýär. Syn etmegiň ygtybarly maksatnamalaryny işläp düzmekde, şahsyýetiň we toparyň işini, olaryň özlerini alyp barşyny hasaba almakda, tehniki serişdeleri ulanmakda syn edýänleriň ýörite taýýarlygyna ähmiýet berilýändigini bellemek zerurdyr.

**Resminamalary seljermek usuly.** Bu usul adam işjeňliginiň netijesini seljermekde ulanylýan umumy psihologiýa degişli bolan usulyň bir görnüşi hökmünde häsiýetlendirilýär. Sosial-psihologiýa ylmynda U.Tomas we F.Znaneski sosial görkezmesine degişli hadysany derňemekde ilkinji gezek bu usuldan peýdalanan alymlardyr. Adat bolşy ýaly, resminamalar aşakdaky alamatlar boýunça tapawutlandyrylýar:

1. Maglumaty bellemek boýunça (el bilen ýazylan, çap edilen, foto-kino-wideoresminamalar);
2. Maksada gönükdirilenligi boýunça (tebigy, ýöriteleşdirilen we maksatlaýyn);
3. Şahsylaşdyrmagyň derejesi boýunça (şahsy we şahsy däl);
4. Statusy boýunça (resmi we resmi däl).

Resminamalary seljermegiň usullary hil we mukdar häsiýetli görnüşlere eýe bolýar. Barlagçy tarapyndan tekstde jemlenen maglumata düşünmek we ondan many çykarmak islendik usulyň esasyny düzýär. Şunuň bilen baglylykda mukdar görnüşiniň ösmegi XX asyryň 30–40-njy ýyllarynda kontent seljermäniň işlenilip düzülmegini we onuň giňden ýaýramagyny şertlendirdi. Bu usul arkaly tekstde jem-

lenen maglumatlardan many çykarylyp, ol mukdar görkezijileri bilen aňladylýar.

**Sorag-jogap alyşmak usuly** sosial-psihologik barlaglarda giňden ulanylýar. Onuň mazmuny obýektiw we subýektiw wakalar boýunça maglumatlary sorag edilýänleriň (respondentleriň) sözlerinden almakdan ybaratdyr.

Sorag-jogap alyşmagyň iki sany esasy görnüşi bolup, olar:

1. Interwýu – sorag-jogap göni sorag bermek arkaly alnyp barylýar;

2. Anketa boýunça sorag-jogap alyşmak – respondentler tarapyndan anketanyň (soraglar toplumyny) özbaşdak doldurylmagyny göz öňünde tutýar.

Sosial psihologiýada sorag-jogap alyşmak aşakdaky ýagdaýlarda ulanylýar:

1. Barlagyň başlangyç tapgyrynda ilkinji maglumatlary ýygnamak üçin;

2. Täze usulyň düzgünnamasyny synag etmek üçin;

3. Alnan maglumatlary goşmaça anyklamak, giňeltmek we olary geljekde gözegçilik serişdesi hökmünde ulanmak üçin:

4. Sosial-psihologik maglumatlary ýygnamagyň esasy empiriki usuly hökmünde peýdalanmak üçin.

Interwýunyň ülňüleşdirilen we ülňüleşdirilmedik görnüşleri bolup, birinji ýagdaýda soraglary düzmek we olaryň yzygiderligini ülňi (hemme respondentler üçin deň) görnüşde alyp barmakdan ybaratdyr. Ülňüleşdirilmedik interwýu görnüşinde barlagy geçirýän sorag-jogap almagyň umumy meýilnamasyndan ugur alyp, soraglary düzmekde we olaryň yzygiderligini kesgitlemekde ýagdaýa görä we respondentleriň jogaplaryna görä kesgitleýär.

Interwýu boýunça alnan maglumatlar sorag-jogap usuly esasynda alnan maglumatlardan öz mazmunlylygy bilen tapawulanýar. Interwýu usuly arkaly geçirilýän barlaglaryň hiliniň ýokary bolmagynda barlag geçirýäniň hünär taýdan taýýarlygynyň derejesi uly orun tutýar. Sebäbi öwrenilýän mesele boýunça maglumatlar interwýu berýäniň jogaplarynyň esasynda emele gelýär. Netijede, interwýuny alyp barýanyň ussatlyk derejesi öwrenilýän şahsyýetden mümkin boldugyça köp ygtybarly maglumatlary almaga mümkinçilik berýär. Bu ýagdaý barlagy alyp barýanyň barlag geçirilýäne edýän täsiriniň

uludygyna güwä geçýär. Şeýle häsiýetli baglanyşygyň bolmagy, öz gezeginde, birnäçe kynçylyklary döredýär.

Sorag-jogap alyşmagyň artyk tarapy köpçülikleýin sorag-jogap geçirmek we hünärmen tarapyndan ony geçirmegiň gaty kyn däldigi bilen delillendirilýär.

**Sosiometriýa usuly** – bilelikde alnyp barylýan işlerde ýa-da ýagdaýlarda toparyň her bir agzasynyň oňa gatnaşmak (gatnaşmazlyk) mümkinçiligini öwrenmek maksady bilen geçirilýär.

Sosiometriýa usuly J.Moreno tarapyndan işlenilip düzülip, ol kiçi toparda ýüze çykýan duýgy-psihologik gatnaşyklary barlamaga niýetlenendir. Bilelikde alnyp barylýan işlerde ýa-da ýagdaýlarda toparyň her bir agzasynyň oňa gatnaşmak (ýa-da gatnaşmazlyk) mümkinçiligini öwrenmek maksady bilen geçirilýär. Sosiometriýany ulanmagyň netijeleri toparda ýüze çykýan psihilogik gatnaşyklaryň mukdar aňlatmasy hökmünde topardaky gatnaşyklaryň düzüminiň grafiki şekillendirilişi, sosiometriki indeksler arkaly görkezilýär. Sosiometriki maglumatlaryň ygtybarlylygy toparyň agzalarynyň makullamalarynyň ýa-da inkär etmeleriniň (kabul etmezlikleriniň), ilkinji nobatda, saýlanyp alnan sosiometriki kriteriýanyň (soragyň) derejesine bagly bolýar.

Sosiometriýanyň düýpli kemçilikleri aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Şahsyýetara makullamalaryň ýa-da inkär etmeleriň esasynda ýatan motiwleri ýüze çykarmaga mümkinçilik bermeýär.

2. Dogry jogabyň berilmändigi sebäpli ýa-da jogap berýäniň psihologik taýdan özüni goramak maksady bilen nätakyk jogaplarynyň netijesinde ýoýulmalaryň ähtimallygy ýokary bolýar.

3. Agzalaryň arasynda özara gatnaşyklaryň dowamly bolmagy esasy şertleriň biridir. Diňe şu şert ýerine ýetirilen ýagdaýynda berlen usuldan peýdalanmak mümkin bolýar.

**Şahsyýete topar tarapyndan baha bermek usuly** – topar agzalarynyň bir-birine baha bermekleri adamy häsiýetlendirmegiň esasy serişdesi bolup çykyş edýär. Bilelikde alnyp barylýan işde ýa-da aragatnaşyk saklamagyň netijesinde adamlaryň bir-birini tanamak prosesi bolup geçýär.

**Testler** sosial psihologiýa ylmynda giňden ulanylýar. Ol dürli toparlaryň, şahsyýetara, toparara we özara gatnaşyklaryň beýleki

görnüşlerini, şahsyýetin sosial-psihologik häsiýetlerini öwrenmäge mümkinçilik berýär. Sosial psihologiýada adamlaryň özara gatnaşyklaryny anyklamakda T.Liriniň, ylalaşykly gatnaşyklary öwrenmekde W.Şutsyň testleri örän ähmiýetlidir.

**Sosial psihologiýada eksperiment** – bu ýörite guralan iş bolup, onuň dowamynda (tebigy we emeli şertlerde) öwrenilýän hadysalaryň arasyndaky sebäp, netije gatnaşyklaryny ýüze çykarmak maksat edilip goýulýar. Şol hadysalaryň içinde sosial-psihologik häsiýete eýe bolan prosesleriň, ýagdaýlaryň we häsiýetleriň bolmagy esasy şertdir.

**Şahsyýete topar tarapyndan baha bermek usuly** – topar agzalarynyň bir-birine baha bermekleri adamy häsiýetlendirmegiň esasy serişdesi bolup çykyş edýär.

Toparyň çäklerinde onuň her bir agzasy baradaky emele gelen düşünje, pikir bu usulyň esasyny düzýär. Bu usulyň kömegi bilen adam häsiýetlerine baha berilýär:

- bal boýunça aňladylýan şkalalaryň üsti bilen göni baha bermek;
- häsiýetleriň derejeler boýunça bölünişi;
- häsiýetleri ikibir deňeşdirmek.

Sosial-psihologik eksperimentiň aýratyn alamatlarynyň hatarynda aşakdakylary görkezmek bolar:

- öwrenilýän sosial-psihologik hadysalaryň taslamasyny (emeli nusgasyny) taýýarlamak ýa-da barlagyň tebigy şertlerine berk gözegçilik etmek, gysgaça, synag geçirmek üçin amatly ýagdaýy döretmek;
- barlag geçirijiniň öwrenilýän hadysa işjeň täsir etmegi;
- bu täsire şahsyýetiň we toparyň (synag geçýänleriň) seslenmesi hökmünde özlerini alyp barşynyň görnüşlerini ölçemek;
- netijeleri üznüksiz giňeltmäge bolan talaplar.

Synagyň geçirilýän şertlerine göra eksperimentiň ***laborator*** we ***tebigy*** görnüşleri tapawutlandyrylýar.

Empiriki maglumatlary almagyň serişdesi hökmünde ***synag*** usulyny ulanmak giň gerime eýe boldy we ol sosial psihologiýanyň ylym hökmünde ykrar edilmegine esas döretdi. Toparyň netijeliligini, ýagny toparyň indiwidiň özüni alyp barşyna täsir etmeginiň esaslaryny öwrenmekde XX asyryň 20-nji ýyllarynda Germaniýada W.Medäniň, ABŞ-da F.Ollportyň we Russiýada M.Behterewiň ýerine

ýetiren işleri örän ähmiýetlidir. Bu ylmyň ösmegi bilen synag usulynyň tehnikasy kämilleşdirildi. Ýöne synag geçirilýän ýagdaýlary öwrenmek boýunça alnan netijeleriň şahsyýetin hakyky durmuş şertlerinde ulanmaklyga kynçylyk döredýändigi onuň kemçilik taraplarynyn biridir. Şeýle-de emeli şertlerde alnan maglumatlardan many çykarmak, olary düşündirmek meselesiniň hem uly orun tutýandygyny bellemek zerurdyr.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Häzirki zaman sosial psihologiýa ylmynyň predmeti barada nähili pikirler bar?
2. Dürli sosial-psihologik hadysalar barada mysal getirmeli: psihologik prosesler, hadysalar we häsiýetler.
3. Sosial-psihologik barlaglarynyň esasy obýektlerini sanap geçmeli.
4. Sosial psihologiýanyň düzüm bölekleri (bölümleri) haýsylardan ybarat?
5. Sosial psihologiýanyň özbaşdak ylym hökmünde emele gelmeginiň esasy sebäpleri haýsylardan ybarat?
6. Günbatar ýurtlarynda sosial psihologiýa degişli haýsy işler çap edildi?
7. Sosial-psihologik barlaglaryň esasy usullaryny atlandyrmaly.
8. Sosiometriýa usuly haýsy wezipeleri çözmäge niýetlenen?
9. Sosial psihologiýanyň synag usulyndan peýdalanmakda nähili kynçylyklar bar?

# XI BAP

# ŞAHSYÝETI KEMALA GETIRMEGIŇ PSIHOLOGIK ESASLARY

## 11.1. ŞAHSYÝETIŇ SOSIAL GÖNÜKDIRILMESI, STEREOTIPLER

«Sosial gönükdirme» düşünjesi adamyň beýlekiler bilen, daş-töweregini gurşap alan janly we jansyz obýektler, hadysalar bilen birtaraplaýyn psihologik baglanyşygyny aňlatmak üçin ulanylýar. Sosial gönükdirilmeleri öwrenmek maksady bilen geçirilýän barlaglarda şol gönükdirilmeleriň durmuş obýekti bolup hyzmat edýän ululyklar esasy orunlaryň birini eýeleýär. Ol umumy maýdalawjynyň wezipesini ýerine ýetirip, şahsy gönükdirilmeleriň dürli görnüşlerini özünde jemleýär.

«Gönükdirilme» düşünjesini sosial-psihologik düşünjeleriň hataryna doganlar T.Znaneski we F.Znaneski girizipdirler. Olar sosial gönükdirilmesini durmuş obýektiniň ähmiýeti babatda şahsyýetiň başdan geçirýän duýgulary bilen baglanyşykly proses hökmünde aňladýarlar. Şol bir wagtda, häzirki zaman sosial psihologiýada durmuş gönükdirilmesiniň başga-da dürli kesgitlenilişiniň bardygyny bellemek zerurdyr. Mysal üçin, G.Ollportyň kesgitlemegine görä: **sosial gönükdirilmesi** diýlip toplan durmuş tejribesi esasynda şahsyýetiň obýekte görä özüni kesgitli alyp barmaklyga bolan psihologik taýýarlygyna düşünilýär.

Gönükdirilme bitewi hadysa hökmünde diňe bir indiwidiň şahsy tejribesiniň esasynda emele gelmän, eýsem, beýleki adamlaryň durmuş tejribesinden hem peýdaly düşünjeleri alýandygy bellärliklidir. Bu düşünjäni kesgitlemekde ýüze çykan çaprazlyklary sazlamak üçin 1942-nji ýylda M. Smit sosial gönükdirilmäniň düzüminde üç sany özara baglanyşykly bölekleri tapawutlandyrmagy teklip etdi: öwrenmek,

duýmak we özüňi alyp barmak. Şol sebäpli sosial gönükdirilmesiniň sözüň üsti bilen aňladylýan bölegi uly ähmiýete eýedir.




*10-njy şekil.* ***M.Smit boýunça sosial gönükdirilmäniň düzüm bölekleri***

Eger-de adam öz tejribesinde aýratyn, ýeke-täk obýekt bilen iş salyşýan bolsa, onda oňa *şahsy gönükdirilme* diýlip at berilýär. Umumylaşdyrylan gönükdirilmeler, ýagny birmeňzeş obýektleriň jemine bolan gönükdirilmeler şahsyýetara we köpçülikleýin aragatnaşyklaryň esasynda emele gelýär. Olar indiwidiň gönükdirilmeleriniň berkemegine getirýär. Sebäbi indiwidiň öz garaýyşlaryna gabat gelýän pikirleri diňlemek, uýmak onuň şahsy gönükdirilmeleriniň dogrudygyna güwä geçýär we geljekde onuň ýene-de şol maglumat çeşmesine ýüzlenmegine höwes döredýär.

Durnuklylyk we üýtgemek gönükdirilmäniň esasy häsiýetleriniň biridir. Eger-de indiwid dürli ýagdaýlarda özi üçin endik bolan usul arkaly obýekte görä özüni alyp barsa, onda ol onuň gönükdirilmesiniň durnuklydygyna güwä geçýär. Gönükdirilmäniň üýtgemegine täsir

edýän sebäpleriň hatarynda köpçülikleýin aragatnaşyk serişdeleri uly orun eýeleýär. Gönükdirilmäniň obýekti barada alynýan täze maglumatlar emele gelen öňki bilimler bilen deňeşdirilýär, netijede, olaryň gabat gelmegi ýa-da gelmezligi kesgitlenilýär. Eger-de gönükdirilme özünde maglumatlaryň gapma-garşylygyny jemleýän bolsa (mysal üçin, bir wagtda obýektiň peýdasy we zyýany baradaky pikirleriň bolmagy), onda täze maglumatlaryň we delilnamalaryň ýüze çykmagy bilen onda özgertmeler bolup geçýär. Şonuň netijesinde obýekt babatyndaky pikirleriň ters häsiýetiniň oňyn häsiýete öwrülmegine mümkinçilik döreýär we netijede, indiwidiň özüni alyp barşynyň üýtgemegine sebäp bolýar. Gönükdirilmäniň adamyň bolşuna we onuň işjeňligine bolan täsiri durmuş bähbitlerine gönükdirilen hadysalary amaly taýdan kesgitlemek häsiýeti arkaly ýüze çykýar. Modallygy boýunça gönükdirilme birnäçe görnüşlere bölünýär:

1) oňyn (obýektiň tarapdary);
2) oňyn däl (obýekte garşy);
3) ýokardakylaryň hiç birine degişli bolmadyk (neýtral).

Sosial gönükdirilmäniň ýerine ýetirýän wezipeleri:

• kadalaşdyryjy;
• goraýjy.

Gönükdirilmäniň esasy ýerine ýetirýän wezipesi indiwidiň durmuş taýdan özüni alyp barşyny kadalaşdyrmakdan ybaratdyr. Durmuş hakykatynda şahsy gönükdirilmeler ulgamy onda ugur kesgitlemegi we dürli ýagdaýlardan baş alyp çykmagy üpjün edýär.

Sosial gönükdirilmäniň goraýjylyk wezipesi töweregini gurşap alan ýakyn adamlaryň gönükdirilmelerine meňzemek arkaly gazanylýar. Muňa mysal edip bir maşgalanyň ýa-da zähmet çekýän adamlaryň topar agzalarynyň arasyndaky ýüze çykýan gönükdirilmeleriň häsiýetini bellemek bolar. Hereket edýän normatiwlere laýyklykda indiwidiň öz sosial gönükdirilmelerini toparyň gönükdirilmeleri bilen «deňeşdirmäge» ymtylmagy onuň özi babatynda kesgitli maksadynyň bardygyna güwä geçýär: beýlekilerde oňat täsir galdyrmak we şonuň esasynda olar tarapyndan özüniň makullanmagyny gazanmak. Şeýlelikde, sosial gönükdirilmeler subýektiň toparda özüne berýän bahasyny goraýjy mehanizm hökmünde çykyş edýär.

Häsiýeti boýunça durnukly we täze tejribäniň täsirine sezewar bolmaýan sosial gönükdirilmäniň görnüşine **stereotipler** diýilýär. Stereotipi emele getirýän düzüm bölekleriň arasynda duýgy bilen baglanyşykly sebäp esasy orun tutýar. Ol islendik obýekte görä nämäniň gowudygyny ýa-da gowy däldigini, kabul edip boljak ýa-da bolmajak zatlary görkezýär. Stereotipiň ýüze çykmagy köpçülikleýin aragatnaşyk torlarynyň ösmegi bilen baglanyşyklydyr we ol hakykatda bolup geçýän hadysalar barada ýönekeý we ýüzleý düşünjeleri emele getirýär. Stereotipiň obýekti bolup başga adam çykyş eden ýagdaýynda, köplenç, möhüm alamat hökmünde onuň jynsyna, milletine, hünärine we ş.m. üns berilýär, galan tapawutlar hasaba alynmaýar. Adamlary «özüňkilere» we «kesekilere» bölmek hem stereotipleriň netijesinde emele gelýär. Köplenç ýagdaýda, «özüňkiler» diýlip hasap edilýänlere oňat häsiýetleriň aglaba köpüsi degişli edilip, «kesekiler» negatiw şekilde sypatlandyrylýar.

## 11.2. HÄZIRKI ZAMAN TÜRKMEN JEMGYÝETINDE DÖWREBAP ŞAHSYÝETI KEMALA GETIRMEGIŇ MESELELERI

Okgunly ösüş ýoluny saýlap alan türkmen döwletinde dünýä hojalygyna mynasyp derejede goşulyşmak maksady bilen, möhüm ugurlarda düýpli özgertmeler alnyp barylýar. Ösüşiň täze taryhy döwründe hormatly Prezidentimiziň yglan eden «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ideologiýasy raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramaga gönükdirilendir. Bu döwlet wezipesi raýatlaryň durmuş-ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak, olaryň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak çäresini amala aşyrmak bilen bir hatarda, olaryň ruhy taýdan ösmegine, intellektual mümkinçilikleriniň artmagyna ýardam bermekden ybaratdyr. Olar türkmen jemgyýetiniň bitewüligini emele getirýän hadysalar bilen aýrylmaz baglanyşykly bolup, ýurduň geljekki ösüşiniň ugry, onuň tizligi we depginleri şol meseleleleriň çözülişine bagly boljakdygy gümansyzdyr.

Türkmen jemgyýetiniň dürli ilat gatlaklarynyň bähbitleriniň, olaryň ykrar edýän durmuş gymmatlyklarynyň sazlaşygyny gazanmak arkaly durmuş integrasiýany amala aşyrmak prosesi döwletiň

alyp barýan içeri syýasatynyň özenidir. Ähli ugurlarda innowasion özgertmeleriň alnyp barylmagy hökmany suratda döwrebap şahsyýeti kemala getirmek meselesini öňe sürýär. Mälim bolşy ýaly, islendik jemgyýetiň düzümi şahsyýetlerden ybarat bolup, olarda jemlenen döredijilik güýji okgunly ösüşi üpjün edýän esasy ululykdyr.

Ykdysady ösüşiň globallaşýan şertlerinde halkara gatnaşyklara Türkmenistanyň deňli-derejeli ýurt bolup goşulyşmagy, halkara arenasynda tutýan ornunyň ygtybarly bolmagy üçin adama diňe öndüriji güýç hökmünde garaman, eýsem, öz hususy garaýyşlary, duýgulary, durmuş gymmatlyklary we dürli durmuş ähmiýetli meselelerde öz garaýyşlary bolan şahsyýetler hökmünde garalmagyny döwür talap edýär.

Şahsyýeti jemgyýetden üzňe göz öňüne getirmek kyndyr, has takygy, şahsyýetiň kesgitli tipi – bu jemgyýetiň «önümidir», ýagny jemgyýetde ýüze çykýan durmuş gatnaşyklarynyň häsiýeti şahsyýetiň kemala gelmegine täsir edýän esasy güýçdür. Jemgyýet bilen onuň agzalarynyň arasynda bolup geçýän bu prosese ylmy diliň aňlatmasy boýunça **şahsyýetiň sosiallaşmagy** diýilýär. Başgaça, jemgyýet tarapyndan ykrar edilýän gymmatlyklaryň, özüňi alyp barmagyň oňlanylýan kadalarynyň, düzgünleriniň onuň agzalary tarapyndan özleşdirilmegine düşünilýär. Sosiallaşmak prosesi göze ilmeýän, ýöne ony synlamak mümkin bolan durmuşy hadysadyr. Jemgyýetçilik ösüşiniň häzirki tapgyrynda döwrüň talaplaryna laýyk gelýän kesgitli maksatlaryň, çözülmeli meseleleriň toplumy aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Tutuş bir taryhy eýýamyň osüş ugruny kesgitlejek maksatlary we wezipeleri aýdyňlaşdyrmak zerurlygy halkara ylmynda «paradigma» düşünjesi arkaly aňladylýar. Türkmen Lideri tarapyndan «Döwlet adam üçindir!» diýen täze ýörelgäniň öňe sürülmegi, ilkinji nobatda, jemgyýeti emele getirýän adamlaryň aňyny, olaryň düşünjelerini özgertmek maksadyny öz içine alýar. Netijede, döwletiň paradigmasynyň düýpli özgerdilýän döwründe adam mümkinçilikleri bilen baglanyşykly hadysa uly ähmiýet berilýär we oňa okgunly ösüşiň esasy iteriji güýji hökmünde garalýar.

Häzirki durmuş-ykdysady şertlerde jemgyýetçilik aňynda uly özgerişlikler bolup geçýär, ýöne onuň içki ösüşiniň haýal depginlerde bolup geçýändigi psihologiýa ylmy tarapyndan tassyklanýar.

Jemgyýetdäki prosesler daşyndan çalt ýaly bolup görünse-de, aň bilen baglanyşykly özgertmeleriň öz ösüş depgininiň bolýandygyny ýatdan çykarmaly däldir. Adam aňynyň çuň gatlaklarynda orun tutan «düýpli» gymmatlyklar olaryň özlerini alyp baryşlaryna öz täsirini ýetirýär. Täze, döwrebap gymmatlyklaryň häzirki döwürde kemala gelýändigini bellesek, onda ideologiýanyň täsir etmegi netijesinde şahsyýetiň gymmatlyklar ulgamynyň döreýändigi aýan bolýar.

Dünýä tejribesiniň şaýatlyk etmegine görä, bazar ykdysadyýetine geçmek prosesinde esasy duş gelinýän kynçylyk adam aňy bilen baglanyşyklydyr. Sebäbi aň-düşünje wagt içinde üýtgemesi kyn bolan gymmatlyk bolup, onuň çuň gatlaklarynda bolup geçýän prosesleriň özlerine mahsus bolan kanunalaýyklyklary bolýar. Islendik üýtgeşme şol kanunalaýyklyklaryň çäginde amala aşyrylýar.

Türkmen döwletinde täze ideologiýanyň esaslaryny durmuşa ornaşdyrmak meselesi täze şahsyýeti kemala getirmek meselesi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ideologiýa döwrebap düşünjeli, döwrüň talaplaryna laýyk gelýän giň gözýetimli şahsyýeti kemala getirmeklige öz täsirini ýetirýär. 2016-njy ýylyň ýurdumyzda «Mirasa sarpa goýmak we Watany özgertmek» diýlip yglan edilmegi döwrebap şahsyýeti kemala getirmekde medeni gymmatlyklarymyzyň ornunyň uludygyna güwä geçýär. Çünki, şahsyýetiň kemala gelmegi durmuş sebäpleriniň täsiri astynda emele gelýär.

## TEST

### Başgalara täsir etmegi başarýarsyňyzmy?

Aşakdaky soraglara «**hawa**» ýa-da «**ýok**» diýip jogap beriň.

1. Siz özüňizi aktýoryň ýa-da syýasy lideriň ornunda göz öňüne getirmäge ukyplymy?

2. Ilden üýtgeşik geýinýän we özüni geň alyp barýan adamlary göreniňizde gaharyňyz gelýärmi?

3. Şahsy durmuşyňyzyň gizlin taraplary barada başga adamlar bilen söhbetdeş bolýarsyňyzmy?

4. Öz şahsyýetiňize bolan oňyn däl gatnaşygyň ilkinji alamatlaryny duýan halatyňyzda, wagt ýitirmän, jogabyny berip bilýärsiňizmi?

5. Özüňiz üçin geljegi uly diýip hasap eden ugruňyzda başga biri üstünlik gazansa, siz muňa gynanýarsyňyzmy?

6. Kyn meseleleri çözmek arkaly başgalara öz uly mümkinçilikleriňizi görkezmegi halaýarsyňyzmy?

7. Öz işiňizde ägirt uly üstünlik gazanmak üçin siz hemme zatdan geçmäge ukyplymy?

8. Ähli işlerde berk düzgün-tertibi berjaý etmek bilen birsyhly durmuş obrazyny alyp barmagy halaýarsyňyzmy?

9. Gatnaşýan dostlaryňyzyň üýtgewsiz bolmagyna ymtylýarsyňyzmy?

10. Öýüň içindäki zatlaryň ýerini üýtgedip durmagy halaýarsyňyzmy?

11. Köne meseleleri täze usul bilen çözmäge girişmegi oňlaýaňyzmy?

12. Özüne göwni ýetýän adamlaryň gaharyny getirmegi halaýarsyňyzmy?

13. Öz ýolbaşçyňyzyň nädogry hereketini subut etmäge çalyşýarsyňyzmy?

Aşakdaky tablisadan peýdalanyp, toplan ballaryňyzyň möçberini hasaplaň.

| Soraglar | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Jogaplar | Ballaryň möçberi | | | | | | | | | | | | |
| Hawa | 5 | 0 | 5 | 5 | 5 | 5 | 5 | 0 | 0 | 5 | 5 | 5 | 5 |
| Ýok | 0 | 5 | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 | 5 | 5 | 0 | 0 | 0 | 0 |

**35-65 bal.** Başgalara netijeli täsirini ýetirip, olaryň özlerini alyp barşlaryny üýtgedip, öwretmäge we dogry ýola salmaga ukyply adam. Şeýle ýagdaýlarda siz özüňizi oňaýly duýýarsyňyz. Siziň pikiriňiz boýunça, adam köpçülik bilen bolmaly we diňe öz bähbidi barada pikir etmeli däl. Öz nukdaýnazaryňyzyň dogrudygyny başgalara ynandyrmak ukyby sizde ösen. Ýöne size örän seresaply hereket etmek maslahat berilýär. Eger şeýle etmedik ýagdaýyňyzda gaharjaňlygyňyzyň artmak ähtimallygy ýokary.

**30 we ondan aşak ballar.** Köplenç, siziň garaýyşlaryňyzyň dogrudygyna garamazdan, başgalary muňa ynandyrmak size hemişe başartmaýar. Siziň pikiriňiz boýunça, öz şahsy durmuşyňyz, şeýle-de başgalaryň durmuşy berk tertip-düzgüne, sagdyn pikire we özüňi alyp barmagyň oňat kadalaryna boýun bolmaly ýaly görünýär. Siz her bir iş edeniňizde özüňize zor salmajak bolýarsyňyz. Şol bir wagtda siz özüňizi öte salykatly alyp barýandygyňyz sebäpli, köplenç, maksadyňyza ýetip bilmeýärsiňiz. Siziň köp hereketleriňiziň motiwleri başgalar üçin düşnüksiz bolup galýar.

10. Sargyt № 2670

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. «Türkmenistan» gazeti. 2010-njy ýylyň 10-njy maýy.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I, II tomlar. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

3. Türkmen diliniň orfografik sözlügi. *Gurbanguly Berdimuhamedowyň* umumy redaksiýasy bilen. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

4. Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi. *Gurbanguly Berdimuhamedowyň* umumy redaksiýasy bilen. I, II tomlar. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

5. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

6. Paýhas çeşmesi. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

7. Басаров Б. Проблемы психологии устойчивости личности. Ашхабад, Ылым, 1981.

8. Басаров Б. Психология деятельностной и ценностной опосредствованности жизнедеятельности коллектива. Ашхабад, 1990.

9. Basarow B. Umumy psihologiýa. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

10. Basarow B. Sosial psihologiýa. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

11. Автономов В.С. Предпринимательская функция в экономической системе. – М.: Наука, 1990.

12. Агеев А.И. Предпринимательство: проблемы собственности и культуры . – М.: Наука, 1991. – 107 с.

13. Альгин А.П. Риск в предпринимательстве (пособие для менеджеров). – СПб. 1992.

14. Альгин А.П. Риск и его роль в общественной жизни. – М., 1989.

15. Бляхман Л.С. Перестройка экономического мышления. – М., 1990.

16. Бромлей Ю.В. Очерки теории этноса. – М., 1983.

17. Булгаков С.Н. Философия хозяйства .– М.: Наука, 1992.

18. Васильев Л.С. Социальная структура и социальная мобильность на традиционном Востоке //Классы и сословия в докапиталистических обществах Азии. Проблемы социальной мобильности – М., 1986.

19. Васильев Л.С. Феномен власти – собственности. Типы общественных отношений на Востоке в средние века. – М., 1982.

20. Вебер М. Хозяйство и общество. – М., 1922.

21. Верхан П.Х. Предприниматель. Его экономическая функция и общественно-политическая ответственность. – Минск: Эрдиан, 1992.

22. Гегель Г.В. Философия духа. – М., Т.3, 1956.

23. Гумилев Л.Н. Этногенез и биосфера Земли. – Л. : Изд-во ЛГУ, 1990.

24. Гумилев Л.Н. Древняя Русь и Великая степь. – М.: Мысль, 1989.

25. Дробижева Л.М. Духовная общность народов СССР. – М., 1981.

26. Дробижева Л. М. Опыт этносоциологических исследований образа жизни. – М.,1980.

27. Дробижева Л.М. Традиции в современном обществе (исследование этнокультурных процессов) – М.:Наука, 1990.

28. Дробницкий Л.Г. Проблемы нравственности. – М.: Наука, 1972.

29. Ерасов Т.И. Социально-культурные традиции и общественное сознание в развивающихся странах Азии и Африки. – М.: Наука, 1982.

30. Зомбарт В. Буржуа. -М., 1924.

31. Какабадзе В.П. Теоретические проблемы глубинной психологии. – Тбилиси, 1982.

32. Киселев Ю.В. Переход к рынку и новые нравственные императивы. – Л., 1991.

33. Китов А.И. Экономическая психология. – М.: Экономика, 1987. – 347 с.

34. Кон И.С. К проблеме национального характера. – в кн.: История и психология. – М., 1971.

35. Королев С.И. Вопросы этнопсихологии в работах зарубежных авторов (на материалах стран Азии). – М.: Наука, 1970.

36. Краснова А.И. Влияние экономических условий на социальные качества человека. – Л., 1991.

37. Кретов С.И. Предпринимательство: директивы и перспективы. – М.: Знание, 1992.

# Mazmuny

Giriş ........................................ 7

**I bap. Psihologiýa ylym hökmünde**

1.1. Ylmy taýdan akyl ýetirmegiň usulyýeti ........................................ 10
1.2. Psihologiýanyň predmeti we usullary ........................................ 12

**II bap. Ykdysady psihologiýa psihologiýa ylmynyň pudagy hökmünde**

2.1. Ykdysady psihologiýanyň ýüze çykyş taryhy ........................................ 15
2.2. Ykdysady psihologiýanyň predmeti we barlaglaryň ugurlary ........ 19
2.3. Ykdysady özüňi alyp barşyň esaslary ........................................ 23

**III bap. Puluň psihologiýasy**

3.1. Pul bilen baglanyşykly özüňi alyp baryş ........................................ 28
3.2. Puly harçlamak, bergi etmek we karz puly ulanmak bilen baglanyşykly özüňi alyp baryş ........................................ 32
3.3. Sarp edijiniň özüni alyp barşynyň aýratynlyklary ........................................ 35
*Test* ........................................ 45

**IV bap. Özüňi alyp barmagyň işewür görnüşiniň barlaglary**

4.1. Şertnama baglaşmagyň ähmiýeti, aýratynlyklary ........................................ 48
4.2. Şertnama baglaşmagyň görnüşleri ........................................ 49
4.3. Şertnama baglaşylanda taraplaryň özlerini alyp baryşlarynyň psihologiýasy ........................................ 52
*Test* ........................................ 54

**V bap. Ykdysady psihologiýanyň makrodurmuş meseleleri**

5.1. Makrodurmuş meseleleriniň mazmuny. Garyplyk we maddy taýdan rowaçlyk hadysalarynyň sebäpleri ........... 57
5.2. Salgyt tölemek bilen baglanyşykly adamlaryň özüni alyp barşy .... 61
5.3. Türkmen mentalitetiniň ykdysadyýetde ýüze çykyş aýratynlyklary ........................................ 64

## VI bap. Telekeçiligiň psihologiýasy

6.1. Telekeçilik hadysasy: ykdysady we psihologik ugurlaryň arabaglanyşygy ........ 72
6.2. Telekeçiligiň psihologiýasy bilen baglanyşykly barlaglaryň esasy ugurlary ........ 80
*Test* ........ 83

## VII bap. Çözgüt kabul etmegiň psihologiýasy

7.1. Çözgüt kabul etmek prosesi ........ 87
7.2. Hereketiň mümkin bolan görnüşlerini kesgitlemek we çözgütleriň netijelerine baha bermek ........ 90

## VIII bap. Mahabatyň psihologiýasy

8.1. Mahabat psihologik barlagyň obýekti hökmünde ........ 94
8.2. Mahabatyň psihologiýasynyň predmeti ........ 99
8.3. Mahabatyň täsir ediş prosesini modelirlemek ........ 101
8.4. Mahabat imijleriniň we brendleriniň psihologiýasy ........ 103

## IX bap. Zähmet işjeňliginiň psihologiýasy

9.1. Hünär öwrenmegiň psihologik esaslary ........ 105
9.2. Zähmet işjeňligini öwrenmegiň usullary ........ 111
9.3. Zähmet işjeňliginiň toparlara bölünişi ........ 113
9.4. Hünärine ussat şahsyýeti kemala getirmek ........ 115
9.5. Zähmet subýektiniň işe ukyplylygy ........ 120
9.6. Işjeňlige bolan psihologik taýýarlyk ........ 123

## X bap. Sosial psihologiýa

10.1. Sosial psihologiýa ylmynyň predmeti we onuň düzüm bölekleri ........ 130
10.2. Sosial psihologiýa ylmynyň daşary ýurt taryhy we sosial-psihologik barlaglaryň usullary ........ 132

## XI bap. Şahsyýeti kemala getirmegiň psihologik esaslary

11.1. Şahsyýetiň sosial gönükdirilmesi, stereotipler ........ 139
11.2. Häzirki zaman türkmen jemgyýetinde döwrebap şahsyýeti kemala getirmegiň meseleleri ........ 142
*Test* ........ 144

Peýdalanylan edebiýatlar ........ 146

Maýagözel Babaýewa, Amangylyç Nyýazgylyjow,
Işanguly Bakyýew

# YKDYSADY PSIHOLOGIÝA

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *M. Berdiýewa* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *G. Orazowa* |
| Neşir üçin jogapkär | *Ç. Şallyýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 27.12.2017. Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$.
Edebi garniturasy. Şertli çap listi 9,5. Şertli reňkli ottiski 21,25.
Hasap-neşir listi 8,74. Çap listi 9,5. Sargyt № 2670. Sany 1500.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G.Gulyýew) köçe, 51/1.